TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

**T.A.Çaryýewa**

# HIL MENEJMENTINIŇ ULGAMLARY

**Hünär:** Standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak

**Aşgabat – 2010**

# Giriş

Hormatly Prezidentimiziň G.M.Berdimuhamedowyň başlan reformalaryny üstünlikli amala aşyrmak üçin ykdysadyýetimizde diňe ýakyn ýyllarda däl, eýsem, has uzak ýyllarda hem nähili meseleleri çözmeli boljakdygyny öňünden kesgitlemelidiris. Mysal üçin, häzirki wagtda ykdysady galkynyş we özgertmeler syýasatynyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin milli strategiýasynyň maksady Türkmenistanyň tebigy serişdelerini rejeli we toplumlaýyn özleşdirmekden, ösen tehnologiýalary ulanmak arkaly senagat taýdan gaýtadan işlemekden hem-de ýurdumyzda öndürilýän, bäsdeşlige ukyply, taýýar önümleri dünýä bazarlaryna amatly nyrhlar bilen çykarmakdan, ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini, sebitleýin ýerleşişini kämilleşdirmekden, edara kärhanalaryň tehniki we tehnologiki taýdan enjamlaşdyrylyşyny döwrebaplaşdyrmakdan, ilatymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny ösen döwletleriň derejesine ýetirmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň hil ulgamyny ýurdumyzyň ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmäge we beýleki ýurtlar bilen işleşmek ugruny ýöretmäge gönükdirilendir.

Dünýä boýunça ylymda we tehnikada gazanylanlary Türkmenistanyň ykdysadyýetinde, ähli pudaklarynda ulanmak biziň esasy wezipämiz.

Türkmen halkynyň Galkynyş eýýamynda ykdysadyýeti ýokarlandyrmak ýurdumyzda öndürilýän önümleriň hilini we bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak bilen baglanyşykly.

Daşary ýurtda önüm satylanda önümçiliginde ISO 9000 halkara standartyna laýyklyga hil ulgamynyň hil güwanamasy bolmaly. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, baş döwlet gullugynyň türkmen standartlary maglumat merkezi kärhanalary bu ugurdan taýýarlap ISO 9000 standartyna laýyklykda, hil ulgamynyň sertifikatyny almaga ýardam berip başlady.

„Türkmenstandartlary“ BDG-nyň standartlar maglumatlar merkezine 2003-nji ýylda TS-ISO-EN 9001:2000 halkara hil menejment ulgamynyň laýyklyk sertifikaty berildi.

Şu günki günde hil-önümi, işleri we hyzmatlary bahalamagyň iň esasy ölçegi. Ol jemgyýetiň her bir adamyň, durmuş derejesini kesgitleýär. Ol ýokary standartyň indikatory ýa-da kamilleşme derejesi ýaly. Önüm öndüriji öz önümiň reklama edip onuň hili barada gürrüň berýär.

Hil bu köp manyly we çalşyrmaly düşünje, ony üpjün etmek bolsa döredijilik potensialyndan başlap ähli hünärmenleriň amaly tejribesine çenli ylmy güýçleriň birleşmegini talap edýär. Hil meselesi diňe zerur bolman, ol döwletde dolandyrylýan guramalaryň, naharhanalaryň ýolbaşçylary, alymlar, konstruktorlar her bir inžener hem-de işçi tarapyndan bilelikde çözülmeli.

Standartlaşdyrmak döwlet tarapyndan döwleti dolandyrmak we önümleriň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin alyjylaryň hukugyny tehniki howpsuzlygyň talaplaryny berjaý edýän önüm öndürijilere olary üpjün etmekde netijeliligine täsir edýän dolandyryjy serişde bolup durýar.

Önümiň hili bu iň wajyp ykdysady kategoriýa bolup, ol girdejilik, düşewüntlilik özüne düşýän gymmaty bähbitlilik ýaly ykdysady görkezijiler bilen bagly önümiň hilini dolandyrmak şu aşakdakylara mümkinçilik berýär.

- harytlaryň we hyzmatlaryň hiliniň has ýokarlanmaklygyna;
- eksport edilýän önümleriň hilini gowulandyrmaga we bäsleşige ukuplylygyny artdyrmaga;
- ylmy-tehniki progresi, innowassion tehnologiýalary tejribeçilikde ornaşdyrmaga.

Hil standartlaşdyrmagyň nazaryýetinde we tejribelikde iň esasy düşünje hasaplanýar. Häzirki döwürde önümiň hili önümçiligiň ösüşini kesgitleýän esasy faktordyr. Ýurdumyzada

standartlaşdyrmak boýunça geçirilýän işler önümiň hilini ýokarlandyrmak hem-de olaryň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak baradaky meselelere degişlidir. Standartlarda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny we ýurdumyzyň hem-de ösen daşary ýurtlaryň tejribesini ulanyp, her bir önüm üçin iň progressiw, döwrebap hil görkezijiler jemlenýär.

Önümleri ýokary hilli öndürmek we hyzmatlary ýokary hilli geçirmek, halkara söwda päsgelçilikleri aýyrmak we önümleriň halkara derejede bäsdeşlik mümkinçiligini üpjün etmek üçin bu işler geljekde hem dowam etdirilmelidir.

Gazanylan görlüp-eşidilmedik ykdysady netijeler, durky täzelenen we köp sanly täze gurlan dünýä derejesindäki senagat kärhanalary güneşli Türkmenistanymyzyň ösen ýurtlaryň hataryna goşulmagy üçin giň ýol açdy.

Dünýä bazarynda ýurdumyzda öndürilýän harytlary amatly ýerlemek üçin kärhana we önümleriň bäsleşigiň düzümini öwrenmeli.

Bu gün kärhanalaryň bäşleşik göreşi – bu olarda bar bolan hili dolandyrmak ulgamynda hereket edýän göreşdir.

## 1. Hil, hili ýokarlandyrmak we dolandyrmak barada düşünjeler

Hil standartlaşdyrmagyň nazaryýetinde we tejribelikde iň esasy düşünje hasaplanýar. Häzirki döwürde önümiň hili önümçiligiň ösüşini kesgitleýän esasy faktordyr. Ýurdumyzdada standartlaşdyrmak boýunça geçirilýän işler önümiň hilini ýokarlandyrmak hem-de olaryň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak baradaky meselelere degişlidir. Standartlarda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny we ýurdumyzyň hem-de ösen daşary ýurtlaryň tejribesini ulanyp, her bir önüm üçin iň progressiw, döwrebap hil görkezijiler jemlenýär.

Standartlarda kesgitlenen talaplar önüm taýýarlaýjylaryň ählisi üçin hökman berjaý edilmeli.

Şeýlelik bilen kanuny güýji bolan döwlet standartyna hil etalonynyň kadalaşdyryjy esasy hökmünde seretmeli. Standartlarda önümiň hiline edilýän talaplara görä, olaryň ygtybarlygyny we uzak möhletliligini artdyrmak bilen döwlet önümiň hilini ylmy taýdan dolandyrýar we kämilleşmegine goltgy berýär.

Hil ulgamyny ornaşdyrmak önümiň özüne düşýän bahasyny öndürüjiliksiz çykdaýjylary azaltmagyň hasabyna, standart önümleriniň we şikesligi azaltmagyň hasabyna üpjün edilýär. Bu bolsa ylym sygymly gymmat durýan önümleri (elektron enjamlary, harby tehnikany, maşyngurluşyk we ş.m) öndürýän pudaklarda görünýär. Sarp edijileriň bazarynda nyrhynyň gymmatlygyna garamazdan, hil ulgamynyň sertifikaty bolan önümlere bolan isleg artýar.

Häzirki döwürde hil ulgamy boýunça ISO standartlarynyň 20-ä golaýy bar. Olar kadalaşdyryjy we guramaçylyk- usulyýet standartlary bolup durýar.

2000-nji ýylda ISO 9001-9003 wersiýaly 1994-nji standartlaryna derek ISO 9001-2000 Halkara standartlary herekete girizildi. Olar prinsipial taýdan täze goşulmalar bilen

tapawutlanýar. Olar bilen bir hatarda ISO 9004-2000 „Menejment hil ulgamy Gowulaşdyrmak boýunça maslahatlaryň“ täze wersiýasy herekete girizildi. Olar ISO 9001-2000 bilen özara baglanyşykly standartlaryny düzýär ISO standartlary şu aşakdaky esasy ýagdaýlardan gelip çykýar.

1. Önümiň hili-bu meýilnama ýumuşlaryny kesgitlemek ýoly bilen dolandyrmak, ýerine ýetiriji mehanizmini gurnamak, meýilnama ýumuşynyň hakyky netijesini deňeşdirmek, laýyk gelmezlik ýüze çykanda hereket edýän mehanizme täsiri bilen dolandyrylýan obýekt;
2. Hili dolandyrmagyň maksady- önümiň hilini şular ýaly derejede döretmek, ol sarp edijileriň islegini kanagatlandyrmaly we kesgitlenen talaplara laýyk gelmeli.
3. Hili dolandyrmak kärhanada umumy hil ulgamynyň aýrylmaz bölegi.
4. Personalyň hili üpjün etmeginde we dolandyrylmagynda gatnaşmak.

ISO standartlary öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

ISO standartlary hil menejmentiniň ýörelgesine daýanýar. Bu prinsipler ISO 9000-9004 olar üpjün etmek bilen baglanyşykly, 2000-nji ýyl wersiýasy menejmentde, ýagny hili dolandyrmak bilen üpjün edilmeli. 1994-nji ýyl wersiýasy „Hil ulgamy“ 2000-nji ýyl wersiýasyna bolsa „Hiliň menejment ulgamy“ diýilýär. Häzirki döwürde bu ulgamyň ISO 9001-2008 täze wersiýasy işlenip düzüldi we ornaşdyrylmaga başlandy

„Hil“ diýip ISO 8402 standart boýunça „kesgitlenen ýa-da göz öňünde tutulýan islegleri kanagatlandyrýan häsiýetleriniň jemine“ aýdylýar, ýagny hil diýip alyjyny kanagatlandyrýan zat. Edilýän islegler haryt satyn alnanda ýa-da hyzmat edilende, şeýle-de sarp ediliş prosesi tamamlananda, harydyň nyrhy hem onuň talaplaryny kanagatlandyrmaly. Ýöne satylmadyk haryt ýokary hilli bolup bilmez.

## 2. Häzirki zaman hil menejment ulgamlary

Biziň ýurdumyz dünýäniň ykdysady ulgamyna has giňden aralaşýar. Dünýä bazaryna çykarmak üçin harytlaryň we kärhanalaryň bäsleşigini meselelerini öwrenmeli.

Şu gün kärhanalaryñ bäsleşmek boýunça göreşi bu olarda hereket edýän hil dolandyryş ulgamlarynyň göreşidir.

Dünýä ylmy we tejribesi her kärhanada ulanylmagy mümkin bolan bu ulgamlaryň umumy ýörelgelerini we usullaryny döretdi.

Käbir konseptual tapawudy bolan hili dolandyryş ulgamlarynyň üç derejesini görkezmek mümkin.

- 9000 (hil) we 14000 (ekologiýa) seriýaly halkara ISO standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän hil menejment ulgamlary;
- TQM hili dolandyrmagyň umumy firma ulgamlary (hil esasynda ähli umumy dolandyrmak)
- Hil boýunça milli ýa-da halkara (döwletara) baýraklaryň ölçeglerine laýyk gelýän ulgamlary (hil menejmentiň häzirki zaman serişdeleri);

ISO 9000 esasynda hiliň bütindünýä etalony döredildi, ol uniwersal bolup, tehniki serdişdeleri, gaýtadan işlenilýän materiallar, programma önümçiligi we hyzmatlar ýaly dört kategoriýa üçin niýetlenýär hem-de ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda ulanylýar.

2000 –nji ýylda kanun edilen standartlaryň ISO 9001 hili üpjün etmäge, ISO 9004 seriýaly bolsa işi gowulandyrmak boýunça maslahatlary öz içine alýar.

TQM (Total Quality Managment) toplumlaýyn ulgam bolup, hemişe kämilleşdirmek önümçiligiň çykdaýjylaryny azaltmak we belli möhletde geçirmek bilen hiliň hemişe gowulandyrylmagyna ugrukdyrylýar. Bu ulgam hiliň dolandyrylýan ulgamlarynyň aýratyn maksatlaryny ulanýar. TQM ulgamynyň esasy aýratynlygy köpçülikleýin gözleg usullarynyň we formalarynyň analiz etmegi we problemalary

çözmegiň, hem-de ähli işgärleriň hili gowulandyrmak meselelerine doly işjeň gatnaşmagy.

## Menejmentiň häzirki zaman usullary

Tablisa № 1

| Hili dolandyrmagyň Usullary | Önümiň durmuş aýlanşygynyň tapgyrlary | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Marketing | Taslamak | Tehnologiýa taýýarlyk | Öndürmek | Satmak | Tehnologiýa taýdan hyzmaty etmek we abatlamak |
| Funksiýalary bölmek (QFD) | + | + | + | + | | + |
| Bökdençleriň sebäpleriniň we netijesiniň analizi (FMEA) | + | | + | + | | + |
| Taguti usuly | + | + | + | + | | |
| Analiziň toparlaýyn usuly we meseleleri çözmek | + | + | + | + | + | + |
| Ýapon ykdysadyýetiniň ýedi serişdesi | + | + | + | + | + | |
| Tehnologiýa proseslerini statistiki taýdan dolandyrmak | | | | + | | |
| Statistiki gözegçilik | | | + | + | + | |
| Statistiki analiz | + | + | + | + | | |
| Hili dolandyrmagyň täze usullary | + | | + | + | | |

Dünýäde köp ýurtlarda kärhanalarda has netijeli hil ulgamy döretmek maksady bilen hil boýunça baýraklar giňden ulanylýar. Meselem, Ýaponiýada Deming baýragy, ABŞ-da Malkoln Boldrij baýragy, Ýewropa ýurtlarynda Ýewropa baýraklary, Russiýada Russiýa Federasiýasynyñ hil boýunça hökümet baýraklary we önümiň durmuş aýlanşygynyň tapgyrlarynda hili dolandyrmagyň tapgyrlaryny ulanmagyň mysaly görkezilýär.

Önümiň hilini dolandyrmak diýip önümi döretmek, taýýarlamak öndürmek we sarp etmek bilen baglanyşykly bolup, onuň hilini kesgitlemegi üpjün etmek we ony gerekli derejede saklamak boýunça edilýän hereketlere aýdylýar.

Önümiň hilini ýokarlandyrmak prosesleri önümi döretmekden başlap tä onuň niýetlenişi boýunça ulanylmagy tamamlanýança aralykdaky döwri öz içine alýar. Önümi işläp düzmek, öndürmek we sarp etmek prosesleriň resminamalaryny önümiň hilini dolandyrmagyň maksatnamasy hökmünde seredip bolýar.

Dünýä belli firmalar öz bäsdeşlik syýasatyny „hiliň toplumlaýyn ulgamyna esaslanan industriallaşdyrmak“ bilen düzýärler. Firmanyň önümçilik kriteriýasy önümçiligiň göwrüminiň köpelmegi däl-de, eýsem ýokary hilli önümiň çykarylmagyny artdyrmak bolup durýar. Önümiň hili onuň tapgyrlarynyň kriteriýasy bolup durýar. G Taguti häzirki zaman hili üpjün edýän usullaryň şu düzgünlerini kadalaşdyrdy:

- Hili pes önümiň köpçülige ýetirýän çykdaýjylaryny yzygiderli bahalamaly. Şonda hökmany suratda taýýar önümiň çykdajylary (zelel, ýetirmek awariýalary bolmagy, funksiýalaryny ýerine ýetirip bilmezligi sarp edijiniň talaplaryna laýyk gelmezligi) we pes hilli önümiň önümçilik progresindäki çykdaýjylary (önümçilikdäki wagt çykdaýjysy, energiýa, güýç, käbir önümleriň zäherliligi);
- Önümi çykarýan firma bäsleşige ukyply bolar ýaly onuň hilini ýokarlandyryp, özüne düşýän bahasyny peseltmeli. Sargyt edijiniň talaplary hemişe artýar;
- Talaplara gözegçilik edilmeýänligi sebäpli, sargyt edijiniň çekýän çykdajylary hil görkezijisiniň kemçilikleriniň ululyklarynyň kwadratyna proporsionallygy;
- Taýýar önümiň hili we özüne düşýän gymmatlylygy esasanam tehnologiýasynyň taslanylanylanda taslamanyň hili bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin önümçilik meýilleşdirilende, ol taýýar hiline gönükdirmeli.

Standartlaşdyrmak boýunça ISO halkara guramasy önümiň hiline hödürlenen ýa-da dikeldilen islegleri üpjün edýän häsiýetnamalary we häsiýetlerini ödemek ukyby diýip düşündirilýär. Eger-de şol islegler jemgyýetçilik ýa-da indiwidual bolýan bolsa önümiň hilini dolandyrmakda hem şolara bolan ýollary saýlap almaly. Her bir firmada ulgamlaýyn

hil menejmenti ornaşdyrylanda „hile“ nähili kriteriýalar esaslanýar diýen sorag ýüze çykýar. Belli professor D.Garwin hili üpjün edýän bäş sany kriteriýasyny kesgitleýär:

- Standartlaryň talaplaryna laýyklygy;
- Iň gowy haryt-analoglaryň tehniki görkezijilerine laýyklygy;
- Önümçiligiň ähli proseslerine bolýan gözegçiligiň takyklyk derejesi;
- Hiliň alyjylaryň talaplaryna laýyk gelmegi;
- Hiliň tölege ukyply talaba laýyk gelmegi.

Şu kriteriýalaryň hiçisi bozulmaly däl, olaryň ählisi jemlenip hil derejesiniň saklanmagyny üpjin edýär. Hili üpjin etmek onuň taslanmagynda, hil barlagynda, hili dolandyrmakda we hili üpjin etmek ulgamynda ýaýraýar.Öndürilýän önümleriň tehniki derejesini we hilini geçişe ýokarlandyrmak önümçiligiň effektiwligini ösdürmegiň esasy çeşmesi bolup durýar. Ylmy-tehniki progresi ösdürmegiň häzirki zaman derejesi önümleriň we onuň aýratyn elementleriniň hiline we tehniki derejesine edýän talaplary köp derejede berkleşdirýär. Şu günki günde hil – önümi, işleri we hyzmatlary bahalamagyň iň esasy ölçegi. Ol jemgyýetiň her bir adamyň durmuş derejesini kesgitleýär. Ol ýokary standartyň indikatory ýa-da kämilleşme derejesi ýaly. Önüm öndüriji öz önümini reklama edip, onuň hili barada gürrüň berýär.

Hil – bu köp manyly we çylşyrymly düşünje, ony üpjün etmek bolsa döredijilik potensialyndan başlap ähli hünärmenleriň amaly tejribesine çenli ylmy güýçleriniň birleşmegini talap edýär. Hil meselesi diňe zerur bolman, ol döwletde dolandyrma guramalarynyň, kärhanalaryň ýolbaşçylary, alymlar, konstruktorlar, her bir inžener, içki tarapyndan bilelikde çözülmeli.

Standarlaşdyrmak döwlet tarapyndan döwleti dolandyrmak we önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin alyjylaryň hukugyny, tehniki

howpsyzlygyň talaplaryny berjaý edýän önüm öndürijilere olary üpjün etmekde effektine täsir edýän ryçag hökmünde dolandyryjy serişde bolup durýar.

Önümiň hili – bu iň wajyp ykdysady kategoriýa bolup, ol girdeji, düşewünlilik, özüne düşýän gymmatly effektiwlik ýaly ykdysady görkezijiler bilen bagly.

Önümiň hilini dolandyrmak şu aşakdakylara mümkinçilik berýär:

- harytlaryň we hyzmatlaryň hilini has ýokarlandyrmak;
- eksport edilýän önümleriň hilini gowulandyrmak we bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak;
- ylmy-tehniki progresi tejribelikde amala aşyrmak we başgalar.

## 3. Hil ulgamynyň kadalaşdyrylyşy

Hil ulgamy standartlaşdyrmak işleri geçirilende iň esasy mesele bolup durýar. Häzirki döwürde önümiň hili önümçiligiň ösüşini kesgitleýän zerur faktor hasaplanýar.

Ýurdumyzda standartlaşdyrmak boýunça edilýän ähli işler önümiň hilini ýokarylandyrmak we bäsleşige ukyplylyk meseleleri bilen baglanyşykly.

Standartlarda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlary girizilýär hem-de ýurdumyzdaky we daşary ýurtlarynyň tejribeleri ulanylyp, her bir önüm üçin iň progressiw hil görkezijileri standartlarda jemlenýär.

Standartlarda kesgitlenen önümleriň hiline edilýän talaplar, bu önümi taýýarlaýanlaryň hemmesi üçin hökmandyr.

Şeýlelik bilen kanuny güýji bilen döwlet standartlaryny hil etalonynyň kadalaşdyryjy esasy hökmünde seretmek münkin. Standartlarda önümiň hiline edilýän talaplary, ygtybarlylygy we dowamlylygyny üpjün etmek bilen önümiň hili ylmy taýdan dolandyrylýar.

Standartlaşdyrmak döwlet tarapyndan döwleti dolandyrmak we önümleriň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak üçin alyjylaryň hukugyny tehniki howpsuzlygyň talaplaryny berjaý edýän önüm öndürijilere olary üpjün etmekde effektiw täsir edýän ryçag hökmünde dolandyryjy serişde hökmünde ulanylýar.

## 3.1.Hil ulgamy, onuň gurluşy we ähmiýeti

Önümiň hili – bu örän göwrümli düşünje. Oňa düşünmek üçin birnäçe terminlere kesgitleme bermeli. Ilki bilen ″önüm″ adalgasynyň mazmunyny anyklamaly. Hojalyk işiniň möhüm netijesi boýunça hasap edilýän we kesgitli zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin niýetlenen material gymmatlyklaryň ähli görnüşlerine önüm diýilýär. Önüm düşünjesini umumylaşdyrmak bolýar we belli bir ýerde, kesgitli wagtyň içinde önümi we azyp önümlerini öz içine alýar. Mysal üçin: gije gündizde aýda ýa – da ýylda taýýarlanan ministrlikleriň,

kärhananyň, sehiň önümi barada aýtsa bolar. Şeýle – de belli bir operasiýany ýerine ýetirmek üçin niýetlenen dürli kuwwatdaky dwigatelleriň toplumy öňüm bolup biler.

Şu günki günde hil – önümi, işleri we hyzmatlary bahalamagyň iň esasy ölçegi. Ol jemgyýetiň her bir adamyň durmuş derejesini kesgitleýär. Ol ýokary standartyň indikatory ýa-da kämilleşme derejesi ýaly. Önüm öndüriji öz önümini reklama edip, onuň hili barada gürrüň berýär.

Hil – bu köp manyly we çylşyrymly düşünje, ony üpjün etmek bolsa döredijilik potensialyndan başlap ähli hünärmenleriň amaly tejribesine çenli ylmy güýçleriniň birleşmegini talap edýär. Hil meselesi diňe zerur bolman, ol döwletde dolandyrma guramalarynyň, kärhanalaryň ýolbaşçylary, alymlar, konstruktorlar, her bir inžener, işçi tarapyndan bilelikde çözülmeli.

Önümiň hili – bu iň wajyp ykdysady kategoriýa bolup, ol girdeji, düşewünlilik, özüne düşýän gymmatly, effektiwlik ýaly ykdysady görkezijiler bilen bagly.

Önümiň ygtybarlylygyny, onuň sanaw häsiýetini kesgitlemekdir. Önümiň ygtybarlylygy esasan önümi ulanylan wagtda ýüze çykýar.Senagat önümiň tygtybarlygy birnäçe görkezileriň üsti bilen ýüze çykýar. Bu görkezijilere bökdençsizlik, uzak möhletlilik , bejergä ýaramlylyk, işe ukyplygyny, saklanyş çägi, gulluk möhleti, önümiň resursy we başgalar.

Önümiň ygtybarlylygy çylşyrymly häsiýetdir. Ol obýektiň niýetlenmegine, ulanylyş şertlerine bagly, ygtybarlylygyň sanaw kegitlenmegi üçin ýörite synag enjamlary ulanylýar, sebäbi bu synaglaryň netijesinde önümleriň berkligi, çydamlylygy barlanýar we ölçenilýär.

Halk hojalygynyň pudaklarynda önümiň hil ulgamy önümçiligiň aýratynlyklary bilen baglanşyklydyr, ýagny önümiň häsiýeti, önümçiligiň görnüşi we masştaby, işgärleriň toparlara bölünişi, barlag usullary. Bu ulgamyň birnäçesine garalyň. Türkmenbaşynyň Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar

toplumynda öndürilýän koks önümi kemçiliksiz taýýarlanylýar. Önümi kemçiliksiz taýýarlamagyň esasy düzgünleri: tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyklykda önüm taýýarlanylýar we önümiň hiline işleriň doly jogapkärçiligi bolýar, kärhananyň ýolbaşçysynyň sehleriň we gulluklaryň başlyklary we masterlar bilen gatnaşyp önümiň hil ýagdaýynagaralýan hil günleri geçirilýär.

Önümiň kemçiliksiz taýýarlanylyşynyň guramaçylykly esasynda düzülýär: önümçilik personallaryň her günki terbiýelenilişi, ýerine ýetirilýän işleriň hiline ýokary jogapkärçiligi; önümiň hilini barlamak; hilsiz önümleriň öndürilişine ýerine ýetirijileriň jogapkärçilikli prinsipleri.

Önümiň kemçiliksiz taýýarlanylyşyny üpjün etmek üçin moral we maddy höwesleriň dörediş çärelerine garalýar, işgärler üçin ilkinji görkezmede tabşyrylýan önümiň udel agramyna baglylykda sylaglamak ulgamy.

Mysal üçin:

| Ilkinji görkezmede tabşyrylýan önümiň udel agramy, % | Tarif zähmet hakyna ýa-da edilen işe görä sylaglaryň möçberi, % |
|---|---|
| 70-80 | 10 |
| 80,1-90 | 16 |
| 90,1-100 | 30 |

Önümiň kemçiliksiz taýýarlanylyşynyň indiki ösüşi kemçiliksiz zähmet ulgamydyr, bu diňe bir önümiň hiline üns bermän eýsem zähmetiň hiline baha berilýär.

Önümiň hiline bolan dolandyryjylykly täsiri kärhananyň standartynyň görnüşinde amala aşyrylýar. Önüm, materiallar, tehologiki prosesler, şertli belgilenmeler, terminologiýa, anyklaýyş usullary we barlaglar, önümçilik – guramaçylykly sfera we ş.m. bularyň ählisi kärhananyň standartlaryna laýyk gelýän hil we mukdar taýdan häsiýetlendirilen bolmaly.

Kärhananyň standarty TDS ulgamy we içerki-önümçilik, ylmy-tehniki, administratiw-hojalyk bilen özara baglanşyklydyrlar.

Taslama tapgyrynda önümiň hili taslamanyň hili boýunça , önümçilik tapgyrynda-materiallaryň, çig malyň, ýarym tayyar onumleriň, detallaryň, duzum bolekleriniň hili boýunça, şeýle hem tehnologiki prosesler, resminamalar, barlag usullary we serişdeleri boýunça kesgitlenilýär. Önümçilik proseslerinde bolsa önümiň özi bilen kesgitlenilýär. Peýdalanyş tapgyrynda hil önümçiligi, ygtybarlylygy, berkligi we beýleki häsiýetlerine bolan jemgyýetçilik talaplaryny kanagatlandyrmak ukyby bilen kesgitlenilýär. Synaglaryň onlarça görnüşleri bardyr, olaryň içinde esaslary indikiler: kabul ediş, ýagny önümiň berlen görnüşine (toparyna) degişli bolan, güýji bar standartlaryna, ýa-da bir tipli meýilnamalaryna we synag metodlaryna laýyklykda nusgalarda (birinji sapar göýberilen toparlarda) ýa-da aýratyn bir önümlerde geçirilýär; kwalifikasion, önümçiligiň seriýalaýyn önümçilige taýynlygyny tassyklamak üçin gollanma beriji seriýada (birinji senagat topary) nusgalarda geçirilýär, gaýtalanýan barlag synaglar, önümiň hiliniň durnuklylygyny barlamak we onuň göýberilişiniň dowamlylygynyň mümkinçiligi baradaky çözgütleri kabul etmek maksady bilen ýola goýlan önümçilik prosesinde geçirilýär; bir tipli barlag, konstruksiýalarda, taýýarlaýyş usulynda ýa-da tehnologik proseslerinde üýtgetme görkezilende geçirilýär; sertifikatlaşdyryş önümiň häsiýetnamasynyň milli we halkara kada-tehniki resminamalara laýyk gelýändigini bellemek bilen geçirilýär.

Islendik synagyň wajyp meselesi – olaryň netijeleriniň esasynda, synagdan geçirilen önümleriň kada-tehniki resminamalrynyň talaplaryna laýyk gelmegi barad belli bir karara gelmek.

Synag serişdesi – bu synagy geçirmek üçin tehniki gurluş, madda we material. Synag serişdelerine: synaýjy enjamlary – synag şertini döredýän serişde (täsir edýän

faktorlaryň toplumy): synaýjy enjamlarda oturdylan ölçeg serişdesi, şeýle-de obýektiň şol ýa-da başga bir häsiýetnamasyny ölçemek üçin synaglarda ulanylýan ölçeg serişdeleri: kömekçi tehniki gurluşlar (synag obýektlerini berkitmek, netijelerini resmileşdirmek we işläp çykarmak üçin): esasy we kömekçi maddalar we materiallar degişli.

Synag geçirilende ulanylýan ölçeg serişdeleri deňeşdirlen ýa-da atestatlaşdyrlan bolmaly. Bu synaýjy enjamlardaky, synag edilýän taýýar önüme kadalaşdyrylan täsir berýän ölçeg serişdelerine hem degişlidir. Synag enjamlary (standartlaşdyrylan hem standartlaşdyrylmadyk) attestatlaşdyrylan bolmaly.

Önüm işlenip taýýarlananda konstruktor we tehnologiki resminamalaryň metodologiki ekspertizasy geçirilýär-ýagny önümiň işleniş, taýýarlanyş, synagdan geçiriliş we ulanyş proseslerini metodlar we ölçeg seişdeleri bilen üpjün etmek, ölçemekligiň takyklygynyň kadasyny kesgitlemek we ölçemeklige degişli parametrleri saýlamak boýunça, tehniki çözgütlerini analizlemek we bahalatmak.

Ekspert barlagyny döwlet metrologiýa gullugynyň edaralary ölçeg serişdeleriň ulanylyşynyň dogrulygy, ölçeg serişdeleriniň ulanmaga ýaramlylygy, ölçeg serişdeleriniň abatlygy boýunça jedelli meseleler ýüze çykanda kärhananyň ýazmaça arzasy Türkmenistanyň Arzaçy kazyyetiniň we beýleki kazyyetleriň, polisiýanyň, prokuraturanyň ýazmaça talaby boýunça geçirilýär. Arzada ekspert barlagynyň zerurlygyny döredýän predmet, ekspert barlagynyň maksady we sebäbi görkezilmelidir.

Ölçeg serişdeleriň ekspert barlagy amala aşyrylanda zerur bolan ýagdaýlarda arzaçylar şeýle-de gyzyklanýan taraplaryň wekilleri gatnaşyp biler.

Ekspert barlagynyň netijeleri boýunça netijenama düzülýär, ol döwlet metrologik gullugynyň edaralarynyň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanylýa we arzaça ugradylýar.

Jemlemenamalarynyň bir nusgasy ekspert barlagyny geçiren döwlet metrologik gullugynyň edaralarynda saklanylýar.

## 3.2. Hil ulgamynyň Halkara ISO standartlary

ISO – 9000 – bölekleýin standartlaryň umumy hili üpjün etmek sistemasy üçin model döredýär we gollanma bolup hyzmat edýär. Bölek sertifikasiýa üçin ISO 9001, 9002, 9003 standartlary hasap edilýar. Galanlary maglumat beriji we umumy halkara ISO anyklamak boýunça alyp baryjy dokument hasap edilýär. ISO – 9000 şu aşakdaky standartlardan düzülen:

ISO – 9000 Hili dolandyrmak sistemasynyň umumy gollanmasy baradaky standartlar, saýlamak we ulanmak boýunça görkeziji gollanmalar.

ISO – 9001 Hil sistemasy. Taslananda önümçiligi işläp düzmekde montaž we hyzmat edilende hili üpjün edýän model.

ISO – 9002 Hil sistemasy. Önümçilikde, montaž we hyzmat edilende hili
üpjün edýän model

ISO – 9003 Gutarnykly gözegçilikde we synag geçirilende hili üpjün edýän
model.

ISO – 9004 Hili umumy ýolbaşçylyk we hil sistemasynyň elementleri.

Hyzmat etmek boýunça gönükdiriji kanunlary

ISO – 9005 Hili dolandyrmak we üpjün etmek boýunça sözlük.

ISO – 10011 – 1 Hil sistemasyny barlamagyň gönükdüriji gollanmalary

ISO – 10011 – 2 Hil sistemasyny geçirmek boýunça gönük gollanmalar. Ekspert auditorlar üçin kwalifikasion kriteriýalar.

ISO – 10011 – 3 Hil sistemasyny barlamak boýunça gönükd. gollanmalar.

ISO 9000 we 14000 seriýaly sertifikatlaryna zerurlyk.

Belli bolşy ýaly, oňdebaryjy günbatar döwletleri Ýewropa bileleşigini birleşýärler. Ilkinji nobatda olar, şonundan bolsa Amerika we Aziýa sebitleriniň döwletleri hem, soňky wagtda ISO – nyň ideýalaryny täze hil derejelerine çykarýarlar.

Bu bolsa köp ýurtlaryň sarp edijileriniň ünsi ilkinji nobatda ISO 9000 we 14000 ulgamlarynyň sertifikatlaryna we hyzmatlaryna berilýändigini kesgitleýär. Şular ýaly däp gün – günden güýçlenýär. ISO – nyň görkezilen seriýalarynyň sertifikatlary bolmadyk önüm, ýokary hilli bolsa hem, has ösem döwletleriň serhedine geçip bilmejekdigi daşda däl.

ISO 9000 we 14000 sertifikatyny almagyň artykmaçlygy:

Hil we ekologiýa ulgamynyň ady agzalan modelleri:

- has netijeli we has öndürijilikli hiliň ekologik ulgamyny döretmek üin ulanylýar;
- hil ulgamynyň halkara ykrar edilen modelleri bolýar
- önümiň önümçiligi ýa – da hyzmatlan üçin ulanylýan hil ulgamynyň modelleri, müşderini hemişe kanagatlandyrýan, wagtynda we ilkinji gezekden;
- marketingiň netijeli serişdesi bolup durýar we müşderiniň arzuw islegi bolup biler;
- satyjy saýlananda ölçüt hökmünde ulanylyp bilner.

## Hili üpjün etmegiň modellerini işläp düzmegiň standartlary

Hili üpjün etmegiň maksatlary üçin ulanylmagy mümkin bolan hil ulgamynda ISO 9000 seriýaly üç döwlet standartlary bar. Aşakda görkezilen standartlarda bellenilen hili üpjün etmegiň modelleri üpjün edijiniň öz mümkinçiliklerini görkezmek we şol mümkinçiliklere daşarky taraplar tarapyndan baha bermek üçin ýaramly hil ulgamyna talaplaryň üç aýdyň tapawutlanýan görnüşleridirler:

- TDS ИСО 9001-98 Hil ulgamlary. Taslananda, işläp düzülende, öndürlende, montažda we hyzmat edilende hiliň üpjün edilişiniň modeli;
- TDS ИСО 9002-98 Hil ulgamlary. Öndürlende, montažda we hyzmat edilende hiliň üpjün edilişiniň modeli;
- TDS ИСО 9003-98 Hil ulgamlary. Taýýar önümiň barlagynda we jemleýji synaglarda hiliň üpjün edilişiniň modeli.

Standartlar hil ulgamyna girizilmeli talaplary kesgitleýji elementleri belleýärler, ýöne bu standartlar hiliň birmeňzeş ulgamlaryny girizmegi maksat edip goýmaýarlar. Olar umumy häsiýete eýe bolýarlar we senagatyň anyk pudagyna ýa-da ykdysadyýetiň sektoryna bagly bolmaýarlar. Hil ulgamynyň gurluşyna we işlerine dürli edaralaryň mahsus islegleri, olaryň anyk maksatlary, üpjün edilýän önümler we hyzmatlar, ulanylýan prosessler we usullar täsir edýärler.

Şu döwlet standartlary häzirki görnüşinde ulanylanda hil ulgamyna anyk şertnama şertleri tarapyndan ýüze çykarylan kesgitlenen talaplaryň doldurylmagynyň ýa-da gysgaldylmagynyň zerurlygy ýüze çykyp biler. Şeýle üýtgetmeleri girizmek we hili üpjün etmek üçin degişli modeli saýlap almak boýunça görkezmeler ИСО 9000-1 standartda getirilendir.

## 3.3.Hil ulgamynyň standartlary

Hil ulgamyny ornaşdyrmak önümiň özüne düşýän bahasyny öndürijiliksiz çykdajylary azaltmagyň hasabyna, standart önümleriniň we şikesliligi azaltmagyň hasabyna üpjün edilýär. Bu bolsa ylymsygymly gymmat durýan önümleri (elektron enjamlary, harby tehnikany, maşyngurluşyk we ş.m.) öndürýän pudaklarda görünýär. Sarp edijileriň bazarynda nyrhynyň gymmatlylygyna garamazdan hil ulgamynyň sertifikaty bolan önümlere bolan isleg artýar.

Häzirki döwürde ISO standartlarynyň 20 golaýy bar. Olar kadalaşdyryjy we guramaçylyk-usulyýet standartlarydyr.

2000-nji ýylda ISO 9001-9003 seriýaly 1994-nji ýylyň standartlaryna derek ISO 9001-2000 halkara standartlary herekete girizildi. Olar prinsipial taýdan täze goşulmalar bilen tapawutlanýar. Olar bilen bir hatarda ISO 9004-2000 „Hil menejment ulgamy. Işleri gowulaşdyrmak boýunça maslahatlaryň“ täze seriýasy herekete girizildi. Olar ISO 9001-2000 bilen özara baglanyşykly standartlaryny düzýär. ISO standartlary öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

ISO standartlary şu aşakdaky esasy ýagdaýlardan gelip çykýar:

**1.** önümiň hili – bu meýilnama ýumuşlaryny kesgitlemek ýoly bilen dolandyrmak, ýerine ýetiriji mehanizmi gurnamak, meýilnama ýumuşynyň hakyky netijesini deňeşdirmek, laýyk gelmezlik ýüze çykanda hereket edýän mehanizme täsiri bilen dolandyrylýan obýekt;

**2.** hili dolandyrmagyň maksady – önümiň hilini şular ýaly derejede döretmek, ol sarp edijileriň islegini kanagatlandyrmaly we kesgitlenen talaplara laýyk gelmegi;

**3.** hili dolandyrmak – kärhanada umumy hil ulgamynyň aýrylmaz bölegi;

**4.** personalyň hili üpjün etmeginde we dolandyrylmagynda gatnaşmak.

## 3.4. TDS ISO 9000-2002 we rsiýaly halkara standarty

Hil menejmentiniň ulgamyny döretmek üçin guramanyň ýokary ýolbaşçysynyň strategiki çözgüdi talap edilýär. Guramanyň hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmäge we ornaşdyrmaga üýtgeýän islegler, anyk maksatlar, goýberilýän önüm, ulanylýan prosesler, guramanyň möçberi we gurluşy täsir edýärler. TDS ISO 9004-2002 standart hil menejmentiniň sekiz ýörelgelerine esaslanýar. Ýöne ol hil menejmentiniň

ulgamynyň gurluşynda birmeňzeşligi resminamalaryň birmeňzeşligini göz öňünde tutmaýar.

Guramanyň maksatlary:

-öz sarp edijileriniň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň (guramanyň işgärleriniň, üpjün edijileriň, eýeleriň, jemgyýetiň) isleglerini we tamalaryny kesgtitlemek we kanagatlandyrmak, bäsleşikde artykmaçlyklary üpjün etmek we ony netijeli we täsirli amala aşyrmak;

-bütewilikde guramanyň netijeliligini we mümkinçiliklerini gazanmak, saklamak we ýokarlandyrmak.

Hil menejmentiniň ýörelgelerini ulanmak diňe gös-göni peýdalary üpjün etmän, eýsem çykdajylaryň we töwekgelçilikleriň menejmentine hem möhüm goşant goşýar. Peýdalar, çykdajylaryň we töwekgelçilikleriň menejmenti bilen baglanyşykly pikirler gurama, onuň sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan tarapalr üçin möhümdir. Guramanyň umumy netijeliligine degişli bu maslahatlar:

- sarp edijileriň ygrarlygyna:
- gaýtadan iş gatnaşyklaryna we ýüzlenmelere;
- işiň bazardaky girdeji we paý ýaly netijelerine;
- bazaryň mümkinçiligine çeýe we tiz täsirine;
- serişdeleri netijeli we täsirli peýdalanmak arkaly çykdajylara we döwürleriň sanyna;
- prosesleriň toplumynyň guralmagyna onuň kömegi bilen işlenýän netijeleri iň oňat ýol bilen gazanylýarlar;
- guramamnyň mümkinçiliklerini gowulandyrmagyň hasabyna bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň alynmagyna;
- işgärleriň guramanyň maksatlary we wezipeleri babatda düşünmegine we esaslandyrylmagyna, şeýle hem hemişe gowulandyrmaga gatnaşmagyna;
- gyzyklanýan taraplaryň guramanyň netijeliligine we täsirliligine guramanyň işiniň netijesinde maliýe we durmuşy peýdalar, şeýle hem abraýyna ynamlylygyna;
- çykdajylary we serişdeleri optimallaşdyrmak arkaly, şeýle hem bazaryň üýtgemelerine bilelikdäki täsiriň

çeýeliginiň we tizliginiň hasabyna hem gurama üçin, şeýle hem onuň üpjün edijiler üçin gymmaty döretmek ukyplylygyna täsir edip biler.

Hil menejmentiniň ulgamy işlenip düzelende ornaşdyrylanda netijeliligi we täsrliligi gowulandyrylanda gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlylygyny oalryň talaplaryny ýerine ýetirmek arkaly ýokarlandyrmak üçin “prosesleýin çemeleşmegiň” ulanylmagyna ugrukdyrylanýar.

Netijeli we täsirli hereket etmek üçin gurama işiň köpsanly we özara baglanyşykly görnüşleriniň menejmentini kesgitlemeli we amala aşyrlydyr. Serişdeleri peýdalanýan we girişleri çykyşlara özgertmek maksady bilen dolandyrylýar we girişleri  çykyşlara özgertmek maksady bilen dolandyrylýan iş proses hökmünde seredilip bilner. Köplenç bir prosesiň çykyşy indikiniň göş-göni girişini emele getirýär.

Guramada prosesleriň ulgamynyň olaryň barabarlaşdyrylmagy we özara baglanyşykly bilelikde ulanylmagy, şeýle hem prosesleriň menejmenti “prosesleýin çemeleşmek” hasap edilip bilner.

Prosesleýin çemeleşmegiň artykmaçlygy olaryň ulgamynyň çäklerinde aýratyn prosesleriň birikmesinde, şeýle hem olaryň birleşmesinde we özara täsirinde üpjün edilýän dolandyrmagyň üznüksizliginden ybaratdyr.

Hil menejmentiniň ulgamynda şeýle çemeleşmek:

a) talaplaryň düşünilmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň;

b) prosese goşmaça gymmat nukdaýnazaryndan seredilmeginiň zerurlygynyň:

c) prosesleriň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň gazanylmagynyň we olaryň netijeliliginiň:

d) prosesleriň obýektiw ölçemelere esaslanan hemişe gowulandyrylmagynyň möhümdigini belleýär.

Prosesleýin çemeleşmäge esaslanan hil menejmentiniň ulgamynyň 1-nji suratda getirilen nusgasy 4-8 bölümlerde berlen prosesleriň arasyndaky baglanyşygy görkezýär.

TDS ISO 9001 we TDS ISO 9004 hil menejmentiniň ulgamlaryna ylalaşylan jübüt standartlar hökmünde biri-birini doldurmak üçin işlenip düzülendir, ýöne olary garaşsyz hem ulanmak bolýar. Standartlaryň dürli ulanmak ugrunyň barlygyna garamazdan olaryň ylalaşylan jübüt hökmünde peýdalanmak üçin şertleri döretmek üçin meňzeş gurluşy bardyr.

TDS ISO 9001 hil menejmentiniň ulgamyna guramalar tarapyndan içerki ulanmak, sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnama baglaşmak maksatlary üçin peýdalanylyp bilinjek talaplary belleýär. Ol sarp edijileriň talaplary ýerine ýetirilende hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine ugrukdyrylandyr.

TDS ISO 9004 –hil menejmentiniň ulgamynyň maksatlarynyň has giň spektri boýunça, aýratyn hem guramanyň işini şeýle hem onuň täsirliligini we netijeliligini hemişe gowulandyrmak boýunça maslahatlary öz içine alýar. TDS ISO 9004 ýokary ýolbaşçysy işi hemişe gowulandyrmak maksada eýerip. TDS ISO 9001 talaplarynyň çäklerinden çykmak işleýän guramalar üçin maslahat berilýär. Emma ol sertifikatlaşdyrmak ýa-da ylalaşyklary baglaşmak üçin niýetlenen däldir.




Şertli belgiler:
→ Gymmat goşýan iş
⇢ Maglumatyň akymy

Bellik – Tegelek ýaýlarda berlen görkezmeler TDS HCO 9001 babatda ulanarlyk däldirler.

1-nji surat – Hil menejmentiniň ulgamynyň proseslеýin çemeleşmäge esaslanan nusgasy

Bu nusga gyzyklanýan taraplaryň giriş maglumatlary kesgitlenende uly rol oýnaýandygyny görkezýär. Gyzyklanýan taraplaryň kanagatlanarlygynyň monitoring gyzyklanýan taraplar tarapyndan olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmeginiň düşünilmegi hakynda maglumata baha berilmegini talap edýär. 1-nji suratda getirilen nusga prosesleri jikme-jikleşdirmeýär.

## 3.5.TDS ISO 9001-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary

Gurama hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligini hil ugurda syýasaty we maksatlary paýdalanmak, auditleriň netijeleri, maglumatlary derňemek, düzediji we duýduryjy hereketler, şeýle hem ýolbaşçy tarapyndan derňemek arkaly hemişe ýokarlandyrmalydyr.

Ýokary ýolbaşçy düzedişleri gowulandyrmak serişdesi hökmünde peýdalanmagy üpjün etmelidir. Düzediji hereketleri meýilnamalaşdyrmak meseleleriň möhümdigine baha bermegi öz içine alýar, ulanyş harajatlary, laýyk dälligiň gymmaty, önümiň häsiýetnamalary, ygtybarlylyk, howpsuzlyk, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy ýaly aspektlere potensial täsir etmek arkaly aňladylýar. Düzediji hereketleri ýerine ýetirmek prosesinde degişli gulluklaryň işgärleri gatnaşýarlar. Hereketler kabul şeýle hem prosesleriň netijeliligine we täsirliligine üns bermek işlenýän maksatlary gazanmagy üpjün etmek üçin hereketleriň özüni monitoringe sezewar etmek gerek. Düzediji hereketlere ýolbaşçy tarapyndan derňewe girizmek üçin seretmeli.

Düzediji hereketleri geçirmek hakynda çözgüt kabul edilenden soň gurama maglumatyň çeşmelerini kesgitlemek we düzediji hereketleri kesgitlemek üçin maglumaty toplamak gerek. Kesgitli düzediji hereketleri meseläniň täzeden ýüze çykmagyň öňüni almak üçin laýyk dällikleriň sebäplerini aradan aýyrmak üçin ugrukdyrmaly.

Düzediji hereketlere seretmek üçin maglumatyň çeşmeleriniň mysallary:

-sarp edijileriň şikaýatlary;
-laýyk dällikler hakynda hasabatlar;
-içerki auditler hakynda hasabatlar;

-ýolbaşçy tarapyndan derňewiň çykyş maglumatlary;

-maglumatyň derňewiniň çykyş maglumaty;

-kanagatlananlygy ölçemeleriň çykyş maglumatlary;

-hil menejmentiniň ulgamy hakynda degişli ýazgylar;

-guramanyň işgärleri;

-prosesleriň ölçemeleri;

-öz-özüňe baha bermegiň netijeleri.

Laýyk dällikleriň sebäplerini kesgitlemegiň aýratyn adam ýa-da düzediji hereketleri işläp düzmek üçin bellenen topar tarapyndan geçirilýän derňewi goşmak bilen, köp usullary bar. Gurama düzediji hereketler maýalaşdyrylanda , seredilýän meseläniň mümkin netijelerine esaslanyp, artykmaçlyklary kesgitlemeli.

Hereketlerde zerurlyga baha berlende laýyk dällikleriň gaýtalanmagyny aradan aýyrmak maksady bilen gurama düzediji hereketleriň taslamalaryna girizilen işgärleriň taýýarlygyny geçirmegi göz öňünde tutmalydyr.

Gurama ilkinji sebäpleriň derňewini eger ol maksada laýyk bolsa, düzediji hereketleriň prosesine girizýär. Ilkinji sebäpleriň derňewiniň netijelerini düzediji hereketleri kesgitlemekden we inisirlemekden öň synag etmek bilen barlamaly.

## 4. Hil menejment ulgamlary

### Hil menejment ulgamynyň esasy düşünjesi

ISO 9000 seriýaly standartlar önümi öndürýän ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhanalaryň hil ulgamyna degişli. Olaryň döreýşiniň taryhy örän gyzykly.

Standartlar ISO 176 tehniki komitet tarapyndan ilkinji gezek çykarylan we täzelenmegini dowam edýärler. Komitetiň özi ISO-nyň agzasy şol döwürde hili dolandyrmak boýunça milli resminamalaryň taslamasyny öz içine alan Britan standartlar instituty tarapyndan teklip edilmegi netijesinde 1979-njy ýylda döredildi.

ISO 9000 seriýaly ilkinji standartlar 1987-nji ýylda çap edildi we şondan bäri ençeme gezek gaýtadan seredilýär. Ilki bilen olar önümçilikde hil ulgamyny döretmek we berkitmek üçin dolandyryjy hökmünde „içki ulanmak“ üçin girizildi, şeýle hem olar sargytçy önümiň ýa-da hyzmatyň hiline has ynamly bolar ýaly, şertnama resminamalary hökmünde ulanmak göz öňünde tutuldy.

Berlen seriýaly standartlaryň işjeň gaýtadan seredilmegi olaryň ulanylýan gurşawynyň giňelmegi bilen bagly. ISO standartlary maslahat beriji häsiýete eýe, ýöne ISO 9000 seriýaly resminamalar 90-dan gowrak ýurtlarda milli standartlar hökmünde kabul edilen. Şeýle hem ABŞ-de, Kanadada, Ýaponiýada, Ýewropa bileleşiginiň döwletlerinde, birnäçe ösüp barýan ýurtlarda. Olar Ýewropa standartlaşdyryş komiteti (CEN) we Panamerikan komisiýasy (COPANT) tarapyndan döwlet derejesinde tassyklandy.

Bu seriýaly ISO standartlary şu ýurtlaryň milli kadalaryna girizildi: ABŞ-de ANSI/ASQC 90, Hindistanda – IS 14000.

Käbir ýurtlarda ISO 9000 seriýaly standartlar döwlet standartlary bolup durýar.

TDS ИСО 9001standartynda getirilen talaplaryń çäklerinden çykýan maslahatlary saklaýar we hil menejmentiniń ulgamynyń netijeliligine we täsirligine, şeýlelikde guramanyń bűtin işini gowulandyrmak boýunça potensiala seredilmegi öz içine alýar. TDS ИСО 9001 bilen deńeşdirilende sarp edijileriń kanagatlananlygyna we önűmiń hiline ugrykdyrylan maslahatlar giňeldilendir:olara ähli gyzyklanýan taraplaryń kanagatlananlygy we bűtűnligine guramanyń işi girizilendir.

Bu standart guramanyń proseslerine we şonuň bilen hil menejmentiniň ulgamynyň esaslanýan ýörelgelerine ulanarlyklydyr. Bűtinligine ýaradylyp bilner. Şu standart űns sarp edijileriń we beýleki gyzyklanýan taraplaryń

kanagatlananlygynyń derejesi bilen ölçelýän hemişe gowulandyrmagy gazanmakda jemlenendir.

Bu standart metodiki gollanmalary we maslahatlary öz içine alýar, ol sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnamalarda we reglamentlerde peýdalanmak űçin ýa-da TDS ИСО 9001 ornaşdyrmak boýunça gollanma hökműnde űçin niýetlenmeýär.

Önümiň hilini dolandyrmak diýip önümi döretmek, taýýarlamak öndürmek we sarp etmek bilen baglanşykly bolup, onuň hilini kesgitlemegi üpjün etmek we ony gerekli derejede saklamak boýunça edilýän hereketlere aýdylýar. Önümiň hilini ýokarlandyrmak prosesleri önümi döretmekden başlap tä onuň niýetlenilişi boýunça ulanylmagy tamamlanýança aralykdaky döwri öz içine alýar. Önümi işläp düzmek, öndürmek we sarp etmek prosesleriň resminamalaryny önümiň hilini dolandyrmagyň maksatnamasy hökmünde seredip bolýar.

Dünýä belli firmalar öz bäsleşik syýasatyny ″hiliň kompleksleýin ulgamyna esaslanan industriallaşdyrmakda″ düzýärler. Firmanyň önümçilik kriteriýasy bolup, önümçiligiň göwrüminiň köpelmegi däl-de, eýsem ýokary hilli önümiň çykarylmagyny giňeltmek bolup durýar. Önümiň hili partiýalaryň ygtybarlylyk kriteriýasy bolup durýar. G Taguçi häzirki zaman hil üpjünçilik usullaryny şu indiki düzgünlere kadalady:

- Hili pes önümiň köpçülige ýetirýän çykdaýjylaryny hökmany bahalamaly. Şonda hökmany suratda taýýar önümden bolan çykdaýjylary (zelel, awariýalar, öz funksiýalaryny ýerine ýetirip bilmezlik sarp edijiniň talaplaryna laýyk gelmezlik) we pes hilli önümiň önümçilik prosesindäki çykdaýjysy (önümçilik däl wagt çykdajysy,energiýa, güýç, käbir önümleriň zäherliligi)
- Önümi çykarýan firma bäsleşige ukyply bolar ýaly onuň hilini ýokarlandyryp, özüne düşýän bahany peseltmeli. Sargyt edijiniň talaplary elmydama ösýär.

- Talaplara gözegçilik edilmeýänligi sebäpli sargyt edijiniň çekýän çykdaýjylary hil görkezijisiniň kemçilikleriniň ululyklarynyň kwadratyna proporsional
- Taýýar önümiň hili we özüne düşýän gymmatlylygy esasanam tilsimatyň we taslamanyň hili bilen kesgitlenýär.Şonuň üçin önümçilik meýilleşdirilende, taslanylanda taýýar önümiň hiline gönükdirmeli.

Standartlaşdyrmak boýunça ISO halkara guramasy önümiň hilini hödürlenen ýa-da dikeldilen islegleri üpjin edýän häsiýetnamalary we häsiýetlerini ödemek ukyby diýip düşündirilýär. Eger-de şol islegler jemgyýetçilik ýa-da indiwidual bolýan bolsa önümiň hilini dolandyrmakda hem şolara bolan ýollary saýlap almaly. Her bir firmada ulgamlaýyn hil dolandyrmak ornaşdyrylanda ″hile″ nähili kriteriýalar esaslanýar diýen sorag ýüze çykýar. Belli professor D. Garwin hili üpjün edýän bäş sany kriteriýasyny kesgitleýär:

- Standartlara laýyklygy
- Iň gowy haryt-analoglaryň tehniki görkezijilerine laýyklylygy
- Önümçiligiň ähli proseslerine bolýan gözegçiligiň takyklyk derejesi
- Hiliň alyjylaryň talaplaryna laýyk gelmegi
- Hiliň tölege ukyply talaba laýyk gelmegi

Şu krıteriýalaryň hiçisi bozulmaly däl, olaryň ählisi jemlenip hil derejesiniň saklanmagyny üpjin edýär. Hili üpjin etmek onuň taslanmagynda, hil barlagynda, hili dolandyrmakda we hili üpjin etmek ulgamynda ýaýraýar. Hili üpjin etmegiň tehnikasy bolsa hili meýilleşdirmek we barlamak, hili dolandyrmak we hil barada maglumat bermek girýär.

Önümiň bellenen talaplary kanagatlandyrýan hil derejesini emele getirmäge we saklamaga şu iş usullaryň we çäreleriň durmuşa geçirilmegi ýardam berýär:

- Hili dolandyrmagyň hiliň, mysal üçin, howpsuzlyga, ygtybarlylyga we tygşytlylyga edilýän talaplary kanagatlandyrýan derejede bolmagyny üpjin etmekdir. Aýry-

aýry özara bagly bolan döwürleriň hil jähitden bir ulgama jemlenilmegi; kesgitlenen talaplary kanagatlandyrýan önümi ýa-da hyzmatlary proektirlemek ; kesgitlenen talaplary doly kanagatlandyrýan önümçilik ýa-da montaž; önümiň ýa-da hyzmatyň kesgitlenen talaplara laýyklygyny anyklamak maksady bilen geçirilýän barlag; tehniki şertlere gaýtadan seretmek üçin ulanylyşyň beren netijeleriniň barlagy. Şu usullaryň we çäreleriň durmuşa geçirilmegi we peýdalanylmagy hili dolandyrmagyň wajyp ykdysady elementi bolup durýar.

- ″Hili dolandyrmak″ adalgasyny tutuş ulgama degişli edip ulanylanda hiliň bolmalysy ýaly bolmalylygy göz öňünde tutulýar. Eger bu adalga has dar manyda, hili üpjün etmek ulgamynyň belli bir döwürlerine ýa-da funksiýalaryna degişlilikde ulanylanda ol tassyklaýjy sypat bilen doldurylýar ýa-da beýleki operasiýalardan tapawutlandyrmak üçin kesgitleýji element hökmünde ulanylýar. Mysal üçin ″prosesiň hilini dolandyrmak″, ″önümçiligiň hilini dolandyrmak″, taslamagyň hilini dolandyrmak″ we ş.m. Bu söz düzümleri hili dolandyrma ulgamlarynyň çäklerinde beýleki operasiýalary tapawutlandyrmak maksady bilen hem ulanylýar. Mysal üçin ″Hili dolandyrmagy barlamak″, ″Hili dolandyrmak boýunça alnyp barylýan işi barlamak″.

## 4.1. Hil menejmentiniň ýörelgeleri

Gurama üstünlikli ýolbaşçylyk etmek we onuň işlemegi üçin ony ugrukdyrmak we yzygiderli we äşgär usul bilen dolandyrmak gerek. Üstünlikli ähli gyzyklanýan taraplaryň isleglerini hasaba almak bilen işi hemişe gowulandyrmak üçin işlenip düzülen hil menjmentiniň ornaşdyrylmagynyň we işi ýagdaýynda saklanylmagynyň netijesinde gazanylyp bilner. Guramany dolandyrmak menejmentiniň beýleki aspektleri bilen hil menejmentini öz içine alýar.

Hil menejmentiniň sekiz ýörelgeleri ýokary ýolbaşçynyň olary guramanyň işini gowulandyrmak maksady bilen gollanmagy üçin kesgitlenildi.

**a) Sarp edijileri nazarlamak**

Guramalar öz sarp edijilerine bagly bolýarlar we şonuň üçin olaryň häzirki we geljekki isleglerine düşünmelidirler we olaryň tamalaryndan üstün gelmäge ymtylmalydyrlar.

**b) Liderlik**

Ýolbaşçylar maksadyň umumylygyny we guramanyň işiniň ugurlaryny üpjün edýärler. Olar guramanyň wezipelerini çözmäge işgärleriň doly çekilip bilinjek içerki ýagdaýy döretmeli we saklamaly.

**c) Işgärleri çekmek**

Ähli derejelerdäki işgärler guramanyň esasyny düzýärler we olaryň doly çekilmegi gurama olaryň ukyplaryny haýyrly peýdalanmaga münkinçilik berýär.

**d)Prosesleýin çemeleşmek**

Islenilýän netije haçan iş we degişli serişdeler proses hökmünde dolandyrylanda netijeli gazanylýar.

**e) Menejmente ulgamlaýyn çemeleşmek**

Ýüze çykarmak, düşünmek we ulgam hökmünde özara baglanyşykly prosesleriň menejmenti guramanyň öz maksatlaryna ýetmekde netijeliligine we täsirliligine goşant goşýar.

**ä) Hemişe gowlandurmak**

Guramanyň işini doly hemişe gowulandyrmaga onuň üýtgemeýän maksady hökmünde seredilmelidir.

**f) Faktlara esaslanan çözgütleri kabul etmek**

Netijeli çözgütler maglumatlaryň we informasiýanyň derňewine esaslanýarlar.

**g) Üpjün edijiler bilen özara peýdaly gatnaşyklar**

Gurama we onuň üpjün edijileri özara baglanyşyklydyrlar we özära peýdanyň ganaşyklary iki tarapyň

hem gymmatlyklary öndürmäge ukyplylygyny ýokarlandyrýarlar.

Hil menejmentiniň şu sekiz ýörelgeleri TDS ИСО 9000 toplumyna girýän hil menejmentiniň ulgamlarynyň standartlary üçin esasy düzýärler.

## 4.2.Hil maksatnamasynyň düzülişi

Hil maksatnamasynyň düzülüşi TDS ISO 9003-98 Hil ulgamlary. Taýýar önümiň barlagynda we jemleýji synaglarda hiliň üpjün edilişiniň modeli standartynda berilýär. Standart hil ulgamyna girizilmeli talaplary kesgitleýji elementleri belleýär. Olar umumy häsiýete eýe bolup, senagatyň anyk pudagyna ýa-da ykdysadyýetiniň sektoryna bagly bolmaýar. Hil ulgamynyň gurluşyna işlerine dürli edaralaryň mahsus islegleri, olaryň anyk maksatlary, üpjün edilýän önümler we hyzmatlar, ulanylýan prosesler we usullar täsir edýär.

Üpjün ediji hile edilýän talaplary ýerine ýetirmek boýunça işleri kesgitlenmelidir we resmileşdirilmelidir. Hil maksatnamalary üpjün edijiniň hil ulgamyna beýleki talaplary bilen ylalaşdyrylmalydyrlar we resminamalaryň formasy üpjün edijiniň iş usullaryny kanagatlandyrar ýaly resmileşdirilmelidir.

Hil maksatnamasy düzülende üpjün ediji önüme bellenen talaplary ýerine ýetirmek maksady bilen işleriň aşakdaky görnüşlerine göz öňünde tutmalydyr№

1) Taýýar önümiň barlagy we jemleýji synaglar üçin islendik enjamlary, şeýle hem talap edilýän hili üpjün etmek üçin gerek bolmagy münkin bolan serişdeleri we endikleri kesgitlemek.

2) Taýýar önümiň barlagyna we jemleýji synaglara degişlilikde hil maksatnamalaryny taýýarlamak.

3) Taýýar önümiň barlagynyň we jemleýji synaglaryň usullaryny zerurlygyna görä kämilleşdirmek

4) Hili dolandyrmagyň usullaryny barlag we synag serişdelerini, barlag-ölçeg enjamlaryň işläp düzülmegini goşmak bilen, zerur bolanda laýyklyga getirmek.

5) Hili dolandrmagyň usullaryny barlag we synag serişdelerini, barlag-ölçeg enjamlarynyň işläp düzülmegini goşmak bilen, zerur bolan laýyklyga getirmek.

6) Ölçegler ugurda islendik talaplary bellemek, tehnikanyň ösüşiniň häzirki zaman derejesinden geçýän münkinçiligini goşmak bilen oňa öz wagtynda taýynlanmak maksady bilen.

7) Önümi goýbermegiň islendik tapgyrynda degişli barlagyny barabarlaşdyrmak.

8) Kabul ediş standartlarynyň hemme häsiýetnamalaryna we talaplaryna subýektiwlik elementleri öz içine alýanlaryny goşmak bilen düşündirmek.

9) Hil hakyndaky maglumatlary barabarlaşdyrmak we taýýarlamak.

Hiliň görkezilen maksatnamalary üpjün edijiniň hil ulgamynyň aýrylmaz bölegini düzýän degişli resmileşdirilen proseduralary salgylanmalar görnüşinde berlip bilner.

## 4.3. Hil menejmentiň ulgamynyň elementleri

Ýokary ýolbaşça ýolbaşçy tarapyndan derňew hil menejmenti-niň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine ynamlylygyň çäklerinden daşary ýaýratmak we bu derňewi bütin guramany öz içine alýan, şeýle hem ulgamyň netijeliligine baha berýän prosese öwürmek gerek. Ýolbaşçy tarapyndan derňewi ýokary ýolbaşçynyň höweslendirilen baştutanlygy, açyk çekişmeli we giriş maglumatlaryna baha bermeli täze pikirleri alyşmak boýunça ýere öwürmeli.

Gurama gymmat goşmak üçin ýolbaşçy tarapyndan derňewiň netijeleri boýunça ýokary ýolbaşça önümiň durmuş döwrüniň proseslerini we kömekçi prosesleri hil menejmentiniň ýörelgelerine esaslanan yzygiderli derňew

arkaly amala aşyrmagy dolandyrmak gerek. Derňewiň ýygylygy guramanyň zerurlyklarynyň esasynda bellenilýär. Derňew prosesine giriş maglumatlary hil menejmen-tiniň ulgamynyň diňe netijeliligi we täsirligi öz içine almaýan çykyş maglumatlaryna öwürmek gerek. Derňewiň netijeleri guramanyň işini gowulandyrmak meýilnamalaşdyrylanda peýdalanylýan maglumatlardyr.

Derňew üçin giriş maglumatlary

Hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine baha bermäge giriş maglumatlary sarp edijileriň bähbitlerini göz öňünde tutýarlar we:

-hil ugurda maksatlary we işi gowulandyrmak boýunça gazanmagyň durumyny we netijelerini:

- ýolbaşçy tarapyndan derňewiň esasynda täsir talap edilen punktlaryň durumyny;

-guramanyň auditleriniň (barlaglarynyň) we öz özüne baha bermeginiň netijelerini;

-gyzyklanýan taraplaryň kanagatlanandygy hakynda, mümkin, hatda olaryň gatnaşan pursadyna çenli, yzyna aragatnaşygy;

-bazar bilen baglanyşykly faktorlary (tehnologiýalar, barlaglar we işläp düzmeler, bäsdeşleriň işi we ş.m.)

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegiň netijelerini;

-üpjün edijileriň işi hakynda maglumatlary;

-gowulandyrmagyň täze mümkinçiliklerini;

-prosesleriň we önümiň laýyk dälliklerini dolandyrmagy;

-bazara we strategiýa baha bermegi;

-strategiki hyzmatdaşlyk boýunça işiň durumyny;

-hil bilen baglanyşykly işiňň maliýe netijelerini;

-gurama täsir edip biljek maliýe, durmuşy ýa-da ekologiki şertler ýaly beýleki faktorlary we kanunlaryň we reglamentleriň degişli üýtgetmelerini saklaýarlar.

Ýolbaşçy tarapyndan derňeş hil menejmentiniň ulgamyna ynamlylygyň çäklerinden çykýan meselelere ýaýranda, şeýle derňewiň netiijeleri ýolbaşçy tarapyndan prosesleri gowulandyrmak üçin giriş maglumatlary hökmünde peýdalanylyp bilnerler. Ýokary

ýolbaşçy derňewiň bu prosesini guramanyň işini gowulandyrmagyň mümkinçilikleri kesgitlenende güýçli serişde hökmünde ulanyp biler. Derňewleri geçirmegiň grafigi guramada strategiki meýilnamalaşdyrmak üçin maglumatlar bilen öz wagtynda üpjün etmäge ýardam berýär. Alnan çykyş maglumatlaryny guramanyň işgärleriniň dykgatyna, olara ýolbaşçy tarapyndan derňew prosesiniň gurama peýda getirjek täze maksatlary goýmaga allyp barýandygyny görkezip, ýetirmeli.

Netijeliligi gowulandyrmak üçin goşmaça çykyş maglumatlary, meselem:

-önümiň häsiýetnamalaryna we prosesleriň görkezijilerine degişli maksatlary;

-guramanyň işini gowulandyrmagyň maksatlary:

-guramaçylyk gurluşynyň we srişdeleriň ýaramlylygyna baha bermegi;

-marketing, önüm we sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy boýunça stategiýany we başlangyçlary;

-ýitgileri azaltmak we barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleri peseltmegiň meýilnamalaryny;

-guramanyň geljekki zerurlyklaryny meýilnamalaşdyrmagyň strategiýasy boýunça maglumaty öz içine alýarlar.

Yzarlamaklygy üpjün etmek we ýolbaşçy tarapyndan derňew prosesiniň özüne baha bermegi ýeňilleşdirmegi üpjün etmek üçin, onuň hemişe netijeliligine we gurama gymmatyň goşulýandygyna göz ýetirmek üçin ýeterlik ýazgylaryň bolmagy gerek.

## 5. Hil ulgamynyň döredilmegi we ornaşdyrylmagy

Alyjynyň (sarp edijiniň) ýokary hilli önüme bolan islegi hemişe önüm öndürijiler üçin önümçiligiň esasy şertlerinden biri bolup durýar, hil ulgamynyň döredilmegine bolsa senagat taýdan ösen ýurtlarynyň ýokary hilli önümleri bilen bazary doldurmak zerurlygy sebäp boldy.

Öndürilýän önümiň hiliniň ýokarylygyny hemişe üpjün etmeginiň şu pursadyndan başlap hil ulgamy önümçiligiň

ösdürmegiň esasy şerti boldy. Doldurylan bazara örän ýokary hilli önümleriň satyn alynmagyny üpjün edip bilerdi.

Önümçilikde hil ulgamynyň döredilmegi we hereket etmegi öndürijilere dünýä bazarynda diňe öz ýerini saklamaga münkinçilik bermän eýsem hili pesräk önümlere bolan islegiň kemelmeginiň hasabyna ony bäsdeşlerden ýeňip almagy münkinçilik berdi.

Hil ulgamy ýokary hilli önüm öndürmekde önümçiligiň ösüşinde örän ýokary nobatdaky tapgyr bolup durýar. Önümiň hiline ol ýa-da b.formalarda gözegçilik etmek wizual barlagdan başlap, OTK döredilmegi we zawodda synag laboratoriýalarynyň gurnalmagy bilen tapgyrlaýyn senagat önümçiligini ösdürmegiň ähli tapgyrlarynda boldy. Şonuň bilen (birlikde) paralellikde standartlaşdyrmak ulgamy soňra önümiň sertifikasiýasy ondan soňra bolsa önümçiligiň sertifikasiýasy iň soňundan hem hil ulgamynyň sertifikasiýasy döredildi.

**Kärhanada hil ulgamynyň ornaşdyrylmagy**

Kärhanada hil ulgamynyň döredilmegi onuň standarta laýyk öndürmek münkinçiligini we taýýar önüm synagy netijesinde oňa laýyklyk belgisiniň berilmegini (sertifikat) üpjün edýär hem-de önümiň her tapgyrynyň sertifikatlaşdyrylmagyndan boşadylýar.

Hil ulgamy ISO 9000 we ISO 14000 halkara standartlar esasynda döredilýär we ornaşdyrylýar. Bu standartlara laýyk gelýän ulgamynyň düzülme prosesi dünýä tejribesiniň ulanyp alnyp barylmaly: ilki bilen ugrukdyryjy-ulgamyň resminamalaryny düzmeli, kärhananyň sertifikatlaşdyrylmaga taýarlygy barlanýar we kämilleşdirmek boýunça işleri guramak bölümi döredilýär.

Önümi eksport etmek üçin diňe milli ulgamynyň sertifikatlaşdyrylmagy ýeterlikli däl, halkara ykrar edilen degişli audit guramanyň tassyklan sertifikatyny almaly(SZS)

Hil ulgamynyň sertifikatlanmaga taýýarlyk boýunça işleriň umumy meýilnamasy düzülmeli. Meýilnamanyň esasy tapgyrlary:

-işçi toparyny döretmek;
-ýolbaşçynyň wekilini bellemek;
-ugrukdyryjy geňeşi düzetmek;
-ulgamyň elementleri üçin ýokary ýolbaşçylardan jogapkärleri bellemek;
-kärhananyň hünärmenlerini okatmaga guramak;
-ulgamyň resminamalaryny aktuallaşdyrmak.

ISO 9000 boýunça ilki bilen ýolbaşçylary we işgärleri okatmagy gurnaly. Ol önümçilikde iş ýerlerinde we daşary ýurtlarda şolar ýaly kärhanalarda geçirmeli. Işçileri, hünärmenleri we bölüm ýolbaşçylary taýýarlamagyň maksatnamalaryny işläp düzmeli.

Olar hil ulgamynyň esasy düzgünnamalary, her aýratyn ýerde işiň hil bilen özara baglanyşygy, bölümleriň we kaärhanalaryň ykdysady görkezijilere öwrenilmeli.

Taýýarlygyň ähli tapgyrlarynda (ISO 9002, 9001 we 14000) okatmagyň meýilnamasy boýunça hili täze filosofiýasy bilen Demingiň prinsipleri, ISO 9001 boýunça hil ulgamynyň ähli elementlere hil ulgamynyň resminamalaryny düzmegiň düzgünleri bilen işgärler tanyşdyrylmaly.

## 6. Önümiň hilini dolandyrmak

Önümiň hili onuň täzeligini, tehniki derejesini, şikessiz taýýarlanylyşyny, ulanyşdaky ygtybarlylygyny aňlatmak bilen birlikde, bäsdeşlik göreşinde, bazardaky eýeleýän ornuny pugtalandyrmakda möhüm serişdedir. Şonuň üçin hem, häzirki döwurde kärhanalar önümiň ýokary hilini degişli ulgam arkaly üpjün etmäge aýratyn üns berýärler. Oňa önümiň hilini dolandyrmagyň ulgamy diýilýär.

Önümiň hilini üpjün etmek hili sypatlandyrýan standartlary taýýarlamagy, hil we onuň gözegçiligini bilen bagly işleri ýerine ýetirmekde jogapkärçiligi paýlamagy aňladýar. Önümiň hili içerki we daşarky düzüm böleklerinde ybaratdyr.

Hiliň içerki düzüm bölekleri çykarylýan önümiň içki gurluşyny häsiýetlendirýän aýratynlyklara: önümiň ulanylyş möhleti, şikesleriň ýoklugy, tehniki aýratynlyklary, ýerine ýetiriliş derejesi, bezelişi degişlidir.

Önümiň alyjynyň islegini kanagatlandyryşy, bäsdeşlige ukyplylygy daşarky düzüm böleklerdir.

Häzirki döwürde halkara hyzmatdaşlygyň ösmegi bilen önümiň hilini dolandyryjy ulgam aýratyn ähmiýete eýe boldy we oňa bolan garaýşy üýtgemegi bilen häsiýetlendirilýär.

Hili dolandyrmakda täze çemeleşme ýüze çykdy. Şu çemeleşme üç sany möhüm bölekden ybaratdyr: gözegçilik, seljerme we şu esasda tilsimat toplum işlerini sazlaşdyrmak . Ýagny olar hiliniň talap bildirilýän derejesini goldamaga gönükdirilen çäreleri saýlap almagy we işe ornaşdyrmagy göz önünde tutýarlar. Hile gözegçilik etmekde dürli usullar ulanylýar.

Statistika usulynyň maksady önümiň hiliniň tötänden üýtgemeginiň öňüni almakda.

Saýlama gözegçilikde önümleriň uly toparynyň içinde belli sanly nusgalary barlamak netijesinde ähli önümleriň hili baradaky çözgüt kabul edilýär.

Tehnologiýa gözegçiligi amala aşyrmak üçin tehnologiýa toplum işleriniň gözegçilik kartasy peýdalanylýar. Şu usulyň maksady önümçilikdäki işleriň haýsy wagtda gözegçilikden sypyp başlaýandygyny kesgitlemekdir.

Hili üpjün etmek boýunça Günbatar ýurtlarynda maksatnamalaryň şu görnüşlerine aýratyn üns berilýär:

**1. Demingiň çemeleşmesi:** U. Edwarrds Deming Ýaponiýanyň senagatynda bitiren işleri üçin dünýäde meşhurlyga eýe bolan maslahatçydyr. Ýaponiýada Demingiň

baýragy hili üpjün etmekde iň uly üstünligi gazanan firma berilýär. Deming ýokary hili gazanmak üçin öndürjini üpjün edijileriň, alyjylaryň we maýadarlaryň tagallalarynyň birleşdirilmegi ündürýär.

**2.Hil toparynyň ýygnanyşygy:** önümçilik bölüminiň işçileriniň ýa-da hünärmenleriniň yzygiderli geçirýän hil ýygnaklaryna meýletin gatnaşmaklaryny aňladýar.

Toparyň agzalary, adatça, hile degişli meseleleri anyklamaga we çözmäge ýardam berýän ýörite taýýarlygy geçirýärler. Kärhananyň bilermenleri wagtal-wagtal toparyň ýygnanşygyny çagyrýarlar, emma toparyň üstünligi işgärleriň işeňňirligi bilen ölçenýär. Şu ýygnanyşyklara gatnaşmak işgärleriň taýýarlygyny oňatlaşdyrýar, şahsy kämillige ýol açýar.

**3. „Hil üçin tölenmeýär“** Şu ýörelge maslahatçy Fil Krosbi tarapyndan işlenip taýýarlanyldy. Ol kärhananyň hil meselelerine garaýşyna , hili peseltmezlik üçin öňüni alyş çäreleriň durmuşa geçirilmegine we şu ugurdaky umumy harajatlaryň möçberine aýratyn ähmiýet berýär. Hil üçin tölenilmeýär, hiliniň pesligi we ýoklugy üçin tölemeli bolýar, şu zatlar gözegçiligiň işidir. Krosbiniň maksatnamasynda statistiki gözegçilige aýratyn orun berilýär. Şuňa garamazdan, onuň iş ýüzüne geçirilmegi dolandyryjynyň özüni alyp barşyna baglydyr diýip, F.Krosbiniň ýörelgesinde bellenilip geçirilýär.

ABŞ- yň firmasynda hili dolandyrmagyň binýady şu ýörelgelere esaslanýar:

1. Hili ýokarlandyrmaga gönükdirilen çärelerde olaryň firmanyň strategiýasynyň düzüm böleginiň bolmagy hökmandyr.
2. Hili dolandyrmakda baş wezipe gözegçilik däl-de, işleri şikessiz ýerine ýetirmekden ybaratdyr.
3. Üpjün edijiler hyzmatdaşlar bolup çykyş etmelidir.
4. Işgärleriň hünärliligini kämilleşdirmek.

## 6.1. Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny dolandyrmak

Kärhananyň bäsdeşilige ukyby onuň bazardaky ýagdaýyny kesgitleýän ykdysady aýratynlyklaryň uly toplumy bilen şekillendirýär. Bu toplum önümçilik harydynyň häsiýetlerini, şeýle hem, önümçiligiň we önüm ýerleşdirmegiň ykdysady şertlerini dörediýän güýçleri jemleýär.

Diýmek , bäsdeşlik birmeňzeş harytlary öndürijileriň köpsanly alyjylary özüne çekmek bilen iň uly peýdany gazanmak ugrunda bazardaky ykdysady göreşi görkezýär.

Kärhananyň bazardaky tutýan orny seljermek alyjylaryň kärhana we onuň önümine garaýşyny kesgitlemegi nazarda tutýar, şonuň netijesinde hem kärhananyň anyk bazaryndaky satuwynyň paýynyň üýtgeýşi äşgär bolýar. Oňa täsir edýän güçleri aşakdaky yzygiderlikde ýerleşdirmek mümkin. Sarp edilmäge degişli harytlar üçin:

- telekeçilik şertleri: kärhananyň alyjylara telekeçilik esasda karzy bermäge mümkinçiligi, kesgitlenen baha ýeňillikler, harytlary alyş-çalyşmak baradaky gepleşikleriň baglaşylmagy;
- ýerleşdirmek üçin nokatlary guramak : dükanlatyň toplumyny ýerleşdirmek , olaryň alyjylar köpçüligine elýeter bolmagy ; önümiň ulanyş mümkinçiliklerini kärhananyň ýa-da onuň söwda edarasynyň zallarynda alyjylara görkezmek ;
- önüme tehniki hyzmaty guramak: bildirilýän hyzmatlaryň möçberi, kepillendirilen bejerginiň möhletleri, kepillik möhletde soň hyzmatlaryň bahalary we ş.m;
- alyjylaryň kärhana baradaky pikirleri, kärhananyň il içindäki abraýy: alyjylaryň bütin kärhana , şol sanda onuň önümiň görnüşleri, hyzmatlary barada habarlylygy; kärhananyň haryt nyşanyň onuň önümiň alyjylaryň ünsüni çekmäge täsiri;
- alyjylaryň pikirini sorag-jogap arkaly ýüze çykarmak ;

- önüme hyrydarlygyň ösmeginiň kärhananyň bazardaky ýagdaýyna täsiri .

Kärhananyň bäsleşige ukyplylygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen guramaçylyk çäreleri şeýle beýan etmek bolar:

- kärhananyň önümiň bazarda ileri tutulmagy üpjün edýän tehniki – ykdysady we hil görkezijileri;
- alyjynyň talaplaryny hasaba alyp, önümiň hilini we tehniki – ykdysady görkezijileri üýtgetmek, önümiň ygtybarlygyna ünsi güýçlendirmek;
- öndürilen önümiň deregine tutujy başga önümler bilen deňeşdirilende artykmaçlygyny ýüze çykarmak we üpjün etmek ;
- bäsdeşleriň meňzeş önümleriniň oňat we kem taraplaryny äşgär etmek hem-de şol netijeleri öz kärhanaňda ulanmak;
- bäsdeşleriň bazarda meňzeş önüme degişli ulanylýan çärelerini öwrenmek we bäsdeşiňkä görä artykmaçlyk berýän çäreleri taýýarlamak ;
- önümiň hil (ulanylýan möhletini uzaltmak, ygtybarlylygy pugtalandyrmak, rejeli ulanmak, daşky bezegini oňatlaşdyrmak) sypatlaryny kämileşdirmek üçin, onuň mümkin bolan üýtgeşik görnüşlerini kesgitlemek;
- önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmaga ýardam berýän baha bilen bagly täsir ediji güýçleri, şol sanda bäsdeş kärhananyň ulanýan (baha üçin ýeňillikler, möhleti we möçberi boýunça berilýän kepillikler ) çärelerini aýdyňlaşdyrmak we peýdalanmak ;
- öndürilen önümi ulanmak üçin ileri tutulýan ugurlary çykarmak we peýdalanmak ;
- önümi dürli şertlerde işlemäge ýarawly bolmagyny üpjün etmek;
- bazara täze we has uly isleg bildirilýän harytlary çäklendirip, alyja gönümel täsir etmek, waspnama

işlerini işeňňirlik bilen alyp barmak, pul ýa-da harytlaryny bermek, möhletleýin töleglere rugsat bermek.

Şeýlelik bilen, kärhananyň bazardaky bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek onuň tehnologiýa ,önümçilik maliýe we önümi ýerleşdirmek mümkinçilikleriň giňişleýin seljermesine esaslanýar.

Häzirki döwürde kürhananyň bazardaky bäsdeşlige ukyplylyk derejesi önümçiligiň netijeliginiň baş ölçegi hasap edilýär, ol dolandyryş ulgamyna baha bermek üçin ulanylýar. Meselem,Ýaponiýada kärhananyň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek üçin, ilkinji nobatda, onuň önüminiň içerki bazarda bäsdeşlige ukyplylygy zerurdyr diýilip hasap edilýär . Şu talap birinji nobatda Ýapon kärhananyň öndürýän elektron tehnikalaryna- awtomobillerine, motosikllerine, poladyna degişlidir.

Ýaponiýanyň içerki bazary köp aýratynlyklar bilen tapawutlanýar, şu häsiýetler ýurdyň kärhanalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyna uly täsir edýär :

- bäsdeşlige dünýä derejesinde has ýokary bolmagy birsyhly täzelikleriň ornaşdyrylmagyny we dünýä bazarynda ýapon önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokary derejesini höweslendirýär;
- hili ýokary önümleri ileri tutmak . Önümiň hili birinji nobatda içerki bazaryň bäsdeşligine, ikinji nobatda daşarky bazar bäsdeşligine esaslanyp oňatlaşdyrylýar.
- Ýapon bazarynda ýer almak üçin daşary ýurt kärhanalary öz harytlaryny goşmaça häsiýetler bilen güýçlendirnäge mejbur bolýarlar. Arzan, hili pes harytlary ýaponlar satyn almaýarlar ;
- Ýapon bazarynda satylýan harytlar alyjynyň ýörite talaplaryny örän dürs hasaba almalydyr. Mysal üçin, kir ýuwýan maşynlara, sowadyjylara, awtomaşynlara

bildirýän hökmany talap – olaryň sessiz we gabarasynyň kiçi bolmagydyr;

Içerki bazarda önüm öndürýän kärhanalaryň köpüsiniň dünýä bazaryna ýeterlik bäsdeşlige ukyplylygy üpjün edilmeýär, çünki ulag harajatlaryň möçberi örän uly. Şeýle harytlara piwo, sement, aýna senagatynyň önümleri degişlidir.

Dokma, nebit – himiýa, kagyz, alýuminiý, fanerany öndürmek, uçarlary ýasamak doly suratda içerki bazaryň islegi boýunça amala aşyrylýar. Dünýä bazarynda önümçilik harajatlaryň möçberiniň ululygy üçin olar bäsdeşlige ukyply däldir, harajatlaryň köp bölegini daşardan getirilen çig malyň we pes hünärli işçi güýjiniň gymmaty tutýar. Şu pudaklarda önümçiligiň tehnologiýa derejesinde, öňde baryjy tehnologiýa ulanylmaýar we önümiň dürli görnüşlerini öndürmek uly kynçylyklary döredýär. Dünýä bazarynda Ýaponiýanyň firmalary, adatça bazardaky paýy sabyrlylyk bilen, kem – kemden giňeltmek we uzak döwrüň dowamynda tehnologiýa taýdan artykmaçlylygy gazanmak usullaryny ulanýarlar.Şunlukda, önümçiligiň ýokary hilli önümi çykarmak bilen Ýaponiýanyň firmalary önümiň ulanylmaga niýetlenen hemme peýdaly taraplaryny doly suratda şekillendirmelidir diýen ýörelgä eýerýärler. Ýaponiýanyň firmalary önümiň bezegine örän uly ähmiýet berýärler, çünki olar bezege alyjynyň estetiki islegini kanagatlandyrmagyň serişdesi hökmünde garalýar.

Önümiň hilini we oňa gözegçiligi toplumlaýyn dolandyrmak ýörelgeden ugur almak bilen Ýaponiýanyň kärhanalary dünýäniň ençeme bazarlarynda çylşyrymly tehnologiýa boýunça önümi öndürmekde üstünliklere eýe boldular. Meselem, Ýaponiýanyň kärhanalary durmuş hyzmatynyň elektronikasynyň bazaryny bütinleý eýelediler diýen ýaly, çünki önümler zaýasyz öndürilýär. Şeýle ýagdaý kompaniýalary satuwdan soňky hyzmat ediş nokatlary guramakda azat etdi.

Dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyň has ýokary derejesini ýapon kärhanalary (gämi gurluşyk, abzallar ýasamak, awtomobil, metallurgiýa, motosikller öndürýän)gazandylar. Şu pudaklarda öňdebaryjy tehnologiýa we ýokary hünärli işçi güýjini ulanylyp, önümleri, zähmeti köp sarp edip ýygnamak häsiýetlidir.

Ýaponiýanyň kärhanalary bäsdeşlik babatdaky artykmaç taraplaryny şeýle şekillendirilýär:

- hili we ýokary hünärli işçi güýjüni peýdalanmakda netijeli dolandyryş ulgamynyň ulanylmagy zerarly ýokary hilli önümleri öndürmek;
- Ýaponiýanyň firmalarynyň önümleriniň hiliniň ýokary derejesi köpbabatda hili dolandyrmaga firmanyň ähli işgärleriň hil topar ýygnanyşyga yzygiderli gatnaşmagy bilen düşündirilýär;
- Ýaponiýanyň firmalarynyň önümçiligiň tehnologiýasy düýpli özgertmekde täzeligi ornaşdyrmaga ýokary derejede ukyplylygy;
- senagat ulgamyna maglumatlar tehnologiýasyny ornaşdyrylmagy we hyzmat ugurda şeýle maglumatlaryň ulanylmagy;
- önümçilik toplum işlerini dolandyrmakda çeýeligi güýçlendirmek üçin üýtgeşiklikleri girizmek, hile bilelikde işlemäge üns bermek;
- täze tehnologiýalara örän uly möçberli maýalar goýmak we täze önümi tizden tiz öndürmäge girişmek;
- Ýaponiýanyň maliýe we senagat birleşiklerini uly halkara maliýe merkezlerine öwürmek.

## 6.2. Önümiň hilini dolandyrmagyň kategoriýalary

Önümiň hili dolandyrylanda şu aşakdaky kategoriýalar ulanylýar:

Dolandyrma obýekti – önümiň hili. Obýekt hökmünde bäsleşige ukyplylyk tehniki dereje ýa-da başga görkeziji,

häsiýetnama çykyş edýär. Dolandyrma obýekti hökmünde önümiň ähli häsiýetler: ýa-da onuň bir bölegi, topary ýa-da aýratyn häsiýeti çykyş etmegi mümkin.

Hili dolandyrmagyň maksady – öndürijiniň we sarp edijiniň ykdysady gyzyklanmasy alyn önümiň hil derejeini gowulandyrmak.

Subýekt – bu önümiň hil ýagdaýyny we meýilleşdirilen derejesini saklamak we gazananlary üpjün etmek üçin hereket edýän adamlar we ähli derejedäki dolandyryjy guramalar.

**Dolandyrma gatnaşyklary**

Dolandyrma gatnaşyklaryna tabynlyk (subordinasiýa) we arkalaşyk (koordinasiýa, sotrudniçestwo) gatnaşyklary degişlidir.

Tabynlyk (subordinasiýa) gatnaşyklary kärhananyň ýolbaşçysyndan başlap oňa tabynlykdaky adamlara çenli bolan wertikal baglanyşyk bilen häsiýetlendirilýär. Bu gatnaşyklary mazmuny merkezleşdirmek (sentralizasiýa) derejesi, funksiýalary merkezden aýyrmak (desentrasiýa) we önümiň hilini dolandyrmak meseleleri kesgitleýär.

Kärhana derejesinde hili dolandyrmak boýunça subordinasiýa gatnaşyklary kärhananyň önümçilik strukturasy we önümiň hilini dolandyrmak ulgamynyň hereket edýän strukturasy kesgitleýär.

Koordinasiýa gatnaşyklary aýry işgärleriň we guramalaryň arasyndaky gorizontal gatnaşyklar bilen häsiýetlendirilýär. Olaryň özara gatnaşyklary önümiň hilini belli bir derejede üpjün etmek ýa-da ony gowulandyrmak üçin edilýär.

Bu gatnaşyklary Türkmenistanyň nebit we göz senagaty ministrligi ulgamyndaky käbir kärhanalarynyň, edaralaryň arasyndaky gatnaşyklar ýaly seretmek mümkin:

Nebitgazburawlaýyş tresti → Balkannebitgeofizika müdürligi →

Gaznebitgeçirijiler müdürligi → Suw üpjünçilik müdürligi →

Nebitgaz taslama instituty → Merkezi tejribehana →

Subordinasiýa gatnaşyklary kärhananyň önümçilik strukturasy we önümiň

hilini dolandyrmak ulgamynyň hereket edýän strukturasy kesgitleýär.

Dolandyrma gatnaşyklary zähmet kollektiwinde bir adamyň ýolbaşçylygynda we meseleleri görkezmekde kollektiwe daýanmak esasynda ähli işgärleriň işjeňligi, ykdysady, ahlak we maddy taýdan goldawlara esaslanýar.




**Surat № 2 Subordinasiýa gatnaşyklary**

## 7. Önümleriň hilini ýokarlandyrmagyň ugurlary

Önümiň hilini ýokarlandyrmak halk hojalygynyň ösmeginiň esasy obýektiw talaby bolup durýar. Bu önümiň eksportynyň giňeldilmegine ýardam berýär. Önümiň hili esasynda sarp edijiler ýurduň tehniki mümkinçiligi we önümçiligiň gurluşy hakynda subut edýärler. Eksporta gidýän önümleriň bäsleşige ukyply bolmagy üçin täzeligi,

konstruksiýalaryň we önümçiligiň kämilligi bilen tapawutlanmaly

Ýokary hilli önüm ýurduň ykdysady derejesini ykrar edýär, önümiň hiliniň ýorarlanmagynda standartlaryň uly rol oýnaýanlygyny görkezýär. Standartlaşdyrmagyň esasy meselesi kadalaşdyryjy resminamalary düzmekden we önümiň hiline edilýän talaplary progressiw kesgitlemekden durýar. Önümiň hilini dolandyrmakda giňden ulanylýan standartlar ylmy-tehnikanyň ösüşini suratlandyrylýar. Şonuň üçin ýurtda hil dolandyrmak maksady bilen kärhanalarda we pudaklarda standartlary. Ornaşdyrylmagy önümiň köpçilikleýin önümçiliginiň hemme tapgyrlarynyň dowamynda bäsleşige ukyply önüm öndürmegi üpjin edýär. Bu standartlar ıň täze tehnikalara we ilsimtlara gönükdirilýär.

Önümiň hilini ýokarlandyrmak dürli pudaklaryň ylmy barlag guramalaryň ylalaşmak işleri bilen baglanşyklydyr. Önümiň hilini dolandyrmak önümçilik ulgam bilen baglydyr we dolandyrmagyň meselesi döreýän brakly önümleriň sebäbini anyklaýar we şol sebäpleri aradan aýyrýar.

TDS – 15467-79 laýyklykda dolandyrmagyň esasy – dolandyryjy netijeleriň işlenilmegidir. Önümiň hilini dolandyrmakda dolandyrmagyň obýekti hökmünde hile täsir edýän prosesler bolup durýar. Dolandyryjy täsırler dolandyrylýan prosesiň hakyky ýagdaýýnyň saklanylmagyna ugrukdyrylan bolmaly. Önümiň hilini dolandyrmak ulgamy önümiň hilini dolandyrmakda ulanylýan informasion we tehniki-material serişdeleriniň kömegi bilen özara ylalaşýandolandyryjy organyň we dolandyrylýan obýektiň özüne düşýän dymmaty. Dolandyrmagyň maksady önümiň hiliniň talap edilýän derejä ýetırılmegi. Önümiň hilini dolandyrmak adamlaryň kollektiwini, tehniki enjamlary, material serişdeleri we köp ınformasiýalary öz içine alýar. Önümiň hilini dolandyrmak hemme funksiýalar üçin umumy bolan dolandyryjy sikliň tipli elementlerini öz içine alýar: guramany işlerini maglumatlaşdyrmak we meýilleşdirmek;

sazlamak we koordinirlemek; işjeňleşdirmek we höweslendirmek; barlag, hasap we analiz.

Önümiň hilini dolandyrmak ulgamynda dolandyrma prosesleri umumy görnüşde iki topara bölünýär:

a) Önümçilik ulgamyny has ýokara derejä geçiriji, şol sanda, önümiň hilini we ýokary tehnologiki derejesini döretmek we özleşdirmek

b) Önümiň hilini meýilleşdirilen derejede çykmagyny üpjün etmek we önümçilik ulgamyny durnukly ýagdaýda saklamak.

## 7.1.Önümiň hiline täsir edýän faktorlar

Her bir kärhanada önümiň hiline dürli faktorlar täsir edýär. Olara içki we daşky faktorlar degişli. Içki faktorlar kärhanalarda ýokary hili onümi ondürip bilmek ukyplylygy degişli. Olar köpsanly bolup şu aşakdaky toparlara bölünýär

- tehniki faktorlar: guramaçylyk ; ykdysady; sosial

- tehniki faktorlar-bäsleşige ukyply önümi öndürmegi üçin maddy esasy bolup durýar. Olar - enjamlar, gurallar desgalar we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak täze materiýallary ulanmak degişli

-guramaçylyk faktorlar- önümçiligiň we zähmetiň guramaçylygyny birleşdirmek, önümçilik tertip düzgünini ýokarlandyrmak. Önümiň hiline edilýän jogapkärçiligi artdyrmak şolar bilen baglanşykly.

Ykdysady faktorlar önümi öndürmek we satmak bilen baglanşykly çykdaýjylar,ýokary hilli önümleri öndürmek üçin ykdysady taýdan höweslendirmek ulgamy we bahalaryň emele getirmek syýasaty bilen baglanşykly. Sosial ykdysady faktory degişli bäsleşiklige ukyply önümleri öndürmegiň esasy düzüjileriň düzýän iş şertlerini döretmek kärhananyň öndürýän önümlerini öz önümiň markasynyň bolmak we guwanmak degişli.

Daşky faktorlar – bazar gatnaşyk şertlerde önümiň hilini düzmäge

formirlemäge ugrukdyrýar. Olara bazar gatnaşygyň talaplary, ýagny alyjylar, bäsdeşiklik degişli. Bu kärhanalar öz aralarynda baglanşykly we önümiň hiline täsir edýär.

Her bir kärhanada önümüň hiline dürli faktorlar täsir edýär. Olara içki we daşky faktorlar degişli. Içki faktorlar kärhanalarda ýokary hili onümi ondürip bilmek ukyplylygy degişli. Olar köpsanly bolup şu aşakdaky toparlara bölünýär:

tehniki faktorlar; guramaçylyk; ykdysady; sosial.

Tehniki faktorlar-bäsleşige ukyply önümi öndürmek üçin maddy esasy bolup durýar. Olara enjamlar, gurallar, desgalar we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak hem-de täze materiallary ulanmak degişli.

Guramaçylyk faktorlar-önümçiligiň we zähmetiň guramaçylygyny birleşdirmek, önümçilik tertip düzgüni ýokarlandyrmak. Önümiň hiline edilýän jogapkärçiligi artdyrmak şolar bilen baglanşykly.

Ykdysady faktorlar önümi öndürmek we satmak bilen baglanşykly çykdaýjylar, ýokary hilli önümleri öndürmek üçin ykdysady taýdan höweslendirmek ulgamy we bahalaryň emele getirmek syýasaty bilen baglanşykly.

Sosial -ykdysady faktorlara bäsleşiklige ukyply önümleri öndürmegiň esasy düzüjilerini düzýän iş şertlerini döretmek, kärhananyň öndürýän önümlerine we ol önümiň markasyna wepaly bolmak we guwanmak degişli.

Olara bazar gatnaşygyň talaplary, ýagny, alyjylar, bäsleşik degişli. Bu kärhanalar öz aralarynda baglanşykly we önümiň hiline täsir edýär.






Şertli belgiler

——— göni baglanyşyk

------- ters baglanyşygy

**Surat № 3. Önümiň hilini dolandyrmagyň uniwersal shemasy**

Daşky faktor – bazar gatnaşyk şertlerde önümüň hilini düzmäge we formirlemäge ugrykdyrlýar.

Önümiň hilini dolandyrmak 6 blokdan ybarat. Önümüň hiine täsir edýän sanyna (shemanyň ortasynda göniburçlyk ) degişli.Olara stanoklar ,maşynlar, enjamlar,hünär boýunça ussatlyk, bilimi, tejribesi we beýleki faktorlar degişli.

Dörtburçlygyň başynda önümiň hilini üpjün edýän şertleriň faktorlary ýerleşen. Ol köp sanly bolup, oňa şu aşakdakylar degişli:

**1.** önümçilik, prosesiniň häsiýeti onuň intensiwligi, sazlaşygy we dowamlylygy;

**2.** daş töweregiň we önümçilik jaýlarynyň klimat ýagdaýy;

**3.** interýer we önümçilik dizaýny;
**4.** maddy we ahlak taýdan goldaw;
**5.** önümçilikdäki psihologiki klimat;
**6.** iş ýerleriniň abzalaşdyryş derejesi;

Önümçilik we zähmet serişdeleri hiliň berlen derejesine çenli çig malyň we başlangyç materýalyň häsiýetlerini üýtgedýär. Olara şertler täsir edýär. Berlen hiliň parametriniň gyşarylmasy ýüze çykanda olar deňeşdirme we kabul ediş blogynda tapylýar. Täsir ediş güýçleriň blogy we gyşarylmalary aýyrmak üçin ähli güýçleri faktorlary ýa-da şertleri ugrukdyrýar. Bu uniwersal shema boýunça işgärler ussalar - tehniki gözegçilik bölümüniň barlagçylary we beýlekiler işleýär. Olar üçin maksatnama çyzgylarda tehnologiki we gözegçilik kärhanada ýerleşýär.

Önümüň hilini dolandyrmak organlary umumy önüçüligi dolandyrmakda onuň organiki düzüm bölegi ýa-da funktsiýasybolup durýar.

Hil dolandyrmak dolandyrma apparatynyň çäklerinde ýerleşme ýetirilýär we sarp edijileri tapmakda önümleri taýarlamkda we hyzmat etmekde işleri guramaçylykly ýola goýmak bilen amala aşyrylýar. Kärhana derejesinde önümüň hilini dolandyrmakda ýörite böliümler döredilmeli. Her bir ýagdaýda hem önümüň hilini dolandyrmak ulgamynda kärhananyň ýolbaşçysy jogap berýär.

## 7.2.Statistiki gözegçilik we hilini dolandyrmagyň usullary

Ylmy-barlag işleri geçirmek üçin önümüň hilini barlamakda şu aşakdaky statstiki usullar ulanylýar.Gistogramma usuly- maglumatlary gaýtadan işlemegiň iň effektiw usuly hasaplanýar we önümçilik prosesinde öwrenmek üçin aýry ýerine ýetirilmeleriň we agregatlaryň işleýşiniň analizi üçin niýetlenmeli. Gistogramma

şu belli interwala düşen ýygylyklarda ýygnanan maglumatlary bermegiň grafiki usullarydyr.

Bölekleme usuly – bu usul diňe barlanan takyk maglumatlara esaslanýan we toplumlayyn maglumatlary almak we sebäp yzarlama baglanşyklary ýüze çykarmak üçin ulanylýar.

Barlag kartalary- olar prosesiň dinamikasynyň çyzgytda aňladylyşy. Ýagny wagt aralygynda görkezijileriň üýtgemegi kartada üýtgemegiň diapazony bellenilýär. Onda araçäkleriň ýokarky we aşaky çäkleri görkezilýär. Bu usulyň kömegi bilen tehnologiki prosesiň dowamynda haýsydyr bir hil görkezijileriň parametirleriň üýtgäp başlamagyna gözegçilik edip taŷýar önümde blok bolmazlygy üçin duýduryş çäreleri geçirilmäge mümkinçilik berýär.

ABS- analiz dolandyrmak optimal usuly –bu usul uniwersal we onuň kömegi bilen dürli sferalarynda we senagatyň dürli pudaklarynda ulanylýar.

ABS analizinde absis we ordinat oklarynda gyşyk emele getirýän ikilenji ýygnanma 100% çenli ulanylýar.

### 7.3. Dolandyrmagyň prinsipleri ( Deming aýlanşygy )

Önümiň hilini dolandyrmagyň toplumlaýyn ulgamy – bu önümçligiň ähli tapgyrlarynda ulanylýan statistiki usullar. Olar önümiň tygşytly önümçligini iň ýokary derejede üpjün etmeli. Önümiň hilini dolandyrmak aýlanşyk boýunça ösüp belli tapgyrlaryň üstünden geçýär. Bu aýlanşyga Deming aýlanşygy diýilýär.Onuň ýerine ýetirilmegine demingiň aýlanşyk dolanşygy diýilýär.

**Surat № 4 . PDCA shemasy**



Deming aýlanşygynyň düşünjesi önümiň hiline gözegçilik etmek bilen çäklenmän, eýsem ähli önümçiligi dolandyrmak üçin hem ulanmak mümkin. Her bir prosesi dolandyrmak, önümiň hilini dolandyrmak şu aşakdaky esasy taraplarda yzygiderli geçmeklige esaslanýar:

- maksatnama ( plan )
- ýerine ýetirmek ( do )
- barlamak ( CHECK )
- düzetmek (ACTION )

PDCA shemasy boýunça hyzmatlaryň dolandyrmagyň gözegçiligiň hil
taýdan ösüşüni üpjün edýär. Bu shema boýunça bir däl-de, birnäçe gezek hem dolanşygyň bolmagy mümkin, hem-de hünärmenler tarapyndan bu dolanyşygyň ýerine ýetirilmegi önümiň hilini ýokarlandyrmak üçin ulanylyar. Deming aýlanşygyny dogry ýerine ýetirmekde az çykdaýjy bilen kärhanalarda effektiwligi gazanmak mümkin. Aýlanyşykda çäreleriň alty toplumy geçirilmeli.

**Maksady we usullary kesgitlemek ( PLAN )**

1. Goýlan maksat ucin usullary kesgitlemek. Çäreleriň maksatnamasy düzmek (PLAN )

2. Hünärmenleri okatmak we taýýarlamak. ( DO )

3. Işleri ýerine ýetirmek ( CHECK )

4. Ýerine ýetirilen işleriň netijelerini almak ( CHECK )

5. Degerli dolandyryjy täsirleri ýerine ýetirmek. ( ACTION )

6. Ähli geçirilen islerin analiz we olar esasynda degerli teklipler tayýarlamak

Önümiň hili dolandyrŷan gulluklaryň esasy funksiýalaryna ,häzirki zaman ýolbaşçylaryň gulluk borçlaryna şu aşakdakylar hem goşulmaly:

- hil ulgamyny işläp düzmek, ornaşdyrmak we kämilleşdirmegi guramak we ýolbaşçylyk etmek;
- hil ulgamynyň sertifikasiýasyny almak;
- ulgamyň ýagdaýyna we effekiwligine gözegçilik etmek;
- hil ulgamyň maksatnamasyna täzelikleri girizmek we işlenip düzülen maksatnamanyň ýerine yetirilisine gözegçilik etmek.

## 8. Önümiň hil görkezijileri

Önümiň her görnüşiniň sarp edijisi üçin doly kesgitlenen häsiýetleri bar. Gaz senagatynda gazyň göwrümi, dykyzlygy, basyşy, çyglylygy, düşme nokady we beýlekiler. Önümiň hilini tehniki-ykdysady düşünjesi ähli häsiýetleri öz içine almak bilen niýetlenişine laýyklykda jemgyýetiň belli ýa-da hususy talaplaryny kanagatlandyrmak mümkinçilikleri bilen

baglanşykly. Häsiýetleriň häsiýetnamasyny ulanmak üçin önümiň hil görkezijileri, hil alamaty we önümiň parametri ýaly düşünjelere, mukdar ýa-da hil häsiýetnamasyna önümiň alamaty ýa-da nyşany diýilýär, parametre bolsa diňe onuň mukdar häsiýetnamasy diýilýär.

Hil alamatlary alternotiw gözegçilikde we önümiň hilini dolandyrmakda ulanylýar.Önümiň parametri düzümiň hiline girýän we onuň dürli parametrleri mukdar taýdan häsiýetlendirýär. Önümiň hil görkezijileri alamatlary boýunça şu aşakdaky toparlara bölünýär.

1 Häsiýetlendirilýän häsiýetleri boýunça:
- niýetlenen görkezijileri
- ygtybarlylyk
- uzak möhletlilik
- bejergä ýaramlylyk.
- erganomiki
- tehnologiki
- standartizasiýa we unifikasiýa
- patent-hukuk
- ekologiki
- howpsuzlyk
- aňladylyşy boýunça
- düşýän bahasy boýunça.
- hakyky birliklerde (kilogram, metr, sekund) ölçegsiz çaklanylýan
- häsiýetlendirýän häsiýeti sany ýeketäk kompleksi
- bahalandyrmak üçin ulanmak boýunça
- görkezilen kesgitlenmegiň toparlary boýunça
- taslanýan
- sarp edilende.

Önümiň hiline baha bermek üçin onuň häsiýetleriniň mukdar taýdan ölçemek hökmany. Önümiň hilini ölçemekde we baha bermekde kwalimetriýa usuly ulanylýar.

Kwalimetriýanyň meselesi-hil görkezijileri saýlamagyň, hil görkezijileriň bahalaryny kesgitleniş usullaryny işläp düzmegiň esaslandyrmasy.

Nebit-gaz senagatyny önümlerini iki topara bölmek bolýar: a) tonna, litr, metr we ş.m. üznüksiz ulylyklar bilen ölçenýän önümler. b) diskret ulylyklar bilen ölçenýän önümler-birlikde, ikilikde, toplumlaýyn.

1. Tehniki ölçeg gurallaryň kömegi bilen ölçemek; bu usul bilen önümiň gatylygy, berkligi kesgitlenilýär.
2. Parametrleriň arasyndaky teoretik baglanyşygy kesgitleýän görkeziji; mysal üçin sorbsiýa ukyplylygyny, erýjiligini kesgitleýär.
3. Statiki usul-ygtybarlylyk, standartlaşdyryş, unifikasiýalaşdyryş görkezijileri.
4. Organoleptiki usul-duýuş organlaryň esasynda; görüş, tagam alyş.
5. Ekspert usuly-ekspert hünärmenleriň toparynyň pikirlerini işläp taýýarlamagyň esasynda.

Diflerensial usul bahalandyrylýan önümiň $q_{ib}$ bilen garşylygyny görkezýär,şonuň esasynda hil derejesiniň görkezijileri $\upsilon_i$ hasapalnylýar:

$$\upsilon_i = q_i / q_{ib} \text{ ýa-da } \upsilon_i' = q_{ib} / q_i$$

Bu iki deňlemäniň, $\upsilon i$ önümiň hilini ýokyrlandyrmagy bilen laýyk gelýär.

Toplumlaýyn usul bahalandyrylýan we baza önümleriniň görkezijilerini görkezýän hil derejesini görkezýär.

Önümçiligiň hil derejesiniň toplumlaýyn bahalandyrylmasy şu formula boýunça kesgitlenilýär.

$$I_k = \sum_{i=1}^{n} q_i P_i / \sum_{i=1}^{n} q_b P_i$$

bu ýerde :

$I_k$ - bahalandyrylýan önümiň hil derejesiniň toplumlaýyn görkezijisi;

$q_i$ ,$q_b$ – birlik görkezijileriň bahasy;

$P_i$ – bahalaryň ýeke-täk görkezijileri;

i – hil görkezijileriň görnüşi;

n – hil görkezijileriň birlik sany.

Formulanyň sanawjysy we maýdalawjysy önümiň toplumlaýyn hil görkezijilerinden ybarat.

*Mesele.* Önümiň hili indiki birlik görkezijiler bilen kesgitlenen: işiň möhleti $q_1$, daşky görnüşi $q_2$ we içki bölegi $q_3$. Bular üçin indiki şkala gurnalan

$P_1 – 5$; $P_2 – 3$; $P_3 – 2$

Üç adamdan ybarat bolan ekspert topary indiki bahalary berdi:

| | $q_1$ | $q_2$ | $q_3$ |
|---|---|---|---|
| Birinji ekspert | 5 | 4 | 5 |
| Ikinji ekspert | 4 | 3 | 4 |
| Üçünji ekspert | 4 | 4 | 3 |
| Ortaça bahalar | 4,3 | 3,7 | 4,0 |

Eger-de bazar önüminiň umumy görkezijisi 40 bal bolsa, onda önümiň hil derejesi indiki görkezijilerden ybarat.

$I_k = (4,3·5+3,7·3+4,0·2) / 40 = 40,6 / 40 = 1,015$

Görkeziji 1-den uly bolan ýagdaýynda önümiň hiliniň gowydygyny aňladýar.

## 9. Önümiň durmuş döwrüniň prosesleri

Ýokary ýolbaşçy guramanyň öz gyzyklanýan taraplaryny kanagatlandyryp bilmegi üçin önümiň durmuş döwrüniň proseslerini, kömekçi prosesleri, şeýle hem olar bilen baglanyşykly prosesleriň setiniň netijeli we täsirli hereket etmegini üpjün etmelidir. Durmuş döwrüniň prosesleri gurama gymmat goşýan önümi döretmäge getirýän wagtynda, kömekçi

prosesler hem gurama gerekdir, sebäbi olar gymmaty keseden goşýarlar.

Islendik proses özara yzygiderli baglanyşykly işiň görnüşleridir ýa-da girişi we çykyşy bolan işdir. Ýolbaşçy prosesleriň gerek çykyşlaryny kesgitlemeli we prosesleriň çykyşlaryny netijeli we täsirli gazanmak üçin gerek girişleri we işiň görnüşlerini barabarlaşdyrmaly.

Prosesleriň özara täsiri prosesleriň şertleriniň döremegine getirýän çylşyrymly bolup biler. Guramanyň işiniň netijeliligini we täsirliligini üpjün etmek üçin ýolbaşça bir prosesiň çykyşynyň beýleki proses ýa-da birnäçe beýleki prosesler üçin giriş bolup biljekdigini ykrar etmek gerek.

Prosesiň işiň görnüşleriniň yzygiderliligi hökmünde berlip bilinjekdigine düşünmek ýolbaşça prosesler üçin girişler kesgitlenende kömek berýär. Girişler kesgitlenenden soň işiň gerek görnüşleri, hereketler we prosesler üçin talap edilýän serişdeler işlenýän çykyşlary gazanmak maksady bilen kesgitlenip bilnerler.

Prosesleriň we çykyşlaryň werifikasiýasynyň we wali-dasiýasynyň netijelerine şeýle hem guramanyň ähli derejelerinde işi hemişe gowulandyrmagy we ony kämilleşdirmegi ýaýratmagy gazanmak maksady bilen proses üçin girişler hökmünde seretmeli. Prosesleri hemişe gowulandyrmak guramada hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligini we täsirliligini ýokarlandyrar we guramanyň işini gowulandyrar. Goşundyda prosesleriň netijeliligini we täsirliligini hemişe ýokarlandyrmak üçin gerek hereketler kesgitlenende kömek bermek üçin peýdalanylyp bilinjek “Hemişe gowulandyrmak prosesi” beýan edilýär.

Prosesleri işi netijeli we täsirli saklamak üçin talap edilýän derejede resminamalaşdyrmaly.

Prosesleri işi netijeli we täsirli saklamak üçin talap edilýän derejede resminamalaşdyrmaly.

Prosesler bilen baglanyşykly resminamalar:

-prosesleriň möhüm häsiýetnamalarynyň kesgitlenmegine we işgärleriň dykgatyna ýetirilmegine;

-prosesleriň hereket etmek meseleleri boýunça taýýarlyga;

-komandalarda we iş toparlarynda bilimleri we tejribäni alyşmaga;

-prosesleriň ölçemelerini we auditini geçirmäge;

-prosesleriň derňewine, gaýtadan seredilmegine we gowulandyrylmagyna ýardam edýär.

Proseslerde işgärleriň roluna, aşakdakylar üçin, baha bermek gerek:

-işgärleriň zähmetiniň goralmagyny üpjün etmek;

-prosesleriň utgaşdyrylmagyny goldamak;

-prosesleriň derňewi üçin işgärlerden alynýan giriş maglumat-laryny üpjün etmek;

-işgärler tarapyndan teklip edýän täzeliklerini ornaşdyrmaga ýardam etmek.

Guramanyň işini hemişe gowulandyrmak höweslendirilende netijelere oňaýly ýetmek serişdesi hökmünde prosesleriň netijeliliginiň we täsirliliginiň ýokarlandyrylmagyny nygtamaly. Ösen peýdalar, sarp edijileriň ýokarlanan kanagatlananlygy, serişdeleriň gowy peýdalanylmagy we önümçilik däl çykdaýjylaryň azalmagy – prosesleriň uly netijeliliginde we täsirliliginde gazanylan ölçelýän netijeleriň mysallarydyr.

## 9.1. Prosesleriň menejmenti

Ýolbaşçy sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen önümiň durmuş döwri üçin gerek prosesleri kesgitleýäär. Önümiň durmuş döwrüni üpjün etmek üçin degişli kömekçi proseslere, şeýle hem işlenýän çykyşlara, prosesleriň

döwürlerine, işe, akymlara, dolandyryş çärelerine, işgärleri taýýarlamakda zerurlyklara, enjamlara, maglumata, materiallara we beýleki serişdelere üns bermeli.

Prosesleriň menejmenti boýunça, aşakdakylary öz içine alýan, operatiw meýilnama düzmeli:

-girişe we çykyşa talaplary (meselem, spesifikasiýalar we serişdeler);

-prosesleriň içindäki işiň görnüşlerini:

-prosesleriň we önümiň werifikasiýasyny we walidasiýasyny;

-prosesiň derňewini, şol sanda onuň ygtybarlylygyny;

-töwekgelçilikleri kesgitlemegi, baha bermegi we azaltmagy;

-düzediji we duýduryjy hereketleri;

-prosesleri gowulandyrmak boýunça mümkinçilikleri we hereketleri;

-proseslere we önüme degişli üýtgetmeleri dolandyrmagy.

Kömekçi prosesleriň mysallary aşakdakylardyr:

-maglumatyň menejmenti;

-işgärleriň taýýarlygy;

-maliýe işi;

-infrastrukturany we hyzmaty saklamak;

-howpsuzlygy /goragy üpjün edýän senagat enjamlaryny ulanmak.

Prosesleýin çemeleşmäge laýyklykda çykyşlaryň werifikasiýasynda we walidasiýasynda ulanyljak talaplary resmileşdirme-giň esasyny üpjün etmek maksady bilen proses üçin girişleri kesgitlemek we bellige almak gerek. Gurama görä girişler içerki ýa-da daşarky bolup bilerler.

Girişe gümürtik ýa-da gapma-garşy talaplara degişli meseleleri çözmek bu meselä gatnaşygy bolan içerki we daşarky talaplar bilen maslahatlaryň geçirilmegini talap edip niler. Doly baha berilmegi entäk gutarmadyk işiň esasynda alnan giriş maglumatlary indiki derňew, werifikasiýa we

walidasiýa arkaly baha bermäge sezewar etmeli. Gurama prosesleriň barşynda işiň netijeli we täsirli dolandyryş we monitoring meýilnamasyny işläp düzmek maksady bilen önümiň we prosesleriň möhüm we howply häsiýetnamalaryny barabarlaşdyrmak maslahat berilýär.

Girişe degişli meselelere seredilende aşakdakylara üns bermek gerek:

-işgärleriň başarjaňlygyna;

-resminamalara;

-enjamlaryň mümkinçiliklerine we monitoringine;

-zähmeti goramaga, howpsuuzlyga we önümçilik sredasyna.

Prosesiň girişine talaplara görä, kabul etmegiň ölçütlerini goşmak bilen, werifisirlenen çykyşlar sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan talaplaryň isleglerini we tamalaryny göz öňünde tutmalydyr. Werifikasiýa maksady bilen çykyşy resminamalaşdyrmaly we girişe talapalara we kabul etmegiň ölçütlerine görä baha bermeli. Şeýle baha bermek düzediji, duýduryjy hereketleri ýa-da prosesiň netijeliligini we täsirliligini ýokarlandyrmagyň potensial mümkinçiliklerini kesgitleýär. Önümiň werifikasiýasyny prosesiň barşynda onuň üýtgäp durýandygyny kesgitlemek üçin amala aşyrmak bolar.

Guramanyň ýolbaşçysy prosesiň hereket edýän meýilnama laýyk gelýändigine göz ýetirmek üçin prosesiň häsiýetnamalarynyň döwürleýin derňewini geçirýär. Şeýle derňew üçin temalaryň mysallary aşakdakylardyr:

-prosesiň bökdençsizligi we gaýtalanýanlygy;

-potensial laýyk dälligi barabarlaşdyrmak we öňüni almak;

taslamagyň we işläp düzmegiň girişleriniň we çykyşlarynyň meňzeşligi;

-girişleriň we çykyşlaryň meýilnamalaşdyrylan maksatlar bilen ylalaşyklylygy;

-gowulandyrmagyň mümkinçilikleri;

-çözülmedik meseleler.

## 9.2. Ulgamlaryń we prosesleriń menejmenti

Gurama űstűnlikli ýolbaşçylyk etmek we dolandyrmak yzygiderli we açyk menejmenti talap edýär. Űstűnlikli gazanmak űçin gyzyklanýan taraplaryń isleglerini hasaba almak bilen guramanyń netijeliligini we täsirliligini hemişe gowulandyrmak űçin işlenelip dűzűlen hil ulgamyny ornaşdyrmaly we iş ýagdaýynda saklamaly. Guramanyń menejmenti beýleki aspektler bilen bilelikde hil menejmentleri hem öz içine alýarlar.

Ýokary ýolbaşça:

**a)** açyk dűşűnilip, menejmente sezewar edilip, netijelilik we täsirlik nukdaýnazardan gowulandyrylyp bilinjek ulgamlary we prosesleri kesgitlemek;

**b)** prosesleri netijeli we täsirli ýerine ýetirmegi ,dolandyrmagy, şeyle hem guramanyň kanagatlanarly işini kesgitlemek űçin görkezijileri we maglumatlary űpjűn etmek arkaly sarp edijini nazarlaýan guramany döretmek gerek.

Sarp edijini nazarlaýan guramany döretmek boýunça işiň mysallary aşakdakylardyr:

-guramanyń işini gowulandyrmaga alyp barýan prosesleri kesgitlemek we kämilleşdirmek:

-prosesler hakynda maglumatlary we informasiýany hemişelik esasda ýygnamak we peýdalanmak:

-hemişe gowulandyrmak ugurda ösmek;

-prosesleriń gowulanmagyna baha bermek űçin öz-özűne baha bermek we ýolbaşçy tarapyndan derńew ýaly amatly usullary peýdalanmak.

Gurama standartyń talaplaryna laýyklykda hil menejmentiniń ulgamyny işläp dűzmeli, resminamalaşdyrmaly,ornaşdyrylmaly, iş ýagdaýynda saklanmaly. Onuń netijeliligini hemişe gowulandyrylmalydyr.

Gurama:

**a)** hil menejmentiniń ulgamy űçin gerek prosesleri we olary bűtin guramada ulanmagy kesgitlemelidir:

**b)** şu proseslerıń yzygiderligini we özara täsirini kesgitlemelidir;

**c)** şu prosesler hem amala aşyrylanda. Şeýle hem dolandyrylanda netijeliligini űpjűn etmek űçin zerur ölçűtleri we usullary kesgitlemelidir;

**d)** şu prosesleri we olaryń monitoringini saklamak űçin zerur serişdeleriń we maglumatlaryń bolmagyny űpjűn etmekligi;

**e)** şu proseslerıń monitornigini. Ölçeýşini we derńewini amala aşyrmalydyr;

**f)** meýilnamalaşdyrylan netijeleri gazanmak we şu prosesleri hemişe gowulandyrmak űçin zerur çäreleri görmelidir.

Gurama şu standartyń talaplaryna laýyklykda şu proseslerıń menejmentini amala aşyrmalydyr.

Eger gurama önűmiń talaplara laýyklygyna täsir edýän haýsy hem bolsa bir prosesiń ýerine ýetirilmegini del guramalara bermegi çözse, onda onuń özi şeýle prosese gözegçiligi űpjűn etmelidir.

Hil menejmentiniń ulgamy űçin zerur proseslere ýolbaşçynyń dolandyryş, serişdeler bilen űpjűn etmek proseslerini, önűmiń durmuş döwrűniń we ölçeýşiniń proseslerini girizmelidir.

## 9.3. Resminamalary dolandyrmak

Guramanyń ýolbaşçysy hil menejmentiniń ulgamyny işläp dűzmek, ornaşdyrmak we iş ýagdaýynda saklamak we proseslerıń netijeli we täsirli ýerine ýetirilmegini goldamak űçin, degişli ýazgylaryny goşmak bilen, resminamalary kesgitlemeli.

Resminamalananlygynyń häsiýeti we derejesi şertnamanyń kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary, sarp edijileriń we beýleki gyzyklanýan taraplaryń isleglerini we tamalaryny ödemelidir. Şeýle hem guramany kanagatlandyrylmalydyrlar.

Resminamalar guramanyń zerurlyklaryna esaslanyp, islendik görnűşde ýa-da islendik göterijide bolup bilerler.

Sarp edijiniń we beýleki gyzyklanýan tarplaryń isleglerini we tamalaryny ödeýän resminamalar bilen űpjűn etmek maksady bilen ýolbaşça.

- sarp edijileriń we beýleki gyzyklanýan taraplaryń şertnama talaplaryny,
- gurama tarapyndan halkara, milli, sebit we pudak standartlaryny peýdalanmagy;
- degişli kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary;
- guramanyń çözgűtlerini;
- guramanyń műmkinçiliklerine degişli daşarky maglumatyń çeşmelerini:
- gyzyklanýan taraplaryń islegleri we tamalary hakynda maglumaty göz öńűnde tutmak gerek.

Resminamalary işläp dűzmäge, peýdalanmaga we dolandyrmaga guramanyń netijeliligini we täsirliligini hasaba almak bilen baha bermeli.

Aşakdakylar ýaly ölçűtleriń esasynda:

- funksionallyk( meselem, işläp taýýarlamagy tizligi);
- peýdalanylanda ýönekeýlik;
- serişdelere zerurlyk:
- syýasat we maksatlar;
- bilimleriń menejmentine degişli häzirki we geljekki talaplar;
- resminamalaryń iń gowy ulgamlary bilen deńeşdirmek;
- sarp edijileriń, űpjűn edijileriń we guramanyń beýleki gyzyklanýan taraplarynyń özara täsiri.

Resminamalarda elýeterlik guramada maglumat çalyşmak syýasatyna esaslanyp, guramanyń işgärlerine we beýleki gyzyklanýan talaplara berilýär.

Dolandyrmagyň gerek serişdelerini kesgitlemek űçin aşakdakylary göz öńűnde tutýan resminamalaşdyrylan kada işlenip dűzűlen bolmalydyr:

a) goýberilmezden öń resminamalary meńzeşlige barlamagy;

b) resminamalaryň zerurlyga görä derňewini, aktuallaşdyrylmagyny we gaýtadan tassyklanmagyny;

c) űýtgemeleriń barabarlaşdyrylmagyny we resminamalara gaýtadan seretmegiń durumyny űpjűn etmegi;

d) daşarky gelip çykyşly resminamalaryń barabarlaşdyrylmagyny we olaryń iberilmeginiń dolandyrylmagyny űpjűn etmegi;

e) könelen resminamalary tötänden peýdalanmagyń öńűni almagy we haýsy hem bolsa bir maksatlar űçin galdyrylan şeýle resminamalaryń degişli barabarlaşdyrylmagynyń ulanylmagy;

Hil menejmentiniń ulgamynyń talaplara laýyklygyna we hereket etmeginiń netijeliligine subutnamalar bermek űçin ýazgylar alnyp barylmalydyrlar we iş ýagdaýynda saklanmalydyrlar. Olar aýdyń, ýeńil barabarlaşdyrylan we dikeldilýän bolup galmalydyrlar. Barabarlaşdyrylanda, saklananda, goralanda, dikeldilende, ýazgylary saklamagyń we aýyrmagyń möhletleri kesgitlenende talap edilýän dolandyryş serişdelerini kesgitlemek űçin resminamalaşdyrlan kadany işläp dűzmek gerek.

**Resminamalara edilýän talaplar**

Hil menejmentiniń ulgamynyň resminamalary;

a) Hil ugurda syýasat we maksatlar hakynda resminamalaşdyrylan beýany;

b) Hil boýunça gollanmasy;

c) şu standart tarapyndan talap edilýän resminamalaşdyrylan kadalary;

d) gurama netijeli meýilnamalaşdyrylmagy, prosesleri amala aşyrmagy we olary dolandyrmagy üpjün etmek üçin gerek resminamalary;

e) şu standart tarapyndan talap edilýän ýazgylary öz içine almalydyr.

Bir guramanyń hil menejment ulgamynyń resminamalaşdyrmak derejesi
aşakdakylara baglylykda tapawutlanyp biler:

a) Guramanyń möçberine we işiń görnüşine;

b) Prosesleriń çylşyrymlylygyna we özara täsirine;

c) Işgärleriń başarjańlygyna

Resminamalar islendik görnüşde we islendik göterijide bolup bilerler.Gurama aşakdakylary öz içine alýan hil boýunça gollanmany işläp düzmeli we iş ýagdaýynda saklamaly:

a) jikme-jikligi we islendik aradan aýrylmalary esaslandyrmaga goşmak bilen hil menejmentiniń ulgamyny ulanmagyń ugruny;

b) hil menejmentiniń ulgamy üçin işlenip düzülen resminamalaşdyrylan kadalary ýa-da olara salgylanmalary:

c)hil menejmentiniń ulgamynyń prosesleriniń özara täsirleriniń beýanyny.

## 10. Serişdeleriň menejmenti

Ýokary ýolbaşçy guramanyň strategiýasyny amala aşyrmak maksatlara ýetmek üçin zerur serişdeleriň barlygyny kesgitlemelidir we üpjün etmelidir. Olar hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegi we gowulandyrylmagy, şeýle hem sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary

kanagatlandyrmak üçin serişdeleri öz içine alýar. Serişdelere işgärleri infrastrukturany, önümçilik sredasyny, maglumatlary, üpjün edijileri we hyzmatdaşlary tebigy we maliýe serişdelerini degişli etmek bolar.

Guramanyň işini gowulandyrmak üçin serişdelere degişli ähli meselelere seretmek gerek, meselem:

-mümkinçilikleri we çäklendirmeleri hasaba almak bilen serişdeleri netijeli, täsirli we öz wagtynda bermek;

-kämilleşdirilen önümçilik we goşmaça serişdeler ýaly, maddy serişdeler;

-intellektual eýeçiligi ýaly maddy däl serişdeler;

-innowasion hemişe gowulandyrmalara ýardam edýän serişdeler we mehanizmler;

-taslamanyň menejmentini we matrisalaýyn çemeleşmegiň zerurlyklaryny kanagatlandyrýan gulluklary goşmak bilen guramaçylyk gurluşlary;

-maglumatyň we tehnologiýanyň menejmenti:

-maksada ugrukdyrylan taýýarlyk, bilim we okuw arkaly başarjaňlygy ýokarlandyrmak;

-guramanyň geljekki menejerleri üçin baştutanlygyň endikilerini we esasy ugurlaryny ösdürmek;

-tebigy serişdeleri peýdalanmak we olaryň töwerekdäki sreda täsiri;

-geljege serişdeleriň zerurlyklaryny meýilnamalaşdyrmak.

## 10.1. Adam serişdeleri

Önümiň hiline täsir edýän işi ýerine ýetirýän işgär alan bilimine taýýarlygyna, endiklerine we tejribesine laýyklykda başarjaň bolmalydyr.

Ýolbaşçy guramanyň netijeli we täsirli işi üçin talap edilýän başarjaňlygyň barlygyna göz ýetirmeli. Oňa

başarjaňlykda hakyky we garaşylýan zerurlyklary guramanyň işgärleriniň eýýänm bar bolan başarjaňlygy bilen deňeşdirmegiň derňewiniň esasynda ýetilýär.

Başarjaňlyga zerurlyklar hakynda pikirleriň esasynda:

-strategiki we operatiw meýilnamalar we maksatlar bilen baglanyşykly geljekki talaplar:

-garaşylýan menejment we işçi güýjüni yzygiderli ulanmagyň zerurlygy;

-guramanyň proseslerinde, serişdelerde we enjamlarda üýtgemeler;

-işiň aýratyň görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin aýratyň işgärleriň başarjaňlygyna baha bermek;

Işgärleri okatmakda we taýýarlamaka zerurlyklar meýilnama aşyrlanda prosesleriň häsiýeti, guramanyň medeniýeti we işgärleriň taýýarlyk derejesi bilen ýüze çykarylan üýtgemeleri hasaba almak gerek.

Işgärleriň bilimler bilen ýaraglanmagy, olaryň endikler we tejribeler almagy olaryň başarjaňlygyny ýokarlandyrmagy maskat edilýär.

Okatmagyň we taýýarlygyň barşynda sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplarynyň, isleginiň we tamalarynyň ýerine ýetirilmegiň möhümdigi nygtalýar. Taýýarlyk şeýle hem talaplaryň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň gurama we onuň işgärleri üçin düşünilmegini öz içine alýar.

Guramanyň maksatlaryna we onuň işgärleriniň ösmegine ýetmäge goldaw bermek üçin işgärleriň okuwy we taýýarlygy meýilnamalaşdyrylanda:

-işgärleriň tejribesini:

-göz öňünde tutulýan we aýdyň bilimleri;

-baştutanlygyň we menejmentiň endiklerini;

- meýilnamalaşdyrmak we gowulandyrmak serişdelerini:

-toparlaýyň işi;

-meseleleriň çözgüdini;

-aragatnaşyk endiklerini

-medeniýeti we durmuşy tertibi;
-bazarlaryň, sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny bilmegi;
-döredijiligi we täzeligi hasaba alýarlar.

Işgärleri çekmäge ýardam etmek üçin okuw we taýýarlyk şeýle hem:
-guramanyň geljeginiň çaklamasyny;
-guramanyň syýasatyny we maksatlaryny;
-guramaçylyk üýtgetmeleri we ösüşi;
-gowulandyrmak proseslerini başlamagy we ornaşdyrmagy;
-döredijilik işlerden we täzeliklerden peýdalaryny;
-guramanyň jemgyýete täsirini;
-täze işgärler üçin giriş kursuny;
-eýýäm taýýarlanan işgärler üçin hünäri ýokarlandyrmagyň döwürleýin maksatlaryny öz içine alýarlar.

Taýýarlyk meýilnamalaryna:
-maksatlary;
-maksatnamalary we usullary;
-zerur serişdeleri;
-gerek içerki goldawy kesgitlemegi;
-işgärleriň başarjaňlygyny ýokarlandyrmaga baha bermegi;
-netijeliligi we gurama täsiri ölçemegi girizmeli.

Işgärleriň geçirilýän okuwyna we taýýarlygyna guramanyň netijeligine we täsirliligine garaşmak we täsir etmek nukdaýnazaryndan işgärleri geljege taýýarlamagyň meýilnamalaryny gowulandyrmaga serişde hökmünde baha bermek gerek.

## 10.2. Infrastruktura

Ýolbaşçy şol bir wagtda gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny hasaba alyp, önümiň durmuş

döwrüniň prosesleri üçin gerek infrastrukturany kesgitlemeli. Infrastruktura önümçilik jaýy, iş giňişligi, iş serişdeleri we enjamlar, kömekçi gulluklar, maglumat we kommunikasion tehnologiýar ýaly serişdeleri, şeýle hem ulag serişdelerini öz içine alýar.

Önümiň netijeli we täsirli durmuş döwrüni gazanmak üçin infrastrukturany kesgitlemek prosesi:

a)maksatlar, funksionallyk, ulanyş häsiýetnamalar, taýýarlyk, harajatlar, howpsyzlyk, gizlinlik we dikeltmek nuktaýnazaryndan kesgitlenen infrastrukturany üpjün etmegi:

b)infrastrukturanyň guramanyň zerurlyklaryny ödemegi dowam etdirýändigine göz ýetirmek üçin tehniki hyzmatyň we abatlamagyň usullaryny işläp düzmegi we ornaşdyrmagy: bu usullar tehniki hyzmatyň we abatlamagyň görnüşini we ýygylygyny, şeýle hem infrastrukturanyň her elementiniň onuň möhümligine we peýdalanyş şygryna baglylykda hereket etmeginiň werifikasiýasyny göz öňünde tutmalydyr;

ç)gyzyklanýantaraplaryň isleglериniň we tamalarynyň esasynda infrastruktura baha bermegi;

d)infrastruktura bilen baglanyşykly tebigaty saklamak ,hapalanmak, galyndylar we töwerekdäki sredanyň meselelerine seretmegi öz içine alýar.

Infrastruktura dolandyrmak mümkin bolmadyk tebigy hadysalar täsir edip bilerler. Infrastrukturanyň meýilnamasynda degişli töwekgelçilikleri kesgitlemegi we azaltmagy göz öňünde tutmaly we gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerini goramagyň strategiýasyny görkezmeli.

Ýolbaşçy önümçilik sredasynyň işgärleriň motiwizasiýasyna kanagatlananlygyna we işine guramanyň işini gowulandyrmak maksady bilen onuň täsirini üpjün etmelidir: Amatly önümçilik sredasy–adam we fiziki faktorlaryň birleşmesi döredilende:

-döredijilikli işiň usullaryna we guramanyň işgärleriniň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek maksady bilen has doly çekmegiň mümkinçiliklerine:

-tehniki howpsuzlygyň kadalaryna we metodiki görkezmelere, şol sanda gorag serişdelerini ulanmak boýunça:

-ergonomika;

-iş ýerleriniň ýerleşişine;

-durmuşy özara täsire;

-guramada işgärleri hyzmat ediş serişdelerine;

-temperatura, çyglylyga, ýagtylyga, howa wytýažkasyna;

-sanitar şertlere, arassaçylyga, güwwüldä titremä we hapalanmaga üns bermeli.

Ýolbaşça maglumatlar bilen faktlara esaslanan we täzelikleri höweslendirip biljek çözgütler kabul edilende maglumata öwürmek we guramanyň bilim daýanjyny hemişe ösdürmek üçin düýpli çeşme hökmünde seretmelidir.

Gurama maglumatyň menejmenti üçin

-maglumata öz zerurlyklaryny kesgitlemeli;

-maglumatyň içerki we daşarky çeşmelerine elýeterliligi kesgitlemeli we almaly;

-maglumaty guramada peýdalanylýan bilimlere öwürmeli;

-maksatlary we strategiýany goýmak we durmuşa geçirmek üçin maglumatlary, informasiýany we bilimleri peýdalanmaly;

-degişli howpsuzlygy we gizlinligi üpjün etmeli;

-maglumatyň we bilimleriň menejmentini gowulandyrmak maksady bilen maglumaty peýdalanmagyň hasabyna alynýan peýdalara baha bermegi geçirmeli.

## 10.3. Üpjün edijiler we hyzmatdaşlar

Ýolbaşçy üpjün edijiler we hyzmatdaşlar bilen gymmat döredýän prosesleriň netijeliligini we täsirliligini özara gowulan-dyrmak maksady bilen maglumat alyşmagy goldamak we ýeňilleşdirmek üçin özara täsiri bellemeli.

Guramanyň öz üpjün edijileri we hyzmatdaşlary bilen iş arkaly gymmaty köpeltmäge dürli mümkinçilikleri bar, meselem:

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlary sanyny optimallaşdyrmak;

-meseleleri tiz çözmäge we gymmat bahaly gijä goýmalary ýa-da jedellere ýardam etmek üçin iki guramalaryň degişli derejelerinde iki taraplaýyn aragatnaşygy bellemek;

-üpjün edijiler bilen olaryň prosesleriniň mümkinçilikleriniň walidasiýasynda hyzmatdaşlyk;

-artykmaç ynamlylyklary aradan ayyrmak maksady bilen üpjün edijileriň degişli önümi bermek ukyplylygynyň monitoringi;

-üpjün edijileri işi hemişe gowulandyrmagyň maksatnamasyny ýerine ýetirmäge we gowulandyrmak boýunça beýleki bilelikdäki başlangyçlara gatnaşmaga höweslendirmek;

-üpjün edijileri taslamak we işläp düzmek boýunça guramanyň işine bilimleri alyşmak durmuş döwrüniň proseslerini netijeli we täsirli gowulandyrmak we degişli önümi bermek maksady bilen çekmek;

-hyzmatdaşlary satyn almak zerurlyklaryny kesgitlemäge we strategiýany bilelikde işläp düzmäge çekmek;

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň tagallaryna we gazananlaryna baha bermek ykrar etmek we sylaglamak.

Guramanyň işine täsir edip biljek tebigy serişdeleriň barlygyny göz öňünde tutmaly. Şeýle serişdeleriň köplenç gurama tarapyndan gös-göni dolandyrmakdan daşarda durýandygyna garamazdan olar onuň netijelerine oňaýly ýa-da ýaramaz täsir edip bilerler. Guramanyň göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar üçin guramanyň işine ýaramaz täsiriň öňüni almak ýa-da iň kiçi derejä çenli azaltmak maksady bilen serişdeler bilen üpjün etmek ýa-da oalry dikeltmek boýunça meýilnamalary ýa-da hereketleriniň meýilnamalydyr.

Serişdeleriň menejmenti maliýe serişdelerine zerurlyklary we olaryň çeşmelerini bellemek boýunça işi öz içine alýar. Maliýe serişdelerine gözegçilik hakyky ulanmagy meýilnama bilen deňeşdirmegi we zerur hereketleri kabul etmegi öz içine alýar.

Maliýe serişdeleriniň menejmenti netijeli we täsirli hil menejmentiniň ulgamyny ornaşdyrmak we saklamak we guramanyň maksatlaryna ýetmek üçin gerek meýilnamalaşdyrmagy, barlygy üpjün etmegi we gözegçiligi öz içine alýar. Menejment şeýle hem guramanyň işini goldamak we gowulanmagyny höweslendirmek üçin öňde baryjy maliýe usullaryny işläp düzmegi göz öňünde tutýar.

Hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak guramanyň maliýe netijelerine onuň täsir edip biler, meselem:

a)içerden, prosesleriň we önümiň bökdençlerini ýa-da materiallary we wagty biderek harçlamagy azaltmak arkaly;

b)daşardan, önümiň bökdeňçlerini gysgaltmak, kepillikler we kepillendirmeler boýunça öwezi dolmaga harçlary peseltmek, şeýle hem sarp edijileriň we bazarlaryň ýitgileriniň bahasyny peseltmek arkaly.

Şeýle meseler boýunça maglumat şeýle hem netijeli däl we täsirli däl işi bellemegiň serişdesini üpjün edip we gowulandyrmak boýunça amatly hereketleri başlap biler.

Hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegi we önümiň laýyklygy bilen baglanyşykly iş boýunça maliýe hasabatlylygy ýolbaşçy tarapyndan derňewde peýdalanmaly.

Dünýäniň ylymda we tehnikada gazananlary Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ähli pudaklarda, şol sanda nebit-gaz senagatynyň pudaklarynda ulanmak biziň esasy wezipämiz.

Türkmenistanyň ýerli kärhanalaryna öz ýerli mümkinçiliklerine, artykmaçlyklaryna görä öndüren önümlerine sertifikat üçin şertleri, talaplary işläp düzmegine

ýagdaý döredildi. Önümlere berilýän sertifikatlaryň kömegi bilen önümçilige edilýän talaby barha ýokarlandyrmaga mümkinçilik bar. Bu bolsa ahyrky netijede önümçiligiň kämilleşmegine, önümleriň ýokary hilde öndürilmegine, edilýän işleriň we hyzmatlaryň has gowulanmagyna getirýär.

Häzirki zaman täze ýolbaşçylaryň gulluk borçlarynyň sanawyna hil ulgamyny gowulandyrmak üçin şu aşakdakylar hem goýulsa has amatly we dogry bolar:

1. Hil ulgamyny işläp düzmekligi, ornaşmaklygy we kämilleşdirmekligi guramak we ýolbaşçylyk etmek;
2. Hil ulgamynyň sertifikasiýasyny guramak;
3. Ulgamyň ýagdaýyna we effektiwligine gözegçilik etmek;
4. Hil ulgamynyň maksatnamasyna täze üýtgetmeler girizmek we işlenip düzülen maksatnamynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

## 11. Hil menejment ulgamynyň barlaglary

### 11.1. Önümiň we prosesleriň walidasiýasy

Ýolbaşçа önümiň walidasiýasynyň onuň sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny

kanagatlandyrmaga ukyplylygyny görkezmegi üpjün etmek gerek. Walidasiýa nusgalaşdyrmagy, imitirlemegi we synaglary, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplary çekmek bilen derňewi öz içine almalydyr.

Üns berilmeli meseleler:

-hil ugurda syýasaty

-enjamyň mümkinçiliklerini ýa-da derejesini;

-önümi ulanmagyň şertlerini;

-önümi peýdalanmagy ýa-da ulanmagy;

-önümi gaýtadan peýdalanmagy;

-önümiň durmuş döwrüni;

-önümiň töwerekdäki sreda täsirini;

-tebigy serişdeleri, şol sanda materiallary we energiýany ulanmagyň täsirini öz içine alýarlar.

Prosese täsir edýän üýtgemelere öz wagtynda täsiri üpjün etmek üçin walidasiýa prosesini degişli aralyklarda geçirmek. Aşakdaky proseslerиň walidasiýasyna aýratyn üns berilýär:

-aýratyn gymmatly önüm we howpsuzlyga howply talaplary bolan önüm üçin;

-önümdäki kemçilikler diňe peýdalanylanda aýdyň bolup biljek ýerde;

-walidasiýa gaýtalanyp bilinmejek bolanda;

-önümiň werifikasiýasy mümkin bolmadyk ýerde.

Gurama önüme ýa-da proseslere üýtgetmeleriň gurama peýdalydygyna we gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrýandygyna göz ýetirmek üçin üýtgetmeleri netijeli we täsirli dolandyrmagyň prosesini ornaşdyrmak gerek. Üýtgetmeleri, olaryň beýleki proseslere, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna täsiriniň derejesine düşünmek üçin, kesgitlemeli, bellige almaly, baha bermeli, derňemeli we dolandyrmaga sezewar etmeli.

Prosesde önümiň häsiýetnamalaryna täsir edýän islendik üýtgetmeleri bellige almak we önümiň laýyklygyny saklamak we düzediji hereket ýa-da guramanyň işini gowulandyrmak

boýunça materialy bermek üçin işgärleriň dykgatyna ýetirmeli. Dolandyrmagy üpjün etmek maksady bilen üýtgetmäni başlamak üçin ygtyýarlyklary kesgitlemeli.

Prosesiň çykyşy önüm bolan ýagdaýlarda, bu çykyşy islendik degişli üýtgetmeden soň, soňkynyň islenýän täsirine göz ýetirmek bolar ýaly, tassyklaýarlar. Şeýle hem prosesleriň bökdençleriniň ýa-da kemçilikleriniň öňüni almak, meýilnamalaşdyrmak maksady bilen nusgalaşdyrmagyň usullaryny ulanmaga seredip bilner.

Töwegelçilikleriň ýüze çykmagyň mümkinçiligine we prosesleriň ähtimal bökdençleriniň we kemçilikleriniň netijelerine baha bermek üçin töwekgelçilik baha bermegi geçirmeli. Netijeleri barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleri azaltmak maksady bilen duýduryjy hereketleri kesgitlemek we amala aşyrmak üçin peýdalanmak gerek. Töwekgelçiliklere baha bermegiň serişdeleriniň mysallary:

-bökdenjiniň häsiýetiniň we netijeleriniň derňewi;

-bökdençleriň derňewi;

-baglylyk diagrammasy;

-nusgalaşdyrmagyň usullary;

-bökdençsizligiň çaklamasy.

Ýolbaşça gurama tarapyndan öz sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary bilen netijeli we täsirli aragatnaşygy saklamak üçin özara kabul ederlikli prosesleri kesgitlemegi üpjün etmek gerek. Gurama gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryny meňzeş düşünmegi hem-de şu islegleri we tamalary guramany talaplara geçirmegi üpjün etmek üçin bu prosesleri ornaşdyrmalydyr we saklamalydyr. Bu prosesler degişli maglumaty kesgitlemegi we derňemegi ,şeýle hem sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary işeňňir çekmegi öz içine alýar.

Prosesler hakynda degişli maglumatyň mysallary:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplary;

-bazary barlamak, şol sanda pudaklar we ahyrky peýdalanyjylar hakynda maglumatlar:

-şertnamalaýyn talaplar;

-bäsdeşleri derňemek:

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmak;

-kanun çykaryjy ýa-da beýleki hökmäny talaplara degişli prosesler.

Gurama sarp edijileriň ýa-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplaryna şol talaplara laýyklygy üpjün etmek boýunça çäreler başlanmazyndan öň doly düşünmek gerek. Bu düşünmek we onuň täsiri gatnaşjylar üçin özara kabul ederlik bolmalydyrlar.

## 11.2.Monitoring we ölçemeler üçin gurluşlary dolandyrmak

Gurama amala aşyrylmaly monitoringi we ölçemeleri, şeýle hem monitoring we ölçemeler üçin önümiň bellenen talaplara laýyklygyny tassyklamagy üpjün etmek üçin zerur gurluşlary kesgitlemelidir.

Gurama monitoringiň we ölçemegiň usulynyň monitoringa we ölçemelere talaplar bilen ylalaşygyny tassyklamak üçin prosesleri işläp düzmelidir.

Netijeleriniň kanuny güýüniň bolmagyny üpjün etmek gerek ýerde ölçeg enjamy:

a)bellenen döwürlerde ýa-da ol ulanylmazyndan öň halkara ýa-da milli etalonlar bilen deňeşdirilende birlikleriň ölçeglerini berýän nusgalyk etalonlar boýunça kalibrlenmelidir ýa-da barlanmalydyr. Şeýle etalonlar bolmadyk mahalynda, käbirlemek, ýa-da barlamak üçin peýdalanylan esas bellige alynmalydyr;

b)gerek bolanda regulirlenen ýa-da gaýtadan regulirlenen bolmalydyr;

ç)kalibrlemegiň durumyny bellemek maksady bilen barabarlaşdyrylmalydyr;

d)ölçemegiň netijelerini hakyky däl edip biljek regulirlenmelerden goralmalydyr;

e)peýdalanylanda, tehniki hyzmatda we saklananda zaýalanmakdan we ýagdaýynyň peselmeginden goralmalydyr.

Mundan başga-da, gurama ölçemegiň ozalky netijeleriniň hukuklygyna, eger enjamyň talaplara laýyk dälligi ýüze çykarylan bolsa, baha bermelidir we bellige almalydyr. Gurama şeýle enjam we islendik ölçenen önüm babatda degişli hereketi görmelidir. Kalibrlemegiň we barlamagyň netijeleriniň ýazgylary iş ýagdaýynda saklanmalydyrlar.

Eger bellenen talaplaryň monitoringinde we ölçemesinde kompýuter maksatnamalaýyn serişdeler peýdalanylsalar, olaryň göz öňünde tutulýan ulanylmagy ödemäge ukyplylygy tassyklanmalydyr. Bu ulanma başlanmagyndan öň amala aşyrylmalydyr we gerek bolanda gaýtadan tassyklanmalydyr.

### 11.3.Ölçemek, derňemek we gowulandyrmak

Maglumatlary ölçemek faktlara esaslanan çözgütleri kabul etmek üçin möhümdir. Ýokary ýolbaşçy guramanyň netijeli işine we gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyna göz ýetirmek üçin netijeli ölçemeleri, maglumatlary toplamagy we walidasiýany üpjün etmeli. Bu iş degerliligiň derňewini we ölçemegiň maksatlaryny, şeýle hem guramanyň goşmaça gymmatyny üpjün etmek üçin maglumatlaryň göz öňünde tutulýan peýdalanylmagyny öz içine almalydyr.

Guramanyň prosesleriniň görkezijilerini ölçemegiň mysallary:

-guramanyň önümini ölçemek we baha bermek;

-prosesleriň mümkinçilikleri;

-taslamanyň maksatlaryna ýetmek;

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy.

Gurama öz işini gowulandyrmak boýunça hereketleriň monitoringini hemişe amala aşyrmak we olaryň durmuşa

geçirilişini bellige almak gerek, sebäbi bu gelejekki gowuladyrmalar üçin maglumatlary üpjün edip biler.

Gowulandyrmak boýunça işiň barşynda alnan maglumatlaryň derňewiniň netijeleri guramanyň işini gowulandyrmak boýunça maglumaty üpjün etmek maksady bilen ýolbaşçy tarapyndan derňew üçin girişleriň biri bolup hyzmat edýär.

Ölçemekde, derňemekde we gowulandyrmakda üns berilmeli meseleler:

**a)** ölçemeleriň maglumatlaryny guramanyň peýdasyna boljak maglumata we bilimlere öwürmegi;

**b)** gurama tarapyndan ulanylýan ölçemeleriň usullaryny yzygiderli derňemegi, maglumatlary bolsa hemişelik esasda takyklyga we dolulyga ynandyrmagy;

**c)** aýratyn prosesleri has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegi prosesleriň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmagyň serişdesi hökmünde peýdalanmagyň zerurlygyny;

**d)** ölçemeleri peýdalanmak, maglumat toplamak we ony ähli gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna ýetirmek gurama üçin has möhümdir we onuň işini gowulandyrmagyň we gyzyklanýan taraplary çekmegiň esasyny düzýärler, şeýle maglumat aktual we kesgitli maksatly bolmalydyr;

**e)** ölçemeleriň derňewinden gelip çykýan maglumaty bermegiň degişli serişdelerini ulanmagy;

**f)** gyzyklanýan taraplar bilen aragatnaşygy saklamagyň netijeliligini we täsirliligini maglumatyň öz wagtynda we aýdyň düşünilendigini bellemek üçin ölçemek gerek;

**g)** eger prosesleriň görkezijileriniň we önümiň häsiýetnamalarynyň ölçütleri kanagatlandyrylýan bolsalar, olaryň tebigatyna gowy düşünmek maksady bilen häsiýetnamalar hakynda maglumatlaryň

monitoringini we derňewini ozalkysy ýaly geçirmek, mümkin maksada laýyk bolar;

**h)** degişli statistiki ýa-da beýleki usullary peýdalanmak hem prosesiň, şeýle hem ölçemelere gyşarmalary dolandyrmak arkaly prosesiň görkezijilerini we önümiň häsiýetnamalaryny gowulandyryp biler;

**i)** hil menejmentiniň ulgamynyň ösüşiniň dolulygyna, guramanyň işiniň derejesine, şeýle işi gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri kesgitlemäge baha bermek maksady bilen öz-özüňe baha bermegi döwürleýin maslahatlaşmagy geçirmegi göz öňünde tutmak gerek (A goşunda seret)

## 11.4. Ölçemek we monitoring

Ýokary ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamynyň işini gowulandyrmagyň ugurlary kesgitlenende netijeli we täsirli usullaryň peýdalanylmagyny üpjün etmelidir. Şeýle usullaryň mysallary:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny azaltmak;

-içerki auditler;

-maliýe görkezijilerini ölçemek;

-öz-özüňe baha bermek.

Sarp edijileriň kanagatlananlygy ölçemek we monitoringi

Sarp edijileriň kanagatlananlygyny ölçemek we monitoringi sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň derňewine esaslanýar. Şeýle maglumaty toplamak aktiw ýa-da passiw bolup biler. Ýolbaşça sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň köp çeşmeleriniň bardygyny göz öňünde tutmak we guramanyň işini gowulandyrmak üçin görkezilen maglumaty toplamagyň derňemegiň we peýdalanmagyň netijeli we täsirli proseslerini işläp düzmek gerek. Gurama sarp edijiler we ahyrky peýdalanyjylar hakynda maglumatyň ýazmaça we dilden görnüşde elýeterli içerki we daşarky çeşmelerini

kesgitlemeli. Sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň mysallary:

-sarp edijileriň we peýdalanyjylaryň maglumaty:

-önümiň geljegi boýunça yzyna aragatnaşyk;

-sarp edijileriň talaplary we şertnama boýunça maglumat;

-bazaryň zerurlyklary;

-edilen hyzmatlar hakynda maglumatlar;

-bäsdeşlige degişli maglumat

Ýolbaşça sarp edijileriň kanagatlananlygyny ölçemegi möhüm durmuşy serişde hökmünde peýdalanmak gerek. Gurama tarapyndan sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda yzyzna aragatnaşygy soramak ölçemek we monitoring maglumaty hemişelik esasda üpjün edýärler. Bu proses talaplara laýyklygy, sarp edijileriň islegleriniň we tamalarynyň kanagatlandyrylmagyny, şeýle hem önümiň bahasyny we iberilmegini üpjün edýärler.

Gurama sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda magluma-yň çeşmelerini işläp düzmeli we peýdalanmaly ,şeýle hem öz sarp edijileri bilen geljekki zerurlyklary saklamak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmeli. Gurama sarp edijileriň pikirini netijeli we täsirli göz öňünde tutmak üçin prosesleri meýilnamalaşdyrmalydyr we işläp düzmelidir. Şu prosesleri meýilnamalaşdyrmagyň kömegi bilen, maglumatyň çeşmelerini, toplamagyň ýygylygyny we maglumatlaryň derňewini goşmak bilen, maglumatlary toplamagyň usullaryny kesgitlemek we ornaşdyrmak gerek.

Sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda maglumatyň çeşmeleriniň mysallary:

-sarp edijileriň şikaýatlary;

-sarp edijiler bilen göş-göni duşuşmak;

-ankeltleşdirmek we synlar;

-kömekçi potrat boýunça maglumatlary toplamak we derňemek;

-maksatlaýyn toparlar;

-sarp edijileriň- guramalaryň hasabatlary;
-dürli maglumat serişdelerinde hasabatlar;
-senagatyň we ykdysadyýetiň pudaklaryny öwrenmek.

## 11.5. Öz-özüňe baha bermek

Ýokary ýolbaşçy öz özüne baha bermegiň meselelerine seretmeli. Öz-özüňe baha bermek –adatça guramanyň öz ýolbaşçysy tarapyndan geçirilýän, netijesi guramanyň netijeliligi we täsirligi we hil menejmentiniň ulgamynyň kämillik derejesi hakynda pikir ýa-da garaýyş bolan dykgatly baha bermek. Öz-özüne baha bermek gurama tarapyndan öz işini daşarky guramalaryň has gowy gazanylanlary we işiň berlen görnüşini boýunça dünýä derejesi bilen deňeşdirmekde peýdalanylyp bilner. Ol haçan guramanyň içerki garaşsyz audit prosesi bar bolan syýasatyň, kadanyň ýa-da talaplaryň ýerine ýetirilendigi hakynda obýektiw subutnamalary almak üçin peýdalanylýan wagtynda, guramanyň işini gowulandyrmaga baha bermekde kömek edýär (içerki auditde hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine baha berilýärler).

Öz-özüne baha bermegiň möçberini we derejesini guramanyň maksatlaryna we ähmiýetine esaslanyp meýilnamalaşdyrmak gerek. Öz-özüňe baha bermegiň usuly guramada hil menejmentiniň ulgamyny ornaşdyrmagyň netijeliliginiň we täsirliliginiň derejesini kesgitlemäge ugrukdyrylandyr. Öz-özüňe baha bermegiň usulyny ulanmagyň birnäçe artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

-düşünmek üçin ýönekeý;
-peýdalanylanda ýeňil;
-ýolbaşçynyň iň pes serişdelerini talap edýär
-guramanyň hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegini gowulandyrmak üçin giriş maglumatlary üpjün edýär.

Öz –özüňe baha bermäge hiliň içerki we daşarky auditine alternatiwa hökmünde seretmeli däl. Beýan edilen usuly

ulanmak ýolbaşça guramanyň işiniň we hil menejmentiniň ulgamynyň kämillik derejesiniň umumy ýagdaýyny berip biler. Öz-özüňe baha bermek şeýle hem guramada gowulandyrmagy talap edýän ugurlary kesgitlemek we ähmiýetlilikleri goýmaga kömek bermek üçin giriş maglumatlary üpjün edip biler.

Ýolbaşçy gowulandyrmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak üçin meseläniň ýüze çykmagyna garaşman, ilki bilen guramanyň prosesleriniň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmaga hemişe ymtylmaly. Gowulandyrmalaryň aralygy kem-kemden hemişe dowam edýän gowulandyrmalardan gowulandyrmak şyrgynda öňe gidişligiň strategiki taslamalaryna çenli bolup biler. Guramada işi gowulandyrmak boýunça kesgitlemegiň we menejmentiniň prosesi bolmalydyr. Bu gowulandyrmalar önümde we proseslerde we hatda hil menejmentiniň ulgamynda ýa-da guramada üýtgemelere getirip biler.

## 11.6. Içerki auditler

Gurama hil menejmentiniň ulgamynyň:

a) meýilnamalaşdyrylan çärelere, şu standartyň talaplaryna we gurama tarapyndan hil menejmentiniň ulgamyna işlenip düzülen talaplara laýyklygyny;

b) netijeli ornaşdyrylandygyny we iş ýagdaýynda saklanýandygyny kesgitlemek maksady bilen meýilnamalaşdyrylan aralyklarda içerki auditleri geçirmelidir.

Auditleriň (barlaglaryň) maksatnamasy audite degişli prosesleriň we uçastoklaryň durumyny we möhümligini, şeýle hem ozalky auditleriň netijelerini hasaba almak bilen meýilnamalaşdyrylmalydyr. Auditleriň ölçütleri ulanylýan ugurlary ýygylygy we usullary kesgitlenmelidirler. Auditorlary seçip almak we auditleri geçirmek audit prosesiniň obýektiwligini we adalatlygyny üpjün etmelidirler. Auditorlar öz hususy işini barlamaly däldirler.

Auditleri meýilnamalaşdyrmaga we geçirmäge, şeýle hem netijeler hakynda hasabata we ýazgylary iş ýagdaýynda saklamaga jogapkärçilik we talaplar resminamalaşdyrylan kadala kesgitlenen bolmalydyrlar.

Işiň barlanýan ugurlary üçin jogapkär ýolbaşçy ýüze çykarylan laýyk dällikleri we olary döreden sebäpleri aradan aýyrmak üçin hereketleriň gereksiz gijä goýmazdan görülmegini üpjün etmelidir. Soňky hereketler görülen çäreleriň ynamlylygyny we ynamlylygyň netijeleri hakynda hasabaty öz içine almalydyrlar.

## 11.7. Monitoring we prosesleri ölçemek

Gurama monitoringiň amatly usullaryny we maksada laýyk bolan ýerde, hil menejmentiniň ulgamynyň prosesleriniň ölçemeleri ulanylýar. Bu usullar prosesleriň meýilnamalaşdyrylan netijeleri gazanmak ukyplylygyny görkezmeli. Eger meýilnamalaşdyrylan netijeler gazanylmadyk bolsalar, onda, haçan bu maksada laýyk bolsa, önümiň laýyklygyny üpjün etmek üçin düzedişler we düzediji hereketler görünmelidir.

Gurama öz önümini ölçemäge (kabul etmegiň ölçütlerini goşmak bilen) talaplary işläp düzmeli we bellemeli. Önümi ölçemegi gyzyklanýan taraplarynyň ýerine ýetirilendigini we önümiň durmuş döwrüni gowulandyrmak üçin ulanylandygyny barlamak maksady bilen meýilnamalaşdyrmak we amala aşyrmak gerek.

Ölçemek usullary saýlanyp alanda önümiň talaplara laýyklygyny üpjün etmek üçin, şeýle hem guramanyň sarp isleglerine we tamalaryna seredilende;

a) önümiň soňra olardan ölçemeleriň görnüşleri, ölçemegiň amatly serişdeleri,

b) gerek enjamlary, maksatnamalaýyn serişdeleri we gurallary;

ç) önümiň durmuş döwrüniň yzygiderliliginde amatly ölçeg nokatlarynyň ýerleşişini;

d) her nokatda ölçemäge degişli häsiýetnamalary, ulanyljak resminamalary we kabul etmegiň ölçütlerini;

e) önümiň saýlanyp alnan häsiýetnamalaryny tassyklamak ýa-da ynamlylygy üçin sarp edijiler tarapyndan bellenen nokatlary:

ä) sargytçynyň gatnaşmagynda ýa-da kanun çykarylýan we reglementirleýji ygtyýarly edaralar tarapyndan barlagy ýa-da synagy:

f)guramanyň aşakdakylary geçirmek üçin kwalifikasiýasy bolan üçünji tarapy nirede, haçan we nähili çekmek niýetini (ýa-da bu sarp edijiler ýa-da kanun çykaryjy we reglamentleýji ygtyýarly edaralar tarapyndan talap diýilýär):

-tipiň synaglaryny;

-prosesiň barşynda barlagy ýa-da synaglary;

-önümiň werifikasiýasyny;

-önümiň walidasiýasyny;

-önümiň kwalifikasiýasyny;

g) işgärleriň, materiallaryň, önümiň, prosesleriň we hil menejmentiniň ulgamynyň derejesini;

h) werifikasiýa we walidasiýa boýunça işiň gutarandygyny we makullanandygyny tassyklamak maksady bilen ahyrky barlagy;

i) önümi ölçemegiň netijelerini bellige almagy göz öňünde tutmalydyr.

Gurama işi gowulandyrmak mümkinçilikleri hasaba almak üçin önüm ölçelende peýdalanylýan usullary we ynamlylyk boýunça göz öňünde tutulýan ýazgylary derňemeli. Iş gowulandyrylanda seredilip bilinjek önümi ölçemek hakynda ýazgylaryň adaty mysallary:

-barlagyň we synaglaryň protokollary;

-materiallaryň goýberilendigi hakynda habarlar;

-önümi kabul etmegiň blankalary;

-eger zerur bolsa laýyklyk sertifikaty.

Gurama monitoringi amala aşyrmalydyr we önüme talaplaryň berjaý edilýändigini barlamak maksady bilen önümiň häsiýetnamalaryny ölçemelidir. Bu önümiň durmuş döwrüniň prosesiniň degişli döwürlerinde meýilnamalaşdyrylan çärelere görä amala aşyrylmalydyr.

Kabul etmegiň ölçütlerine laýyklygyň subutnamalary iş ýagdaýynda saklanmalydyrlar. Ýazgylar önümi goýbermäge rugsat beren adamy (lary) görkezmelidir.

Ähli meýilnamalaşdyrylan çäreler gutarynça önümiň goýberilmegi we hzymatyň edilmegi, eger degişli wekil tarapyndan başgada tassyklanmadyk bolsa, ýa-da, ulaanylarlyk bolan ýerde, sarp ediji tarapynda amala aşyrylmaly däldirler.

## 11.8. Hil menejment ulgamynyň derňewi, öz-özüňe baha bermek

Öz-özüňe baha bermek –munuń özi guramanyń netijeliligini we täsirliligini we hil menejmentiniń ulgamynyń kämillik derejesi hakynda pikir ýa-da garaýyş bolan hemme taraplaýyn baha bermekdir. Öz-özűňe baha bermegiń maksady gurama faktorlara esaslanan. Onuň işini gowulandyrmak űçin serişdeleri ulanmagyń ugurlaryna degişli maslahatlary bermekden ybaratdyr.

Öz-özűňe baha bermek gazananlaryny maksatlar bilen deńeşdirilip ölçelende. Şeýle hem şu maksatlara hemişe laýyklyga gaýtadan baha bermek űçin peýdaly bolup biler.

Häzirki wagtda hil menejmentiniń ulgamynyń ölçűtleri boýunça guramalara baha bermegiń köp nusgalary bar. Şeýle hem guramalaryń kämilliginiń nusgalary hasap edilýän, hil boýunça milli we sebit sylaglaryń nusgalary has giń ykrar edilýän we ulanylýan nusgalardyr.

Öz-özűňe baha bermek hususy guramanyń hil menejmentiniń ulgamynyń ösűşiniń (kämilliginiń) derejesini bellemäge we gowulandyrmak űçin esasy ugurlary kesgitlämäge ulanylanda ýönekeý we ýeńil usulyny űpjűn edýär.

TDS ИСО 9001 boýunça öz-özűne baha bermek usulynyń aýratynlyklary :

-hil menejmentiniń bűtin ulgamyny ýa-da onuń bölegine ýa-da islendik prosesine ulanylyp;

-bűtin gurama ýa-da onuń bölegine ulanylyp;

-içerki serişdeleri bilen tiz amala aşyrylyp;

-ýokary ýolbaşçynyň goldaw bermeginde guramanyń köp ugurly topary ýa-da bir işgäri tarapyndan amala aşyrylyp;

-hil menejmentinin ulgamyna öz-özűńe baha bermek has köp taraplaýyn prosesi űçin giriş maglumatlary resmileşdirilip;

-gowulandyrmak űçin műnkinçilikleriniń ileri tutulýanlaryny ýerleşdirmegi kesgitläp we ýeńilleşdirilip;

-hil menejmentiniń ulgamynyń dűnýä derejesi boýunçada ösmegine ýardam edilip bilinmegidir.

Bu standartda beýan edilen öz-özűńe baha bermegiń usuly 1-den (formallaşdyrylan ulgam ýok) 5 çenli (işiń klasynda gowy görkezijiler) ball şkalasy arkaly TDS ИСО 9004 her esasy bölűmi boýunça hil menejmentiniń ulgamynyń ösűş derejelerine baha bermek űçin niýetlenendir.

Bu goşundyda maslahatlar guramanyń TDS ИСО 9004 her esasy bölűmi boýunça öz işine baha bermek űçin goýulyp biljek adaty soraglary görnűşinde getirilendir. Bu usulyń beýleki artykmaçlygy wagtda gözegçilik edilýän netijeleriń guramanyń ösűşine baha berlende peýdalanylyp bilinmeginden ybaratdyr.

Öz-özűńe baha bermäge şeýle çemeleşmek hil menejmentiniń ulgamynyń içerki auditlerini ýa-da hil boýunça sylaglaryń bar bolan nusgalaryny peýdalanmagy çalşyrmaýar.

Öz-özűńe baha bermegiń bu usuly tarapyndan öz içine alynýan işiń ösűş derejeleri getirilendir.

**Işiń ösűş derejeleri**

Tablisa №2

| ösűş derejesi | Derejäniń häsiýetnamasy | Dűşündirişler |
|---|---|---|
| 1. | Formallaşdyrylan çemeleşmek ýok. | Meselelere yzygiderli çemeleşmek ýok, netijeler ýok, netijeler gowşak we öńűnden çak edilmeýän |
| 2. | Meselelere täsirli esaslanan çemeleşmek. | Ýüze çykýan ýa-da dűzetmä esaslanan yzygiderli çemeleşmek: gowulandyrmagyń netijeleri hakynda iń az maglumatlaryń bilmagy. |
| 3. | Durnukly formallaşdyrylan yzygiderli çemeleşmek. | Yzygiderli prosesleýin çemeleşmek. Irki döwűrde ýzygiderli gowulanmalar maksatlara laýyklyk we gowulandyrmak meýilleriniń barlygy hakynda maglumatlaryń barlygy |
| 4. | Hemişe gowulandyrmaga aksent | Gowulandyrmak prosesini ulanmak:ýagşy netijeler we gowulandyrmagyń durnukly meýilleri |
| 5. | Işiń klasynda gowy görkezijiler | Möhűm integrirlenen gowulandyrmak prosesi; görkezilen gazanylanlar bilen deńeşdirilende klasda gowy netijeler |

Guramanyń işini kämilleşdirmek we ońa gyzyklanýan taraplaryń peýdasyny űpjűn etmek űçin prosesleri hemişe gowulandyrmak guramanyń strategiki maksadydyr.

Prosesleriń hemişe gowulandyrylmagyny geçirmäge iki esasy çemeleşmek bardyr:

a) bar bolan proseslere gaýtadan seretmäge we gowulandyrmaga ýa-da täze prosesleri ornaşdyrmaga alyp barýan öńe gidişligiń taslamalary; adatça, olary köp profilli toparlar adaty işiń daşyndan amala aşyrýarlar;

b) bar bolan prosesleriń çäklerinde işgärler tarapyndan döwűrleýin hemişe gowulandyrmak boýunça iş.

Öňegidişligiń taslamalarynda adatca bar bolan prosesleri gaýtadan taslamak bardyr we olar:

-maksatlary kesgitlemegi we gowulandyrmak boýunça taslamanyń gysgaça beýanyny;

-bar bolan prosesiń derńewini we űýtgemeleri durmuşa geçirmegiń műmkinçiliklerini;

-prosesi gowulandyrmagy kesgitlemegi we meýilnamalaşdyrmagy;

-gowulandyrmagy, ornaşdyrmagy'

-gowulandyrmagyń werifikasiýasyny we walidasiýasyny;

-alnan sapaklary goşmak bilen gazanylan gowulandyrmaga baha bermegi öz içine alýarlar.

Öňegidişligiń taslamalary taslamanyń menejmentini peýdalanýan netijeli we täsirli usul bilen dolandyrýarlar. Űýtgetme girizilenden soń taslamanyń täze meýilnamasy prosesiń hemişelik menejmentiniń esasy bolup hyzmat edýär.

Guramanyń işgärleri prosesleri hemişe gowulandyrmak boýunça ideýalary gowy berijiler bolýarlar we köplenç işçi toparlaryna gatnaşýarlar. Prosesleri döwűrleýin hemişe gowulandyrmak boýunça işi, onuń netijelerine dűşűnmek űçin dolandyrmaly. Guramanyń çekilen işgärlerine ygtyýarlyklar, tehniki goldaw we gowulandyrmak bilen baglanyşykly uýtgetmeler űçin zerur serişdeler bilen űpjűn etmek gerek.

Görkezilen iki usullaryń islendiginiń kömegi bilen hemişe gowulandyrmak aşakdakylary öz içine alýarlar:

a) gowulandyrmagyń sebäbini – prosesiń meselelerini kesgitlemeli. Gowulandyrmak űçin ugry saylamaly, onuń űstűnde işlemegiń sebäbini görkezmek bilen;

b) hakyky ýagdaý- bar bolan prosesiń netijeliligine we täsirliligine baha bermek gerek. Tiz-tizden ýűze çykýan

meseleleriń tiplerini ýűze çykarmak űçin maglumatlary toplań we derńäń. Anyk meseläni saýlap alyń we gowulandyrmak boýunça wezipäni goýuń;

c) derńewi –meseläniń ilkinji sebäbini kesgitlemeli we barlamaly;

d) műmkin çözgűtleri barabarlaşdyrmagy-alternatiw çözgűtleri barlań. Gowy çözgűdi, ýagny, meseläniń ilkinji sebäbini aradan aýyrjak we onuń gaýtadan ýűze çykmagynyń öńűni aljak, saýlap almak we ornaşdyrmak gerek;

e) netijelere baha bermegi-meseläniń we onuń ilkinji sebäbiniń aradan aýrylýandygyny ýa-da olaryń täsiriniń azalandygyny, çözgűdiń işländigini we gowulandyrmak boýunça wezipäniń ýerine ýetirilendigini tassyklamaly;

f) täze çözgűdi ornaşdyrmagy we standartlaşdyrmagy-köne prosesi gowulandyrylana çalşyrmsk gerek, şeýlelikde meseläniń we onuń ilkinji sebäpleriniń gaýtadan ýűze çykmagynyń öńűni almak bilen;

Gowulandyrmak boýunça hereketler gutarandan soń prosesiń netijeliligini we täsirliligine baha bermegi-gowulandyrmak boýunça taslamanyń netijeliligine we täsirliligine baha bermeli we onuń çözgűdiniń guramanyń başga bir ýerinde ulanylmagyna seretmeli

Gowulandyrmak prosesi galan meselelere, şeýle hem maksatlary işläp dűzmäge we prosesi geljekde gowulandyrmak boýunça çözgűtleri Kabul etmäge degişlilikde gaýtalanýar. Işgärleri çekmek we gowulandyrmak boýunça iş hakynda habarlylygyna ýardam etmek űçin ýolbaşçy aşakdakylar ýaly çärelere seretmeli:

-uly bolmadyk toparlary dűzmek. Toparlaryń özleri tarapyndan baştutanlary saýlamak bilen;

-işgärlere iş gińişligini dolandyrmaga we ony gowulandyrmaga rugsat bermek;

-hil menejmenti boýunça guramanyń işiniń umumy bölegi hökmünde işgärleriń bilimlerini ýokarlandyrmak, tejribe toplamak we endiklerini kämilleşdirmak.

## 12.Ýolbaşçynyň jogapkärçiligi, borçlary

Ýokary ýolbaşçynyň baştutanlygy onuň borçlary we işeňňir gatnaşmagy ähli gyzyklanýan taraplar üçin peýdany gazanmak maksady bilen netijeli we täsirli hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmekde we iş ýagdaýynda saklamakda aýgytlaýjydyr. Olary sarp edijileriň kanagatlananlygyny ýüze çykaryp goldap we ýokar-landyryp gazanmak bolar Ýokary ýolbaşçynyň öňünde aşakdakylar ýaly çärelere seretmek wezipesi durýar.

-guramanyň maksadyna laýyk maglumaty, syýasaty we strategiki maksatlary işläp düzmek;

-öz hususy mysalynda işgärleriň ynamyny üpjün edýän dolandyryş stilim görkezmek;

-guramanyň işiniň ugruny, hil we hil menejmentiniň ulgamy bilen baglanyşykly gymmatlyklary işgärleriň dykgatyna ýetirmek;

-gowulandyrmak boýunça taslamalara gatnaşmak täze usullary, çözgütleri gözlemek we täze önümi işläp taýýarlamak;

-Hil menejmentiniü ulgamynyň netijeliligi we täsirliligi boýunça gösgöni yzyna aragatnaşygy almak

-guramanyň bähbitlerine gymmatlyk goşýan önümiň dumuş döwrüniň proseslerini kesgitlemek:

-önümiň durmuş döwrüniň prosesleriniň netijeliligine we täsirliligine täsir edýän goşmaça prosesleri kesgitlemek.

-işgärleri çekmäge we ösmäge ýardan edýän sredany döretmek;

-guramanyň strategiki meýilnamalaryny goldamak üçin zerur guramaçylyk gurluş we serişdeler bilen üpjün etmek.

Ýokary ýolbaşçy şeýle hem meýilnamalaşdyrylan maksatlaryň gazanylandygyny kesgitlemek üçin, aşakdakylary öz içine alýan, guramanyň işini ölçemegiň usullaryny kesgitlemelidir:

- maliýe görkezijileri ölçemegi;
- bütin guramada prosesleriň ýerine ýetirilişiniň görkezijilerini ölçemegi;
- iň gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmek we üçünji tarap tarapyndan baha bermek ýaly daşarky ölçemeleri;
- sarp edijiler we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyna baha bermegi;
- sarp edijiler we beýleki gyzyklanýan taraplar tarapyndan iberilen önümiň häsiýetnamalarynyň kabul edilişine baha bermegi;

- guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenen üstünligiň beýleki görkezijilerini ölçemegi.
- Şeýle ölçemeleriň we baha bermeleriň netijesinde alnan maglumaty hil menejmentiniň ulgamyny hemişe gowulandyrmagyň guramanyň işini kämilleşdirmegiň hereketlendiriji güýji bolýandygyna göz ýetirmek üçin ýolbaşçy tarapyndan derňew üçin giriş maglumatlary hökmünde seretmek maslahat berilýär.

Hil menejmentiniň ulgamy işlenip düzelende, ornaşdyrylanda we dolandyrylanda ýokary ýolbaşça 4.3 beýan edilen hil menejmentiniň ýörelgelerine eýermek gerek.

Şol ýörelgeleriň esasynda, ýokary ýolbaşça aşakdakylar babatda baştutanlygyny we borçlaryny tassyklamaly:

-sarp edijileriň talaplary doldurýan häzirki we geljekki isleglerine we tamalaryna düşünmek;

-guramanyň işgärleriniň düşünmegini, motiwasiýasyny we çekilmegini ýokarlandyrmak üçin syýasaty we maksatlary düşündirmek;

-guramada ýerine ýetirilýän ähli prosesleri hemişe gowulandyrmagyň maksadyny goýmak;

-guramanyň geljegini we üýtgemeleriň menejmentini meýilnamalaşdyrmak;

-gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny gazanmak boýunça işiň esaslaryny bellemek we işgärleriň dykgatyna ýetirmek.

Ýokary ýolbaşça kem-kemden ýa-da dowam edýän hemişe gowulandyrmaga goşmaça şeýle hem prosesleriň üýtgemegine alyp barýan öňe gitmeleriň taslamalarynaa guramanyň işini gowulandyrmak usul hökmünde seretmek gerekdir. Şeýle üýtgetmeleriň barşynda ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamyny goldamak üçin zerur serişdeler we maglumat alyşmalar bilen üpjün etmek boýunça hereketleri görmeli.

Ýokary ýolbaşça önümiň durmuş döwrüniň proseslerini kesgitlemek gerek, sebäbi guramanyň üstünligi olara gös-göni

bagly bolýar. Ýoakry ýolbaşçy şeýle hem durmuş döwrüniň proseslleriniň netijeliligine we täsirliligine, ýa-da gyzyklanýan taraplaryň talaplaryna we tamalaryna täsir edýän kömekçi prosesleri kesgitlemelidir.

Ýolbaşça prosesleriň netijeli we täsirli ulgam hökmünde hereket edýändigine göz ýetirmek gerekdir. Ýolbaşçy hem önümiň durmuş döwrüniň proseslerine şeýle hem kömekçi proseslere seredip, şu prosesleriň özara täsirini derňemelidir we optimallaşdyrmalydyr.

Aşakdakylara üns bermek gerek:

-işlenýän netijelere täsirli ýetmek üçin yzygiderli we özara täsirli prosesleri taslamaga;

aýratyn prosesleriň özara baglanyşygynyň we olaryň netijeli we täsirli ýerine ýetirilýändiginiň wertifikasiýasy üçin girişleriň we çykyşlaryň monitoringine;

-töwekgelçilikleri kesgitlemäge we menejmente şeýle hem işi gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri peýdalanmaga;

- prosesleriň hemişe gowulanmagyna ýardam edýän maglumatlaryň derňewini geçirmäge;

-prosesleriň ýolbaşçylaryny bellemäge we olara doly jogapkär-çiligi we ygtyýarlyklary bermäge;

- her prosesiň maksatlaryna ýetmek üçin menejmentine;

-gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna.

Ýokary ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak, şeýle hem onuň netijeliligini aşakdakylar arkaly hemişe gowulandyrmak boýunça borçnamalaryň kabul edilendiginiň sabutnamasynyň bolmagyny üpjün etmelidir.

a) sarp edijileriň taraplarynyň şeýle hem kanun çykaryjy we hökmany talaplaryň ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini guramanyň dykgatyna ýetirmek:

b) hil ugurda syýasaty işläp düzmek:

c) hil ugurda maksatlary işläp düzmegi üpjün etmek;

d) ýolbaşçy tarapyndan derňewi geçirmek;
e) zerur serişdeler bilen üpjün etmek

**Gyzyklanýan taraplaryň islegleri we tamalary**

Her guramanyň onuň işine gyzyklanýan taraplary, oalryň her biriniň öz islegleri we tamalary bardyr.

Guramalaryň gyzyklanýan talaplary:

-sarp edijileri we ahyrky peýdalanyjylary:

-guramanyň işgärleri:

-eýeleri maýa goýujylary (paýdarlar, aýratyn adamlar ýa-da toparlar, guramada anyk bähbidi bolan jemgyýetçilik sektory goşmak bilen ýalylar);

-üpjün edijileri we hyzmatdaşlary:

-guramanyň ýa-da onuň önüminiň täsir edýän, dürli birleşikleriň we döwlet gurluşlarynyň görnüşinde jemgyýeti öz içine alýarlar.

**Islegler we tamalar**

Guramanyň üstünligi bar bolan we bolup biljek sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň häzirki we geljekki isleglerine we tamalaryna düşünilmegine we kanagatlandyrylmagyna, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna düşünilmegine we hasaba alynmagyna baglydyr.

Gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna düşünmek we  kanagatlandyrmak üçin gurama;

-öz gyzyklanýan taraplaryny kesgitlemek we olaryň isleglerine we tamalaryna barabar jogap bermek ukyplylygyny saklamak:

-kesgitli islegleri we tamalary talaplara öwürmek;

-talaplary guramanyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmek;

-gyzyklanýan taraplara gymmatlyklary üpjün etmek maksady bilen prosesleri gowulandyrmaga jemlenmek gerek.

-sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň isleglerini we tamalaryny ödemek üçin guramanyň ýolbaşçysy:

-öz sarp edijileriniň, şol sanda bolmagy mümkin sarp edijileriniň isleglerine we tamalaryna düşünmeli
-sarp edijiler we ahyrky peýdalanyjylar üçin niýetlenen önümiň esasy häsiýetnamalaryny kesgitlemeli;
-öz bazarynda bäsdeşlik ýagdaýy kesgitlemeli we baha bermeli;
-bazaryň mümkinçiligini, bäsleşikde gowşak taraplaryny we geljekdäki artykmaçlyklaryny kesgitlemeli.
Sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň guramanyň önüminden isleglerini we tamalarynyň mysallary;
-talaplara laýyklyk;
-ygtybarlylyk;
-ibermek;
-önümiň durmuş döwri gutarandan soň işi;
-durmuş döwrüniň bahasy we gymmaty;
-önümiň howpsuzlygy;
-önümiň hili üçin jogapkärçilik;
-töwerekdäki sreda täsiri.
Gurama öz işgärleriniň olaryň işini iş bilen kanagatlananlygyny, şeýle hem ösüşini ykrar etmekde isleglerini we tamalaryny kesgitlemeli. Şeýle üns işgärleriň doly çekilmegini we has güýçli motiwizasiýasyny üpjün etmäge kömek berýär.
Gurama eýeleriň we maýa goýujylaryň bellenen isleglerine we tamalaryna maliýe we beýleki netijeleri kesgitlemeli.
Ýolbaşça gurama üçin üpjün edijiler bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan iki tarap üçin hem gymmatlyklary döretmek maksady bilen bolmagy mümkin peýdaly hasaba almak gerek. Hyzmatdaşlygy bilelikdäki strategiýanyň, bilimleri alyşmagyň, şeýle hem girdejileriň we zyýanlaryň bölünmegi esasynda esaslandyrmaly.
Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bellenende gurama:
-esasy üpjün edijileri we bolmagy mümkin hyzmatdaşlar hökmünde beýleki guramalary kesgitlemeli;

-sarp edijilerine we tamalaryna aýdyň düşünmäge bilelikde ýetmeli;

-hyzmatdaşlaryň isleglerine we tamalaryna aýdyň düşünmäge bilelikde ýetmeli;

-hemişelik hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini üpjün edýän maksatlary goýmaly.

Gurama jemgyýet bilen öz gatnaşyklaryna seredende:

-saglyk we howpsyzlyk ugurda öz jogapkärçiligini görkezmeli;

-energiýany we tebigy serişdeleri saklamagy goşmak bilen töwerekdäki  sreda täsiri hasaba almaly;

-ulanarlykly kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary barabarlaşdyrmaly;

-öz işiniň, prosesleriň we önüminiň jemgyýete bütinlikde we hususan ýerli jemgyýete häzirki we bolmagy mümkin täsirini barabarlaşdyrmaly.

Sarp edijini nazarlamak

Ýokary ýolbaşçy olaryň kanagatlananlygyny ýokarlandyrmak üçin sarp edijileriň talaplaryny kesgitlemegi we ýerine ýetirmegi üpjün etmelidir.

**Sarp edijiler bilen baglanyşykly prosesler**

Ýokary ýolbaşçy olaryň kanagatlananlygyny ýokarlandyrmak üçin sarp edijileriň talaplaryny kesgitlemegi we ýerine ýetirmegi üpjün etmelidir.

Ýokary ýolbaşça  hil ugurda syýasaty guramany dolandyrmak serişdesi hökmünde onuň işini gowulandyrmak maksady bilen peýdalanmak gerek.

Guramanyň hil ugurda syýasaty guramanyň umumy syýasatynyň we strategiýasynyň deňhukukly we ylalaylan bölegi bolmalydyr.

Hil ugurda syýasat işlenip düzülende ýoakry ýolbaşça:

-guramanyň üstünlikli işi üçin gerek geljekki gowulandyrmalaryň derejesini we görnüşini:

-sarp edijileriň kanagatlananlyklarynyň garaşylýan ýa-da işlenýän derejesini;

-guramanyň işgärleriniň ösüşini:

-beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny;

-TDS ISO 9001 talaplarynyň çäklerinden çykmak üçin zerur serişdeleri;

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň bolmagy mümkin bolan goşantlaryny hasaba almaly.

Hil ugurda syýasat gowulandyrmak üçin peýdalanylyp bilner, eger ol:

-guramanyň geljegi boýunça ýokary ýobaşçynyň çaky we strategiýasy bilen ylalaşýa bolsa;

-bütin guramanyň hil ugurda maksatlaryna düşünmäge we eýermäge mümkinçilik berýän bolsa;

-ýokary ýolbaşçynyň hile we maksatlary gazanmagy meňzeş serişdeler bilen üpjün etmek borçlara yhlaslylygyny tassyklanýan bolsa;

-hile şu yhlaslylygy bütin guramada ýokary ýolbaşçynyň aýdyň baştutanlygynda düşündirmäge kömek edýän bolsa:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan talaplaryň isleglериниň we tamalarynyň kanagatlandyrylmagy bilen baglanyşykly hemişe gowulandyrmagy öz içine alýan bolsa:

-netijeli resmileşdirilen we ähli işgärleriň dykgatyna başarnykly resmileşdirilen bolsa.

Syýasatyň gazanja degişli beýleki görnüşleri ýaly hil ugurda syýaaty döwürleýiň derňemeli.

Guramanyň hil ugurda strategiki meýilnamalaşdyrylmagy we syýasaty hil ugurda maksatlary goýmak üçin esasy üpjün edýärler. Ýokary ýolbaşçy guramanyň işini gowulandyrmaga ugrukdyrylan bu maksatlary işläp düzmeli.

Ýolbaşçy tarapyndan geçiriýän netijeli we täsirli derňewe ýardan etmek üçin maksatnamalary ölçemek gerek.

Bu maksatlar işlenip düzülende ýolbaşçy:

-guramanyň we hyzamat edilýän bazarlaryň hakyky we geljekki zerurlyklaryny;

-ýolbaşçy tarapyndan derňewiň degişli netijelerini;

-önümiň hakyky häsiýetnamalaryny we prosesleriň görkezijilerini

-gyzyklanýan taraplaryň kanagatlanarlyk derejesini;

-öz-özüňe baha bermegiň netijelerini:

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegi; bäsdeşleriň derňewiniň netijelerini, gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri;

-maksatlara ýetmek üçin gerek serişdeleri hasaba almalydyr.

Hil ugurda maksatlary guramanyň işgärleriniň dykgatyna, oalra olary gazanma gatnaşmaga mümkinçilik berer ýaly usul bilen, ýetirmek gerek. Hil ugurda maksatlary ýaýbaňlandyrmak üçin jogapkärçiligi kesgitlemeli. Maksatlary yzygiderli derňemeli we olara zerurlyga görä gaýtadan seretmeli.

## 13. Laýyk däl önümi dolandyrmak

Ýokary ýolbaşça guramanyň işgärlerini laýyk dällikleri öz wagtynda ýüze çykarmak we düzetmek üçin prosesiň islendik döwründe laýyk dällikler hakynda habar bermäge ygtyýarlyklary we jogapkärçiligi bermek, şeýle hem prosesleriň we önümiň talaplara laýyklygyny saklamak şeýle hem prosesleriň we önümiň talaplara laýyklygyny saklamak maksady bilen laýyk dälliklere täsir etmek boýunça ygtyýarlyklary kesgitlemelidir. Gurama laýyk däl önümi barabarlaşdyrmagy, izolirlemegi we gaýtadan peýdalanmagy,

onuň nädogry peýdalanmagynyň öňüni almak üçin, netijeli we täsirli dolandyrmaly.

Tejribe taýdan maksada laýyk bolan ýerde, laýyk dällikleri öwrenmegi, ýeňilleşdirmek we derňew we işi gowulandyrmak üçin maglumatlary üpjün etmek üçin şol bir wagtda olaryň ýerleşýän ýerini görkezmek bilen bellige almak gerek. Gurama şeýle önümiň durmuş döwrüne proseslere, şeýle hem kömekçi proseslere degişli laýyk dällikleri bellige almak we dolandyrmak hakynda çözgüt kabul edip biler.

Gurama şeýle hem işiň barşynda düzedilen laýyk dällikler boýunça bellige alnan maglumata seredip biler. Şeýle maglumatlar prosesleriň neitjeliligini we täsirliligini gowulandyrmak boýunça gymmatly maglumaty berip bilerler.

## 13.1. Laýyk dällikleri derňemek we olary düzetmek

Guramanyň ýolbaşçysy ýüze çykaran laýyk dälliklerininiň derňewini geçirmegiň we düzetmegiň netijeli we täsirli prosesiniň işlenip düzülmegini üpjün etmelidir. Laýyk dällikleriň derňewini haýsy hem bolsa bir meýilleriň ýa-da olaryň ýüze çykmagynyň üns talap edýändigini kesgitlemek maksady bilen ygtyýarly adamlaryň geçirmegi gerek. Ýaramaz meýiller olary gowy tarapyna üýtgetmeler, şeýle hem haçan olary azaltmak we zerur serişdeleri çekmek boýunça meseleler maslahatlaşylan wagtynda ýolbaşç tarapyndan derňew üçin giriş maglumatlar hökmünde seredilýärler.

Derňewi amala aşyrýan işgärlerde laýyk dällikleriň umumy täsirine baha bermek üçin başarjaňlyk, şeýle hem laýyk dällikleri düzetmek we amatly düzediji hereketleri kesgitlemek boýunça ygtyýarlyklary we serişdeleri bolmalydyr. Laýyk dällige düzetmegi tassyklamak sarp edijileriň şertnama ýa-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaby bolup biler.

Maglumatlaryň derňewi:

a) sarp edijileriň kanagatlananlygy;
b) önüme talaplara laýyklygy;

c) duýduryjy hereketleri geçirmegiň mümkinçiligini goşmak

bilen prosesleriň we önümiň häsiýetnamalary we meýilleri:

d) üpjün edijiler boýunça maglumaty bermelidir.

## 14. Önümiň hilini toplumlaýyn ulgam bilen ýokarlandyrmak

Hiliň gowulanmagy üçin, kärhananyň ykdysady görkezijileri, täze maksada – laýyk usullary tapmak, maddy we zähmet resurslaryny önümiň hilini, effektiwligini ýokarlandyrmakda ulanylmaly.

Toplumlaýyn ulgam bilen önümiň dolandyrmak birleşiginiň şertlerine görä, ylmy – tehnologiki ösüşden ugur alyp, önümçiligiň, effektiwliligini sosial – ykdysady taýdan ösdürilmegini häsiýetlendirýär. Bu meýilnamada kärhananyň

önümi çykarlanda ösüş göwrümine görä, ýokary kategoriýasy hilli önümi öndürmek göz öňünde tutulýar.

Toparlaýyn meýilnamalar guramaçylyk – tehnologiýa we ideologiki üpjünçiligi toplumlaýyn ulgamy bilen önümiň hilini dolandyrmak birleşige seredilmeli. Takyk çäreleriň meýilnamalaryň soňky derejelerini häsiýetlendirilmeli.

Hojalyk hasabyndaky ulgamlar sehleriň, uçastoklaryň, brigadalaryň hojalyk hasap görkezijisini aňladýar. Döwlet meýilnamasynyň esasynda zawod, kärhanalarda her bir işçisi üçin berilýän işleri. Meselem, sehlerde önümiň göwrümi, nomenklaturasy, zähmet öndürijiligi, hil görkezijileri, brigadada çykarylýan önümiň göwrümi, ilkinji önüm derejesi degişli, zawodlarda her adam özüniň işini gowy derejede ýerine ýetiren ýaly derejede bilmelidirler.

Zawod bölümleriniň arasynda hojalyk hasap gatnaşyklary, maddy meýilli meseleler, netijelere baha bermek bilen häsiýetlendirilýär. Brigada usullary kärhananyň toparlaýyn meýilnama geçmegini üpjün edýär. Berlen meseleleri işçi sanynda üpjün etmeli, öndürijilik kuwwatlylygy, kollektiwe kärhanany dolandyrmak üçin işçileri çekmek, maddy we zähmet resurslary, umumy zähmetiň netijesine işçileriň jogapkärçiliginiň gyzyklanmasyny ýokarlandyrmaly. Ulgamyň işlenilinmeginde, ylmy, usullary girizmek arkaly, ýerine ýetiriji zähmet hilini bahalandyrýar. Ähli ulgamlar bir ugra zähmet hiline öňe sürýär. Bütinleýin alnanda, kollektiwde zähmet hilini integral bahalanmada eýe bolmaly. Şeýlelikde, zähmet hilini esasy şertlerde geçirýär. Önümçilik meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi, önümiň hiliniň ýokarlanmasy, öndürijiligiň effektiwliligi, howpsuzlyk tilsimatly boýunça talaplar, zähmet tertibini ýerine ýetirmek, hünärçilik derejesini ýokarlandyrmak.

Kompleks ulgamynyň ösmegi maddy resurslaryň gaýtadan işlemesinde, operatiw hasaba alyşda, maddy önümleri EHM – ň täze tehnologik proseslerinde we enjamlarda maddy resurslaryň ulanylyşyny üpjün etmeli.

## 15. Sertifikasiýa ulgamy. Sertifikatlaşdyrmagyň görnüşleri

Sertifikatlaşdyrma ulgamy alyjylaryň jan saglygyny, hili pes harytlaryň bolmazlygyny, önümleri daşary ýurda çykarmaga we bäsleşige ukybyny ýokarlandyrmaga täsir edýär. Sertifikatlaşdyryş - önümleriň we hyzmatlaryň hiliniň ýokary

derejede bolmagynyň, olaryň diňe bir öz ýürdynda däl-de eýsem dünýä bazarynda geçginli bolmagynyň girewidir. Sertifikatlaşdyrma - munuň özi önümiň bellenen talaplara laýyk gelýänligini subut etmek - tassyklamak barada geçirilýän işdir.

Hökmany sertifikasiýa – munuň özi standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna, ýagny adamlaryň jan saglygy, raýatlaryň emlägi hem-de daşky gurşaw, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hili üçin şol önümiň howpsuzlygyny üpjün edýän talaplara laýyk gelmegi barada sertifikatlanmagydyr. Hökmany sertifikasiýa edilmegi önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) nomenklaturasy Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan tassyklanýar. Türkmenistana getirilýän we eksport edilýän önümleriň hemmesi hökman sertifikasiýa edilmäge degişlidir. Sertifikasiýany işlenip taýýarlanan kadalara we özleriniň ygtyýarlygyna laýyklykda sertifikasiýa baradaky edaralar geçirýär.

Önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýasy geçirilende, sertifikasiýa baradaky edaranyň çykaran karary onuň bolan mahalynda, arza berene, laýyklyk sertifikaty berilýär, bu bolsa şol önümi önümiň we hyzmatlaryň sertıfıkasiýa baradaky döwlet edarasy tarapyndan bellenen tertipde Laýyklyk belgisi bilen bellenmäge hukuk berýär.

Sertıfıkasıýa ulgamynda ulanylýan laýyklyk belgileri, şeýle hem Milli laýyklyk belgisi sertıfıkasiýa baradaky döwlet reýestirinde bellige alynýar.

Sertifikatlaşdyryş işi öndürijiniň we satyn alyjynyň arasyndaky aragatnaşygynyň zynjyryny utgaşdyrýar. Islendik söwda aragatnaşyklar öndürijiniň we sarp edijiniň ortada bolmaklygyny göz öňünde tutýar. Öndüriji üçin sartifikatlaşdyryş onuň öz hil üpjinçilik ulgamyna goşmaça hyzmat edýär. Sarp ediji üçin ol öndürijini barlamagyň garaşsyz usuly bolup hyzmat edýär. Şeýlelikde önümiň sertifikatlaşdyrylmagy öndüriji hem sarp ediji üçin çäksiz peýdalydyr, sebäbi ol söwdanyň ösmegine ýardam edýär we

gatnaşýan taraplaryň arasyndaky jedelleri aradan aýyrýar.Öndürijiniň we sarp edijiniň özara gatnaşyklarynyň nukdaý-nazaryndan sertifikatlaşdyryşyň maksady öndürijiniň önüminiň hiliniň ýokarlanmagynda, iň bolmanda ulanylýan standartyň talaplaryna çenli, sarp edijiniň bolsa standartyň talaplaryna laýyk gelýän önüm bilen üpjün etmekde goramaga mümkinçilik döredýänligi şundan gelip çykýar.

2. Sertifikatlaşdyrmagyň maksatlary:

- ✓ Türkmenistanyň bir bitewilik haryt bazarynda kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we telekeçileriň iş alyp barmagy üçin , şeýle hem halkara ykdysady , ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga hem-de halkara sowdasyna gatnaşmak üçin şert döretmek
- ✓ alyjylaryň önümi saýlap almagyna ýardam etmek
- ✓ alyjylary betniýet taýýarlaýjylardan goramak
- ✓ önümiň daşky gurşaw üçin , adamlaryň jany, saglygy hem emlägi üçin howpsuzlygyna gözegçilik etmek
- ✓ önümiň hil görkezijileriniň taýýarlaýjynyň arza berşini laýyk gelýänligini tassyklamak

Sertifikatlaşdyrmak – önümiň ýa-da hyzmatyň standartyň talaplaryny laýyklygyny abraýly we adalatly edaranyň rasminamasy bilen kepillendirilýär. Türkmenistanyň we dünýäniň ähli ýerleriniň tejribesinde sertifikatlaşdyrmagyň aşakdaky üç görnüşi ýygy-ýygydan ulanylýar:

- önümiň tapgyrlarynyň sertifikatlaşdyrylyşy – arza beriji sartifikatlaşdyrmak boýunça edara ýüz tutýar we önümiň görkezilen mukdaryna sertifikat alýar
- önümçiligi ýa-da hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak – kärhananyň arzasy boýunça onuň sandata laýyk gelýän durnukly önüm öndürmek mümkinçiligini we taýyn önüme synaglaryň netijesinde laýýklyk belgisini ulanmaga mümkinçilik berýär (önümiň tapgyrlaýyn sertifikatlaşdyrylmasy aradan aýrylýar)

- hil ulgamynyň seifikatlaşdyrylyşy – ähli tehnologik alamatlary we taýyn önümiň barlagyny öz içine alýan kärhananyň hil ulgamynyň standartynyň talaplaryna laýyklygy, şeýle hem öz-özüni kämilleşdirmek we ulgamyň ösüş mümkinçiligi barlananda önüme laýyklyk belgisini ulanmaga ýol berýär.

Her bir edara, her bir kärhana we aýry-aýry adamlar öz harytlarynyň we hyzmatlarynyň diňe bir öz ýurdunda däl-de, eýsem dünýä bazarlarynda geçginli bolmagyny isleýär. Onuň üçin bolsa harytlaryň we hyzmatlaryň, prosesleriň diňe öz ýurdynda geçirilen sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeli bolmagy bilen çäklenmän, eýsem ulgam boýunça geçirilýän sertifikatlaşdyryş işleriniň daşary ýurtlarda hem ykrar edilmegini gazanmak gerek bolýar. Sertifikatlaryň we laýyklyk nyşanlaryň daşary ýurtlarda ykrar edilmegini gazanmak üçin bolsa, olary düzmek işlerini hereket edýän halkara kadalaryna we düzgünlerine doly laýyklykda alnyp barylmaly.

Biziň ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidenti 1993-njı ýylyň Gurbansoltan aýynyň 8-ki Karary bilen “Döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamy. Esasy düzgünler” tassyklandy we güýje girizildi. Sertifikatlaşdyryş ulgamy özbaşdak tärleri, düzgünleri we laýyklyk sertifikatyny bermek üçin ugurlary bolan ulgamdyr. Sertifikatlaşdyryş ulgamynyň esasy maksatlary we ýörelgeleri alyjylaryň jan saglyklary, şeýle hem daşky gurşaw üçin howply bolmagy mümkin bolan, ýaramaz hilli harytlary almakdan saklamakdan, önümleri daşary ýurda çykarmaga we bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmaga täsır etmekden ybaratdyr. Hut şu nukdaý-nazardan hem Sertifikatlaşdyryş ulgamynda gyzyklanýan kärhanalaryň we aýry-aýry adamlaryň ulgamdaky alnyp barylýan işler, şol sanda akkreditirleýiş we sertifikatlaşdyryş işiniň netijeleri hakyndaky habarlary erkin we aňsat almaklary göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde hem, olaryň täjirçilik syryny düzýär, habarlarynyň ýaşyrylmagyny. Eger-de ulgamda sertifikatlaşdyryş işine akkreditirlenen birnäçe edara bar bolsa

talapnama beriji bu edaralaryň islegi boýunça sertifikatlaşdyryş işlerini geçirip biler.

Sertifikasiýa baradaky edara:

- önümi sertifikasiýalaýar we sertifikat berýär
- öz beren sertifikatyny ýatyrýar
- zaýawka berijiniň talap etmegine görä, oňa zerur maglumatlary berýär

Türkmenistanyň territoriýasynda ýerleşýän taýýarlaýjylar we satyjylar aşakdakylara borçlanýar:

- önümi diňe ykrar edilen sertifikat bilen ýerlemäge
- kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýýk getirmek üçin sertifikasiýalanan önüm ýerlenende şol önümiň şol kadalaşdyrylan resminamalarynyň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge
- sertifikasiýalanan önümiň resminamalaryna ýa-da öndürmegiň tılsimat prosesine girizilen üýtgeşmeler hakynda bellenen tertipde sertifikasiýa barada edara mälim etmäge.

Sertifikatlaşdyryş synaglaryny geçirmek, sertifikatlary bermek we hasaba almak boýunça işleri guramaklyk “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugyna tabşyryldy

Önüme (işlere,hyzmatlara) sertifikatlaşdyryş geçirilip, sertifikatlaşdyryş boýunça edara oňlaýjy karar çykaran ýagdaýynda arza berijä önümi we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edarasy tarapyndan bellenen tertipde önümi Laýyklyk belgisi bilen belliklemäge hukuk berýän Laýyklyk sertifikaty berilýär. Önümiň laýyklyk belgisi bilen bellenilmesi

- önüme geçirilen şekillendirmäni, gaby (gaplamany) ugradyjy tehniki dokumenti
- önüme berkidilen laýyklyk belgisini şekillendirmek bilen ýörite taýýarlanan önümi ( önüm - laýyklyk belgisiniň şekillendirmesini göterijisidir)

Öndürilýän önüme kanun tarapyndan bellenilen talaplaryň ählisine laýyk gelýänligi barada döwledimiziň kepili hökmünde TDS milli laýyklyk belgisini geçirmäge hukuk

berilýär. Onlukda milli laýyklyk belgisiniň ölçeglerini taýýarlaýjy we sertifikatlaşdyrylan önümi (hyzmatlary) üpjin ediji, şeýle hem sertifikatlaşdyrylan önümçiligi ulanýan kärhana we edara ýolbaşçylarynyň saýlap alýanlygyny bellemek zerur. Laýyklyk setifikatynyň herekedi togtadylanda Milli laýyklyk belgisini belliklemäge ýol berilmeýär.

Sertifikatlaşdyryş işlerine gatnaşýanlaryň her biri bu iş üçin bellenen tertipde jogapkärçiligi çekýär. Munda önümi taýýarlajy öz önümini sertifikatlaşdyrýan halatynda laýyklyk nyşanynyň dogry ulanylyşyny, satyjy öz satýan harydynyň sertifikatly we laýyklyk nyşanly bolmagyny, synag barlaghanasy synagda alynan netijeleirň ynamdar adatly bolmagy, sertifikatlaşdyryş edara bolsa, laýyklyk sertifikadynyň dogry berilmegi üçin aladalanýar.

Ulgamda sertifikatlaşdyryş işleri döwletara, döwlet standartlaryna we beýleki kadalaşdyryjy resminamalara, şol sanda Türkmenistanda bellenen tertipde herekede girizilen halkara we beýleki ýurtlaryň milli standartlaryna laýyklykda alnyp barylýar. Sertifikatlaşdyryş baradaky edaralar, synag barlagnamalar we ekspert-auditorlar ( şol sanda daşary ýurlaryňky hem) akkreditirleýiş attestaty bilen kesgitlenilýär. Olaryň işine inspektorçylyk gözegçiligi “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy alyp barýar. Eger-de, akkreditirleýiş, attestasiýalaşdyryş we sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeleri bilen bagly haýsydyr bir näsazlyklar ýüze çyksa, olara “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy tarapyndan sertifikatlaşdyryş baradaky edaralaryň, alyjylyr jemgyýetleriniň wekillerini çekmek bilen döredilen attestasiýalaşdyryş topar seredýär.

Döwlet sertifikasiýa ulgamyna gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary.

Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy ähli eýeçilik görnüşine degişli kärhanalary barlaýar hem – de onuň önüm işlenip taýýarlananda, öndürelende, bejerilende, daşalanda, saklananda we ulanylanda standartlaryň we

talaplaryň hem – de tehniki şertleriň we sertifikasiýa şertleriniň bozulmagyna ýol berlenligi üçin, aşakdakylara haky bardyr:

- düzgüni bozmalary düzetmek hakynda görkezme bermäge;
- düzümindäki himiki we beýleki zyýanly maddalar bellenen kadala birnäçe esse artyk bolan önümi almaga we ýok etmäge;
- düzgün bozma gaýtadan ýol berilse, önümçiligi, önümiň ýerlenilmegini, ulanylmagyny togtatmaga laýyklyk sertifikatyny bermezlige ýa – da onuň hereketiniň güýjüni hem – de laýyklyk belgesini ulanmak hukugyny ýatyrmaga;
- jerime salmaga, ykdysady temmi bermäge;
- sertifikasiýa edaralaryň we synag laboratoriýalaryny akkreditirlemek hem – de olara işleriň belli bir görnüşini geçirmek üçin lisenziýa bermäge;
- sertifikasiýa gatnaşyklarynyň we obýektleriniň döwlet reýestrini döretmäge;
- daşary ýurt sertifikatlaryny ykrar etmek kadasyny bellemäge;
- sertifikat edaralaryny, synag laboratoriýalaryny akkreditirlemek hem–de sertifikasiýa boýunça iş geçirmek üçin lisenziýa bermek kadalaryny bellemäge;
- sertifikasiýa kadalarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini etmäge;

Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy aşakdakylara borçludyr:

- Türkmenistanyň kanunlaryny, kärhanalaryň we raýatlaryň hukuklaryny berjaý etmäge;
- Standartlary we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň, talaplaryny kärhanalaryň we raýatlaryň berjaý edişine döwlet gözegçiliginiň netijeli ýerine getirilmegini üpjün etmäge.

Sertifikasiýa baradaky edara:

- önümi sertifikasiýalar we sertifikat berýär;
- öz beren sertifikatlaryny ýatyrýar;

- zaýawka berijiniň talap etmegine görä, oňa zerur maglumatlary berýär;

Türkmenistanyň territoriýasynda ýerlenilýän taýýarlaýjylar, satyjylar aşakdakylara borçlydyrlar:

- önümi diňe ykrar edilen sertifikat bilen ýerlemäge;
- kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk getirmek üçin sertifikasiýalanan önüm ýerlerinde, şol önümiň şol kadalaşdyrylan resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge;
- sertifikasiýalanan önümiň resminamalaryna ýa – da öndürmegiň tilsimat prosesine girizilen üýtgetmeler hakynda bellenen tertipde sertifikasiýa barada edara mälim etmäge;

## 16. Gözegçilik

**Gözegçilik** - bu kärhananyň öňde goýan maksadyna ýetmegini üpjün edýän işleriň toplumydyr. Kärhananyň üstünlikli işlemegine gözegçiligiň täsiri uludyr. Gözegçiligiň ýok ýerinde tertipsizlik döreýär, toparlaryň, işgärleriň özara gatnaşyklaryny netijeli utgaşdyrmak mümkin bolmaýar.

Piter Druker gözegçilik we işiň ugruny kesgitlemek şol bir zatdyr diýip belleýär, ýagny gözegçilik kärhananyň işleriniň

aýrylmaz düzüm bölegidir. Çünki kärhananyň maksady, oňa görä taýýarlanan meýilnamasy we onuň guramaçylygy, işleriniň ugryny kesgitleýär, kärhananyň ähli güýçlerini şol ugurdaky işleri ýerine ýetirmäge gönükdirilýär.

Täze ornaşdyrylan düzgünnamalara, görkezmelere, goşmaça hukuklara we borçlara degişlilikde işgärleriň garaýyşlaryny çaklamaga zerurlyk döredýär. Ýokardaky beýan edilen näbelli ýagdaýlary öwrenmäge gözegçilik kömek berýär. Kärhananyň içki ýagdaýyny öwrenmek bilen ýüze çykarylan kemçilikler we meseleler öz wagtynda düzedilmese ýa-da çäzülmese, onda biri-biri bilen utgaşyp, geljekki ýagdaýlara täsir edýär.

Gözegçilik funksiýasy kärhanada çylşyrymly meseleleri ýüze çykarmaga we olary düzetmäge kömek edýär. Bu meseleleri öz wagtynda çözmek bilen kärhanada batymly ýagdaýyň döremeginiň öňi alynýar. Kärhananyň öz goýberýän ýalňyşlaryny aýan edip bilmek we öňde goýlan maksada zyýan ýetirmez ýaly olaryň öňüni almak gözegçiligi amala aşyrmagyň mähüm şertiniň biridir. Üstünligi goldamak gözegçiligiň oňat taraplarynyň biri bolup durýar. Hakyky ýetilen sepgitleri meýilnamadakylar bilen deňeşdirip, kärhananyň ýolbaşçysy üstünlikleri we kemçilikleri anyklamaga mümkinçilik alýar. Başgaça, kärhanany üstünlige getirmäge ýardam beren netijeli ugurlary kesgitlemek gözegçiligiň mähüm tarapynyň biridir.

Dolandyryjy üstünlikleri we şowsuzlyklary kesgitlemek bilen kärhananyň birsyhly üýtgäp duran daşky gatnaşyklarynyň bildirýän talaplaryna çalt uýgunlaşdyrmaga mümkinçilik alýar hem-de kärhanany maksada ýetirmek üçin ýokary depginleri üpjün edýär.

Gözegçiligiň ýaýbaňlygy, onuň ähli işleri gurşap almaga ukyplydygyny aňladýar. Gözegçilik menejmentiň (dolandyryşyň) ähli funksiýalarynyň işlerini hasaba alýar, şonuň üçin ol ýiti we çylşyrymly häsiýete eýe bolýar. Gözegçilik diňe dolandyryjylar tarapyndan amala aşyrylmaýar, ony dürli derejedäki ýolbaşçylar ýerine ýetirýärler, olar

gözegçilige öz wezipe borçlarynyň aýrylmaz düzüm bölegi hökmünde garaýarlar.

Gözegçilik menejment (dolandyryş) toplum işleriniň baş aňlatmasydyr. Menejmentde (dolandyryşda) ähmiýetliligi boýunça belli funksiýalary, meýilnamany, guramaçylygy, zähmete höwes döretmegi gözegçilikden üzňelikde göz öňüne getirmek mümkin däldir.

Kärhanada gözegçilik üç görnüşde ulanylýar, olaryň görnüşleri aýry-aýry bolsa hem maksatlary umumydyr, ýagny alynýan netijeleriň göz öňünde tutulýan talaplara laýyk gelmegine ýardam berýärler. Gözegçiligiň görnüşleri diňe ýerine ýetirilýän wagty boýunça tapawutlanýarlar.

Deslapky gözegçilik, adatça, kesgitlenen syýasat, kararlar we tertip-düzgünler görnüşde amala aşyrylýar. Ilkinji nobatda zähmet, maddy serişdelere baglylykda ulanylýar.

Deslapky gözegçilik zähmet serişdeleriniň işewürlik, hünärlilik derejelerini hem-de endiklerini giňişleýin seljermegi talap edýär. Bu talaplar wezipe borçlaryny doly derejede ýerine ýetirmek we taýýarlykly, hünärli işgärleri saýlap almagy nazarda tutýar. Öz borçlaryny berjaý etmäge ukyply işgärleri saýlap almak üçin, şu işde bilimiň ýa-da iş tejribäniň iň kiçi derejesi kesgitlenilýär, şeýle hem, işe girýäniň (hakyna tutulýanyň) resminamalary, hödürnamalary barlanyp görülýär. Kärhana has başarjaň, sowatly işgärleri hakyna tutulýanlaryň arasyndan saýlap almak hem-de degişli zähmet hakynyň möçberini adalaty kesgitlemek üçin köpsanly söhbetdeşlikleri guraýarlar, psihologiýa görnüşli barlagnamalary ulanylýar.

Maddy serişdeler hem hökmany suratda deslapky gözegçilige sezewar edilýär, çünki, mälim bolşy ýaly, ýaramaz çig maldan oňat hilli önümi taýýarlamak mümkin däldir. Gözegçilik hiliň aşaky derejesiniň standartlaryny işläp taýýarlamak we ulanmaga degişli çig malyň şu talaplara laýyk gelýänligini deňeşdirmek bilen amala aşyrylýar.

Maliýe serişdelerine deslapky gözegçilik býujeti ulanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Býujet gözegçiligiň usuly bolmak bilen

bir hatarda talap edilýän maddy serişdeleriň öz wagtynda alynmagyny üpjün edýär. Mundan başga-da, býujet hatajatlaryň çäklerini kesgitlemäge we onuň üsti bilen serişdeleri zerurlyk dörän wagtda almaga mümkinçilik berýär.

Gündelik gözegçilik iş wagty geçirilýär, ol ýolbaşçynyň gönümel öz tabynlygyndaky işgärine edýän gözeçiligini aňladýar. Tabynlykdaky iögäriň işini birsyhly barlamak hem0de onuň netijesinde ýüze çykarylan meseleleri, teklipleri ara alyp maslahatlaşmak. öňde duran wezipeleriň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün edýär.

Menejment (dolandyryş) işgärlere gözegçiligi amala aşyrmak üçin yzyna gaýdyş baglanyşygy peýdalanylýar. Ýolbaşçy-dolandyryjy birsyhly şu ulgama täsir edip, öňde goýlan maksada hem-de onuň ýerine ýetirilişine zerur üýtgeşmeleri girizilýär. Öňde goýlan maksada ýetmek üçin bu ulgam daşky we içki gatnaşyklar boýunça ýüze çykarylan gyşarmalara öz garaýşyny aýan edýär. Içki gatnaşyklara guramaçylygyň düzüm gurluşy, maksat, wezipeler, tehnologiýa we işgärler bilen bagly meseleler degişlidir. Daşky gatnaşyklara bäsdeşlik, kanunlar, tehnologiýadaky ütgeşmeler, umumy ykdysady ýagdaýyň hem jemgyýetiň gymmatlyklarynyň üýtgemegi we başgalar degişlidir.

Jemleýji gözegçilik ýerine ýetirilýän iş ýa-da oňa berlen möhlet tamamlanylandan soň amala aşyrylýar. Gözegçiligiň çäklerinde hem yzyna gaýdyş baglanyşyk ulanylýar. Gözegçilik iki möhüm funksiýadan ybaratdyr. Olaryň birinjisi – häzirki wagtdaky ýaly geljekde hem meňzeş işleri geçirmek göz öňünde tutulan ýagdaýynda jemleýji gözegçilik kärhananyň ýolbaşçylaryna meýilnama düzmek üçin maglumatlary berýär. Alnan netijeleri göz öňünde tutýan görkezijiler bilen deňeşdirip, düzülen meýilnama görä, laýyklyk derejesi kesgitlenilýär, şeýlelik bilen, ýolbaşçylar meýilnama dürs baha bermäge mümkinçilik alýarlar. Bu çäre, şeýle hem, ýüze çykýan meseleler hakyndaky maglumaty almaga we geljekde täze meýilnamany düzmäge mümkinçilik

berýär. Ikinji funksiýa zähmete höwesi döretmäge ýardam berýär. Ýagny kärhananyň ýolbaşçylary zähmete höwes dörediji sylaglary alynjak netijeler bilen baglaşdyran halatynda, ýetilmeli sepgidi takyk hem-de obýektiw ölçemäge zerurlyk döredýär.

Gözegçiligi alyp barmak üç dürli tapgyrlary: standartlary işläp taýýarlamak, olary hakyky alnan netijeler bilen deňeşdirmek hem-de degişli zerur düzediş çäreleri kabul etmekligi öz içine alýar.

Gyşarmalary düzetmek gözegçilik ulgamynyň möhüm işleriniň biridir, bu ulgam gyşarmalary çylşyrymly derejä ýetirmezden ozal olary düzetmäge ukyply bolmalydyr. Düzedişiň düýp manysy gyşarmanyň sebäbine düşünmegi we ýerine ýetirilýän işi dogry ugra gaýtaryp getirmegi aňladýar.

Standartlara täzeden seretmek meýilnama girizilýän üýtgeşmelere baglylykda geçirilýär. Standartlar meýilnamalara esaslanýarlar, şonuň üçin hem meýilnama durmuşdan üzňe ýagdaýynda bolmaly däl. Gözegçiligiň strategiýa häsiýetli bolmagy ony anyk netijelere gönükdirmäge mümkinçilik berýär, onuň öz wagtynda geçirilmegi netijeliligi ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

**Goşundy A**



TÜRKMENISTANYŇ SERTIFIKATLAŞDYRYŞ ULGAMY

LAÝYKLYK SERTIFIKATY

СЕРТИФИКАТ СООТВЕТСТВИЯ

№ TM 795.

Sertifikat degişli görnüşde identifisirlenen

XXX M-400 D-0 we D-20 markaly portlandsement XXX

TDS-10178-85

bellenen talaplara laýyk gelýändigini kepillendirýär.

Sertifikat

XXX Jemi D-0- 398,0 tonna we D-20- 134,0 tonna XXX

**Goşundy B**



Türkmenistanyň Döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamy
Государственная система сертификации Туркменистана

HIL ULGAMYNYŇ LAÝYKLYK SERTIFIKATY
СЕРТИФИКАТ СООТВЕТСТВИЯ СИСТЕМЫ КАЧЕСТВА

TDS ISO 9001

№ TM 795.3.0011

2004 ý. Gurbansoltan aýynyň «20» Sertifikatlaşdyryş ulgamynyň Döwlet reýestrinde hasaba alyndy.

Berildi Türkmenabadyň S.A.Nyýazow adyndaky himiýa kärhanasy
Выдан Туркменабатскому химическому предприятию имени С.A.Ниязова

Türkmenabad ş. г.Туркменабат

Şu güwänama Türkmenabadyň S.A.Nyýazow adyndaky himiýa kärhanasynyň aşakda görkezilen önümleriniň öndürilişiniň TDS ISO 9001-2002 hil menejmentiniň ulgamyndaky bellenen talaplara laýyk gelýändigini tassyklaýar: düwürlenen ammoniý superfosfaty, tehniki arassalanan alýuminiň sulfaty, tehniki kükürt kislotasy.

Настоящий сертификат удостоверяет, что система менеджмента качества при производстве нижеперечисленной продукции Туркменабатского химического предприятия имени С.А.Ниязова соответствует требованиям TDS ИСО 9001-2002: суперфосфата аммонийного гранулированного, алюминий сульфата технического очищенного, кислоты серной технической.

Ulgama Milli laýyklyk nyşany goýşarylýar.
Системе присваивается национальный знак соответствия

Sertifikat «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullygy tarapyndan berildi

Сертификат выдан Главной службой «Туркменстандартлары»

«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullygynyň başlygy
B.Hasanow

Baş döwlet auditor
B.Lukmanow

M.Ý.

Aşakda görkezilen möhlete çenli hereket edýär

«20» Gurbansoltan 2007 ý.

«__» ______ 200_ ý.

«__» ______ 200_ ý.

Wizasyz güýjüni ýitirýär.
Resminama düzediş girizmek bolmaýar.

**Goşundy Ç**


SGS
ISO
9001
ISO
14001
TÜRKMENBAŞY TEKSTİL
KOMPLEKSİ
OHSAS 18001:1999
WRAP
WORLDWIDE RESPONSIBLE
APPAREL PRODUCTION

**Goşundy D**


TDS ИСО 9000-2002
Ulgam (3.2.1)
Özara baglanyşykly we özara täsirli elementleriň toplumy
Menejment (3.2.6)
Gurama ýolbaşçylyk etmek we ony dolandyrmak boýunça utgaşdyrylan iş
Ýokary ýolbaşçy (3.2.7)
Guramanyň işiniň ugruny we dolandyrylmagyny ýokary derejede amala aşyrýan adam ýa-da işgärleriň topary
Menejmentiň ulgamy (3.2.2)
Syýasaty we maksatlary işläp düzmek we şol maksatlara ýetmek üçin ulgam
Hil ugurda syýasat (3.2.4)
guramanyň hil ugurda ýokary ýolbaşçy tarapyndan resmi kesgitlenen umumy niýeti we işiniň ugry
Hil menejmentiniň ulgamy (3.2.3)
Gurama hile baglylykda ýolbaşçylyk etmek we ony dolandyrmak üçin menejmentiň ulgamy
Hil menejmenti (3.2.8)
Gurama hile görä ýolbaşçylyk etmek we ony dolandyrmak boýunça utgaşdyrylan iş
Hil ugurda maksatlar (3.2.5)
Hil ugurda gazanylýan ýa-da ymtylynýan zat
Hemişe gowulandyrmak (3.2.13)
Talaplary ýerine ýetirmek ukyplylygy ýokarlandyrmak boýunça gaýtalanýan iş
Hili meýilnamalaşdyrmak (3.2.9)
Hil menejmentiniň hil ugurda maksatlary bellemäge ugrukdyrylan we önümiň durmuş döwrüniň zerur amal proseslerini we hil ugurda maksatlara ýetmek üçin degişli serişdeleri kesgitleýän bölegi
Hili dolandyrmak (3.2.10)
Hil menejmentiniň hile talaplaryň ýerine ýetirilmegine ugrukdyrylan bölegi
Hili üpjün etmek (3.2.11)
Hil menejmentiniň hile talaplaryň ýerine ýetiriljekdigine ynamlylygy döretmek üçin ugrukdyrylan bölegi
Hili gowulandyrmak (3.2.12)
Hil menejmentiniň hile talaplaryň ýerine ýetirilmek ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ugrukdyrylan bölegi
Netijelilik (3.2.14)
Meýilnamalaşdyrylan işiň ýerine ýetirilişiniň we meýilnamalaşdyrylan netijeliligiň gazanylyşynyň derejesi
Täsirlilik (3.2.15)
Gazanylan netijäniň we peýdalanylan netijeleriň arasyndaky arabaglanyşyk

**Goşundy E**


TDS ИСО 9000-2002
Talap (3.1.2)
Adatça çak edilýän ýa-da hökmany bolan bellenilen isleg ýa-da tama
Şikes (3.6.3)
Çak edilýän ýa-da bellenen peýdalanylmagy bilen bag lanyşykly talabyň ýerine ýetirilmezligi
Laýyk dällik (3.6.2)
Talabyň ýerine ýetirilmezligi
Laýyklyk (3.6.1)
Talabyň ýerine ýetirilmegi
Goýbermek (3.6.13)
Prosesiň indiki döwrüne geçmek üçin rugsatnama
Duýduryjy hereket (3.6.4)
Potensial laýyk dälligiň ýa-da başga potensial işlenilmeýän ýagdaýyň sebäbini aradan aýyrmak üçin görlen hereketler
Düzediji hereket (3.6.5)
Ýüze çykarylan laýyk dälligiň ýa-da başga işlenilmeýän ýagdaýyň sebäbini aradan aýyrmak üçin görülen hereket
Gyşarmak üçin rugsatnama (3.6.11)
Bellenilen talaplara laýyk bolmadyk önümi peýdalanmak ýa-da goýbermek üçin rugsatnama
Çykmak üçin rugsatnama (3.6.12)
Önüme ol öndürilmeziňden öň başlangyç bellenilen talaplardan çykmak üçin rugsatnama
Düzetmek (3.6.6.)
Ýüze çykarylan laýyk dälligi aradan aýyrmak üçin görlen hereket
Laýyk däl önümi gaýtadan peýdalanmak (3.6.10)
Laýyk däl önüm babatda, onuň başlangyç göz öňünde tutulýan peýdalanylmagynyň öňüni almak üçin görlen hereket
Täzeden düzetmek (3.6.7)
Laýyk däl önüm babatda, onuň talaplara laýyk gelmegi üçin, görlen hereket
Yzygiderliligiň peselmegi (3.6.8)
Laýyk däl önümiň, onuň başlangyçlardan tapawutly talaplara laýyk bolmagy üçin yzygiderliligini üýtgetmek
Abatlamak (3.6.9)
Laýyk däl önüm babatda, ony göz öňünde tutulýan peýdalanmak üçin ýaramly etmek üçin görlen hereket

**Goşundy Ä**


TDS ИСО 9000-2002
Kesgitleme
(kesgitlenmedik)
Obýektiw subutnama
(3.8.1)
Haýsy hem bolsa bir zadyň barlygyny ýa-da dogrulygyny tassyklaýan maglumatlar
Derňew (3.8.7)
Seredilýän obýektiň bellenen maksatlary gazanmak üçin ýaramlylygyny, barabardygyny, netijelidigini kesgitlemek üçin görülýän iş
Werifikasiýa
(3.8.4)
Obýektiw subutnamalary bermek arkaly bellenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini tassyklamak
Walidasiýa
(3.8.5)
Obýektiw subutnamalary bermek arkaly anyk çak edilýän peýdalanmak ýa-da ulanmak üçin niýetlenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini tassyklamak
Barlamak
(3.8.2)
Laýyklyga baha bermegiň degişli ölçemeler, synag etmeler ýa-da kalibrlemek bilen alnyp barylýan gözegçilik we pikirlenmeler arkaly kadasy
Synag etmek
(3.8.3)
Bir ýa-da birnäçe häsiýetnamalary bellenen kada görä kesgitlemek

# Edebiýat

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. Mawyýew N. Standartlaşdyrmagyň we metrologiýanyň esasy düşünjeleri. Aşgabat,1997
10. Önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) standartlarynyň we başga-da kadalaşdyryjy dokumentleriň, metrologik üpjünçiligiň, zähmeti we ýerasty baýlyklary goramagy berjaý etmekligiň döwlet gözegçiligini geçirmegiň tertibi, Aşgabat-2000.
11. Hil sözlügi., EOKK-nyň sözlüginiň rusçadan alnan terjimesi.,A şgabat, „Türkmen standartlary“ neşirýaty, 1994, 232 s.

12. TDS ISO 9001-2002. Hil menejment ulgamlary. Talaplar.

13. TDS ISO 9000-2002. Hil menejment ulgamlary. Esasy düşünjeler.

14. Купряков Е.М., Стандартизация и качество промышленной продукции.,М., «Высшая школа», 1985, 288с.

15. Качество продукции, испытания, сертификация. Терминология. Справочное пособие, М.,изд. стандартов, 1989,144с.

16. Круглов М.Г. Менеджмент системы качества.,М.,изд.стандартов 1987.

17. Щадрин А.Д. Пять потребностей, восемь принципов, десять заповедей. Стандарты и качества. 2002, №2, 54 с.

## Mazmuny

Giriş. 7

1. Hil, hili ýokarlandyrmak we dolandyrmak barada ıjeler 10

2. Häzirki zaman hil menejment ulgamlary 12

3. Hil ulgamynyň kadalaşdyrylşy 17

3.1. Hil ulgamy, onuň gurluşy we ähmiýeti 17

3.2. Hil ulgamynyň Halkara ISO standartlary 22

3.3. Hil ulgamynyň standartlary 24

3.4. TDS ISO 9002-2002 wersiýaly halkara standartlary 25

3.5. TDS ISO 9001-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary 29

4. Hil menejment ulgamlary 31

4.1.Hil menejmentiniň ýörelgeleri 35

4.2. Hil maksatnamasynyň düzülişi 36

4.3. Hil menejment ulgamynyň elementleri 37

5. Hil ulgamynyň döredilmegiwe ornaşdyrylmagy 40

6. Önümiň hilini dolandyrmak 42

6.1. Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny dolandyrmak 44

6.2. Önümiň hilini dolandyrmagyň kategoriýalary 49

7. Önümiň hilini ýokarlandyrmagyň ugurlary 51

7.1. Önümiň hiline täsir edýän faktorlar 52

7.2. Statistiki gözegçilik we hili dolandyrmagyň usullary 56

7.3. Dolandyrmagyň prinsipleri 56

8. Önümiň hil görkezijileri 59

9. Önümiň durmuş döwrüniň prosesleri 62

9.1. Prosesleriň menejmenti 64

9.2.Ulgamlaryňwe prosesleriň menejmenti 66

9.3. Resminamalary dolandyrmak 68

10. Serişdeleriň menejmenti 71

10.1. Adam serişdeleri 72

10.2. Infrastruktura 74

10.3. Üpjün edijiler we hyzmatdaşlar 76
11. Hil menejment ulggamynyň barlaglary 79
11.1. Önümleriň we prosesleriň walidasiýasy 79
11.2. Monitoring we Ölçemelr üçin gurluşlary dolandyrmak 81
11.3. Ölçemek, derňemek we gowulandyrmak 82
11.4. Ölçemek we monitoring 84
11.5. Öz-özüňe baha bermek 86
11.6. Içerki auditler 87
11.7. Monitoring we prosesleri ölçemek 88
11.8. Hil menejment ulgamynyň derňewi, öz-özüňe baha bermek 90
12. Ýolbaşçynyň jogapkärçiligi, borçlary 96
13. Laýyk däl önümi dolandyrmak 104
13.1. Laýyk dällikleri derňemek we olary düzetmek 104
14. Önümleriň hilini toplumlaýyn ulgam bilen ýokarlandyrmak 106
15. Sertifikasiýa ulgamy. Sertifikatlaşdyrmagyň görnüşleri 108
16. Gözegçilik 115
Goşundy: 119
Düşünjeleriň baglanşygy (A,B,Ç) 121
Sertifikatlaryň görnüşleri (D,E,Ä) 122
Edebiýat 125
Mazmuny 127